B. Pürliýew, E. Rahmanowa, M. Meläýewa

MAKROYKDYSADYÝET

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 33(575.4)+378
P 90

Pürliýew B. we başg.
P 90 **Makroykdysadyýet**. Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Okuw gollanmasynda makroykdysadyýetiň häzirki zaman wajyp meselelerine özara baglanyşykly derwaýys ugurlar boýunça, ýagny makroykdysadyýetiň umumy esaslaryna, deňagramlylygyna we durnuksyz ýagdaýlaryna, şeýle hem ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyryş mehanizmine seredilýär.

Okuw gollanmasy orta hünär okuw mekdepleriniň ykdysadyýet ugrundan bilim alýan talyplaryna niýetlenilýär, şeýle hem ondan mugallymlar, aspirantlar, hünärmenler, makroykdysadyýetiň wajyp meseleleri bilen gyzyklanýanlar peýdalanyp bilerler.

TDKP № 336, 2016 KBK 65.9(2) ýa 73

© B. Pürliýew we başg., 2017

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

Gaýtalama:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Sözbaşy

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan alnyp barylýan ykdysady syýasatyň iň möhüm ugurlaryna önümçilik toplumlarynyň we durmuş ýaýrawynyň depginli ösdürilmegi, ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy we diwersifikasiýalaşdyrylmagy, bazar mehanizminiň we döwlet kadalaşdyrylyşynyň utgaşdyrylmagy, ýurduň milli hojalygynyň dolandyrylyşynyň kämilleşdirilmegi degişlidir.

Bu ýörelgeler ýurduň ykdysadyýetiniň öňünde täze wezipeleri goýýar, nazaryýetdäki binýatlaýyn düşünjelere gaýtadan çuňňur nazar salmagyň hem-de Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň amaly meseleleriniň çözülmegine täzeçe çemeleşilmeginiň zerurlygyny şertlendirýär.

Ykdysady özgertmeleri amala aşyrmagyň netijesinde hil taýdan bolup geçýän üýtgeşmeler, garyşyk kysymdaky bazar ykdysadyýetine geçilmegi diňe bir ykdysatçylaryň däl, eýsem täze türkmen jemgyýetiniň ähli agzalarynyň kadalaşdyrylýan bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýaşamagy we işlemegi üçin ymykly taýýar bolmaklaryny talap edýär. Şeýlelikde, gysga wagtyň içinde ykdysady pikirlenmäniň täze keşbini kemala getirmek wezipesi öňe çykýar. Bu wezipäni durmuşa geçirmekde «Makroykdysadyýet» atly şu okuw gollanmasy bellibir derejede ýardam edip biler.

Bazar gatnaşyklary köp zatlary düýpgöter üýtgedýär. Bu bolsa ýaş nesliň bilime täzeçe çemeleşmegini talap edýär. Şu okuw gollanmasy taýýarlanylanda jemgyýetdäki, ykdysadyýetdäki döwrebap, täzeçe çemeleşmeler nazara alyndy.

Okuw gollanmasynda ilki bilen makroykdysadyýet ylmynyň predmeti, makroykdysadyýet we mikroykdysadyýet, makroykdysadyýet ylmynyň usullary baradaky düşünjeler berilýär we şonuň ýaly-da bazar ykdysadyýetiniň nusgalary açylyp görkezilýär.

«Makroykdysadyýet» okuw gollanmasynda ýüzlenilýän meseleler goýlan wezipelere laýyklykda, bellibir logiki yzygiderlikde ýerleşdirilendir.

Okuw gollanmasynyň başynda makroykdysadyýetiň umumy esaslaryna, makroykdysady özara baglanyşyklar ulgamyna, milli ykdysadyýete we onuň görkezijilerine, pul we puluň dolanyşygy, nyrh we nyrhlaryň ulgamy, hyrydarlyk we hödürlemek ýaly meselelere seredilýär.

Şeýle hem, okuw maksatnamasynda makroykdysadyýetiň esasy meselesine degişli bolan açyk ykdysadyýetde makroykdysady deňagramlylyk, ykdysady ösüş we olaryň nusgalary açylyp görkezilýär, şonuň ýaly-da maýa goýumlar we hyrydarlygyň goýum konsepsiýasy, zähmet bazary, iş bilen üpjünçilik we işsizlik diýen ýaly ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlary beýan edilýär.

«Makroykdysadyýet» okuw gollanmasynyň jemleýji böleginde ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşy, maliýe ulgamy we salgyt-býujet syýasaty, pul-karz ulgamy we pul-karz syýasaty, döwletiň durmuş syýasaty ýaly meselelere seredilýär.

Şeýlelikde, bu okuw gollanmasy makroykdysadyýetiň nazaryýetini, durnuksyzlygyny we ösüş depginini, kadalaşdyryş mehanizmini öwrenmäge kömek eder. Umuman aýdylanda, bu okuw gollanmasy makroykdysadyýetiň häzirki zaman wajyp meselelerini özünde jemleýär, bu bolsa ýaş nesliň häzirki döwürde bilimli we giň gözýetimli raýatlar bolup ýetişmeklerine ýardam berer.

I. MAKROYKDYSADYÝETE GIRIŞ

§1. MAKROYKDYSADYÝET YLMYNYŇ PREDMETI

Öwrenilýän obýekt hökmünde hem, ylym hökmünde hem makroykdysadyýet baradaky düşünjäni «makroykdysadyýet» diýen sözüň özüniň mazmunyny açmakdan başlalyň. Söz hökmünde «ykdysadyýetiň» iki manysy bar. Eger «ykdysadyýet» sözüniň «hojalyk» we «hojalyk baradaky ylym» diýen iki manysy bar bolsa, onda bu söze goşulýan «makro» sözi grek dilinden terjime edilende «uly», «iri» diýmegi aňladýar. Şeýlelikde, «makroykdysadyýet» «uly hojalyk» we «uly hojalyk baradaky ylym» diýmekligi aňladýar.

«**Makroykdysadyýet**» diýen düşünjäniň has takyk manysy onuň şu aşakdakylary aňladýandygyndan ybaratdyr:

● birinjiden, birikdirilen ykdysady gatnaşyklaryň we ulgamlaryň, birlikleriň, pudaklaryň we olara wekilçilik edýän agregirlenen (birleşdirilen) subýektleriň (firmalar, kärhanalar, maýa goýumçylar, döwlet we ş.m.) arasynda ýüze çykýan baglanyşyklaryň jemi görnüşinde tutuşlygyna alnan milli hojalygy ýa-da milli ykdysadyýeti;

● ikinjiden, «makroykdysadyýet» – bu ykdysady ylmyň öz obýekti hökmünde milli ykdysadyýeti we onuň birikdirilip ulaldylan böleklerini öwrenýän ugrudyr.

Ylym hökmünde makroykdysadyýetiň ulgamlaşdyrylan esaslary iňlis ykdysatçysy J. M. Keýnsiň 1936-njy ýylda çapdan çykan «Iş bilen üpjünçiligiň, göterimiň we puluň umumy nazaryýeti» atly kitabynda goýuldy. Kitap tutuşlygyna alanyňda, bazar ykdysadyýetiniň meselelerine, ony döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň zerurlygyna bagyşlanandyr. Düşünjelilik bilen we maksada gönükdirilip alnyp

barylýan iş hökmünde bazar ykdysadyýetine döwlet tarapyndan täsir etmek meselesi mundan beýläkki nazary taýdan esaslandyrylmagyny we düşündirilmegini talap edipdi.

XX asyryň 50-nji ýyllarynda günbataryň ykdysadyýet ylmynda «Makroykdysadyýet» ugrunyň peýda bolmagy şu zerurlyga jogap bolupdy. Şol wagta çenli ykdysady nazaryýetde häzirki wagtda kabul edilen «Makroykdysadyýet» we «Mikroykdysadyýet» böleklerine takyk bölünme ýokdy. Bu bolsa makroykdysadyýetiň ylym hökmünde, bellibir derejede, ýaş ylym bolup durýandygyna şaýatlyk edýär.

Makroykdysadyýet – bu tutuşlygyna alanyňda milli ykdysadyýetiň hereket edişi baradaky ylymdyr, ykdysadyýetde agregirlenen (birleşdirilen) görnüşde özüni alyp baryş baradaky ylymdyr; ykdysady nazaryýetiň düzüm bölegidir; jemgyýetçilik dersleriniň biridir. Günbataryň ykdysatçylary makroykdysadyýete, ine şular ýaly kesgitlemeleri berýärler.

Makroykdysadyýet anyk maksatlaryň ulgamyny göz öňüne tutýar, bu maksatlar bolsa şu bölekleri öz içine alýar:

1. Milli önümçiligiň ýokary we artýan derejesi, ýagny hakyky jemi içerki önümiň (JIÖ-niň) derejesi.

2. Az möçberde mejbury işsizligiň bolmagynda ýokary derejede iş bilen üpjünçilik.

3. Bahalary we zähmet hakyny erkin bazarlardaky hyrydarlyk hem-de hödürlemäniň özara hereketi arkaly kesgitlemek bilen utgaşykly bahalaryň durnukly ýa-da birsydyrgyn ýokarlanýan derejesi.

Birinji maksat babatynda şuny belläp geçeliň: ykdysady işiň ahyrky wezipesi ilaty harytlar we hyzmatlar bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Milli önümçiligiň jemlenen ölçeýjisi bolup jemi içerki önüm çykyş edýär, ol ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň ählisiniň bazar gymmatyny aňladýar.

Makroykdysady syýasatyň ikinji esasy maksady ýokary derejede iş bilen üpjünçiligi we pes derejedäki işsizligi gazanmak bolup durýar. Işsizligiň derejesi ykdysady aýlanyşyk döwrüniň (aýlawyň) barşynda üýtgäp durýar. Çökgünlik we durgunlyk tapgyrynda işçi güýjüne bolan isleg kemelýär, işsizligiň derejesi bolsa ýokarlanýar. Ykdysadyýetiň dikelýän we ösüş tapgyrynda bolsa işçi güýjüne bolan

isleg ýokarlanýar, işsizlik azalýar. Ýöne ähli adamlaryň mynasyp işe bolan isleglerini kanagatlandyrmak wezipesi çözülmesi kyn mesele bolup durýar.

Üçünji esasy makroykdysady maksat erkin bazarlaryň bolmagynda bahalaryň durnuklylygy bolup durýar. Bahalaryň umumy derejesiniň giň ýaýran ölçeýjisi sarp ediş bahalarynyň indeksi (SEBI) bolup, ol harytlar we hyzmatlar «sebediniň» kesgitlenen toplumyny satyn almak üçin çykdajylary göz öňünde tutýar.

Esasy makroykdysady maksatlaryň gatnaşygy makroykdysady syýasatyň esasy wezipesini görkezýän baş maksady kesgitleýär, ony durmuşa geçirmek iki görnüşde, ýagny aralyk we taktiki makroykdysady maksatlar görnüşinde amala aşyrylýar.

Aralyk maksatlar esasy makroykdysady üýtgeýän ululyklaryň görkezijilerini düzgünleşdirýär, taktiki maksatlar ýurduň milli ykdysadyýetinde özgertmeleri amala aşyrýar.

§2. MAKROYKDYSADYÝET WE MIKROYKDYSADYÝET

Ykdysadyýet ylmynda öwrenilýän obýektleri gurşap alşy, gerimi bilen tapawutlanýan aýry-aýry şahalar, bölekler, bölümler bölünip çykarylýar. Şoňa baglylykda hem seljerişiň we beýan edişiň usullary we peýdalanylýan görkezijiler üýtgäp durýar. Degişlilikde, makroykdysadyýet we mikroykdysadyýet tapawutlandyrylýar.

Makroykdysadyýet ykdysadyýetiň milli toplumyny emele getirýän düzüm bölegi bolup, onda maddy we maddy däl önümçiligiň ähli pudaklary bir bitewi mehanizme organiki halda birigýärler. Ol bitewi ulgam hökmündäki ähli milli hojalygy gurşap alýan ykdysady hadysalary öwrenýär.

Makroykdysadyýetiň öwrenýän meselesi milli baýlyk, jemi milli önüm, jemi içerki önüm, jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberi we ösüş depginleri, döwletiň we hususy bölegiň jemi maýa goýumlary, dolanyşykdaky puluň umumy mukdary ýaly bütin hojalyk boýunça jemleýji, umumylaşdyryjy görkezijilerdir. Şol bir wagtyň özünde hem makroykdysadyýet ortaça girdejiler, ortaça iş haky, ýaşaýşyň derejesi we hili, puluň hümmetsizlenmegi, işsizlik, iş bilen üpjünçilik, zähmet

öndürijiligi ýaly ýurt boýunça ortaça görkezijileri hem öwrenýär we seljerýär.

Makroykdysadyýet ykdysadyýetiň ähli aşaky böleklerini tutuş milli topluma birleşdirýän hojalyk aragatnaşyklarynyň jemlenmegidir. Şeýle bitewülik: a) önümçiligiň ähli iri ýaýrawlarynyň, pudaklarynyň we sebitleriň (ýurduň dürli çäkleriniň) aralaryndaky umumy zähmet bölünişigi; b) önümçiligiň iri düzüm birlikleriniň bileleşmesi (bilelikde taýýarlanýan önüm üçin olar tarapyndan biri-birlerine üstüni ýetiriji önümleriň, ýarym taýýar önümleriň, çig malyň iberilmegi); ç) bitewi ykdysady giňişligi emele getirýän milli bazary üpjün edýär.

Makroykdysadyýet özüniň umumymilli islegleri we bähbitleri üpjün etmäge niýetlenen özboluşly binýadyna daýanýar. Bu binýada: maddy nygmatlaryň we hyzmatlaryň esli böleginiň döwlet tarapyndan alynmagy; jemgyýetçilik (döwlet) nygmatlarynyň öndürilmegi we olaryň bilelikdäki sarp edilmeginiň guralmagy; umumymilli infrastruktura (hojalygyň jemgyýet üçin ýaşaýyş şertlerini üpjün edýän önümçilik we durmuş pudaklary hem-de görnüşleri) girýär.

Döwlet makroykdysady arabaglanyşyklary kesgitleýär, olar hem döwleti dikligine (ýokardan aşak) ähli kärhanalar we öý hojalyklary bilen baglanyşdyrýar. Şeýle arabaglanyşyklar arkaly ol, maliýäni, karzy, býujeti hem-de ýurduň hojalyk ösüşiniň barşyna täsir etmek üçin öz ygtyýarynda bar bolan beýleki serişdeleri we gurallary peýdalanmak bilen, işjeň ykdysady syýasaty ýöredýär.

Mikroykdysadyýet ykdysadyýet ylmynyň has aşak derejelerdäki ykdysady hadysalary, subýektleri, esasan hem kärhanalary, firmalary, telekeçileri, olaryň maliýe-hojalyk işini we olaryň aralaryndaky ykdysady gatnaşyklary öwrenmek bilen meşgullanýan bölegidir.

Mikroykdysadyýet subýektleriň bazarda özlerini alyp baryşlaryny, önümçilik, paýlaýyş, alyş-çalyş we sarp ediş mahalynda olaryň aralarynda emele gelýän gatnaşyklary hem öwrenýär. Şol bir wagtyň özünde önüm öndürijileriň, telekeçileriň we döwletiň aralaryndaky ykdysady gatnaşyklar mikroykdysadyýetiň öwrenýän obýekti bolup hyzmat edýär.

Şeýlelikde, mikroykdysadyýet ykdysadyýet ylmynyň iň jikme-jikleşdirilen bölegi bolup durýar, çünki ol önümçiligiň we harydyň ýa-da harytlar toparynyň möçberi, harydyň nyrhy, ony öndürmek üçin harajatlar, satuwdan düşen pul, kärhanalaryň, telekeçilik geleşikleriniň, hojalyk taslamalarynyň netijeliligi ýaly düşünjeler we görkezijiler bilen iş salyşýar. Degişlilikde, ykdysadyýet ylmynyň bu bölegi gös-göni düşünmäge, anyk göz ýetirmäge has elýeterlidir.

Makroykdysadyýet we **mikroykdysadyýet** biri-birleri bilen jebis baglanyşyklydyrlar we olar öz aralarynda täsir edişýärler. Mikroykdysadyýet makroykdysadyýetiň esasynda durýar, makroykdysadyýet bolsa onuň bir ýere jemlenen görnüşdäki netijesi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde makroykdysady ululyklara, görkezijilere diňe mikroykdysady görkezijileriň ýönekeý jemlenen netijesi hökmünde garamaly däl. Ýurduň ykdysadyýeti makroykdysady derejede düzgünleşdirilende, ilki makroykdysady görkezijiler bellenilip, soňra olary böleklere bölmek arkaly mikroykdysady ululyklaryň emele getirilmegi-de mümkindir.

Şonlukda «makroykdysadyýet» adalgasy köplenç «makroykdysady syýasat» söz düzüminde peýdalanylýar we ol hem ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş syýasatyny aňladýar hem-de hökümetiň esasy ünsi makroykdysady görkezijilere, ýagny tutuş ykdysadyýete täsir etmegine gönükdirmegi bilen tapawutlanýar. Şeýle makroykdysady özgerişleriň netijesinde ykdysadyýetiň tutuş ýagdaýy, şol sanda onuň aşaky derejeleri hem zerur üýtgeşmelere sezewar bolýar.

§3. MAKROYKDYSADYÝET YLMYNYŇ USULLARY

Makroykdysadyýet ylmy ykdysady nazaryýetiň düzüm bölegi bolup durýandygy sebäpli, ol ykdysady ylymda ulanylýan usullardan peýdalanýar. Usul diýlip şu ylmy öwrenmegiň tärleriniň, ýollarynyň, görnüşleriniň jemine, ylmy barlaglaryň anyk guralyna düşünilýär.

Makroykdysadyýet ylmy barlaglaryň umumy ylmy hem-de özüne mahsus usullaryny peýdalanýar.

Umumy ylmy usullara şular degişlidir:

● *ylmy abstragirleme usuly* – bu obýektiň barlag edilişini tötänleýin, wagtlaýyn hadysalardan saplamakdan we mydamalyk, kysymdaş, mahsus sypatlary kesgitlemekden ybarat. Abstragirleme usulynyň kömegi bilen barlag edilýän obýektleriň düýp mazmunyny aňladýan ylmy düşünjeler kesgitlenýär hem-de ykdysady nusgalar gurulýar;

● *analiz we sintez usuly* – bu hadysalaryň bölekler boýunça (analiz) we tutuşlygyna özara baglanyşykda (sintez) öwrenilmegini göz öňünde tutýar;

● *materialistik dialektika usuly* – bu ykdysady hadysalara üznüksiz ösüşde we özara baglanyşykda seredilmegini aňladýar;

● *taryhy we logiki usullar* – bu ykdysady hadysalar öwrenilende, degişli netijeleri çykarmak arkaly olara dogry baha berilmegine mümkinçilik döretmek üçin ylmy barlaglaryň logiki taýdan yzygiderli umumylaşdyryş bilen utgaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar;

● *induksiýa we deduksiýa usullary* – bu usullar arkaly aýry-aýry şertleriň seljermesi esasynda umumy netije (induksiýa), umumy ýagdaýdan bolsa hususy netije (deduksiýa) çykarylýar;

● *mukdar üýtgeşmeleriniň hil üýtgeşmelerine geçişini ýüze çykarýan usul* – bu usul arkaly hadysalar seljerilende we umumylaşdyrylanda ykdysady iş we jemgyýetçilik ýaşaýşyndaky hadysalar baradaky hasabat maglumatlaryň giňden peýdalanylmagyna daýanýar;

● *ykdysady-matematiki modelirleme usuly* – bu barlaglaryň ulgamlaýyn usullarynyň biri bolmak bilen, ykdysady hadysalaryň üýtgemeginiň sebäplerini, şol üýtgemeleriň kanunalaýyklyklaryny, olaryň netijelerini resmileşdirilen görnüşde kesgitlemäge, şonuň ýaly-da ykdysady hadysalaryň çaklanylmagyna mümkinçilik berýär;

● *ykdysady synaglar*, hatda olaryň ähtimal netijelerini ykdysady durmuşda takyk çaklamak mydama mümkin bolup durmasa-da, gereklidir. Herniçik bolanda hem, ykdysady synaglar hojalyk işine ornaşdyrylanda öz-özünden bolýan hereketleriň kadasyna öwrülmeli däldir.

Makroykdysadyýetde peýdalanylýan esasy özüne mahsus usuly makroykdysady agregirlemek (birleşdirmek, goşmak) bolup durýar, wakalaryň we amallaryň bir bitewi görnüşe birleşdirilmegine agregir-

lemek diýlip düşünilýär. Ululygyň agregirlenmegi bazar ýagdaýyny we onuň üýtgeýşini häsiýetlendirýär (JIÖ/JMÖ, bahalaryň umumy derejesi, hümmetsizlenme derejesi, işsizligiň derejesi we beýl.).

Makroykdysady agregirlemek ykdysady subýektlere (öý hojalyklary; kärhanalar; döwlet; daşary ýurt bölegi (daşary ýurt) we bazarlara (harytlar we hyzmatlar, gymmatly kagyzlar, pul, zähmet, hakyky maýa, halkara daşary ýurt puly bazarlary) degişli bolýar.

Makroykdysadyýetde ykdysady modeller – dürli ykdysady wakalaryň we amallaryň resmileşdirilen beýany giňden peýdalanylýar. Makroykdysady modeller pikiriňi ikinji derejeli elementlerden sowmaga we ulgamyň esasy elementlerinde we olaryň özara baglanyşygynda ünsi jemlemäge mümkinçilik berýär. Modelleriň hakyky ýagdaýyň abstrakt şöhlelenmesi bolup durýandygy sebäpli, olar ähli zady öz içine alyp bilmeýärler.

Makroykdysadyýetde köp modeller peýdalanylýar, olar dürli ölçegler boýunça toparlara bölünip bilerler:

- umumylaşdyrylyş derejesi boýunça (abstrakt-nazary we anyk-ykdysady umumylaşdyrmak);
- düzümleýin gurluşy boýunça (kiçi ölçegli we köp ölçegli gurluş);
- elementleriň özara baglanyşygynyň häsiýeti nukdaýnazaryndan (bir ugurlaýyn we bir ugurlaýyn däl baglanyşyk);
- gurşap alyş derejesi boýunça (açyk we ýapyk: milli ykdysadyýeti öwrenmek üçin – ýapyk; halkara aragatnaşyklaryny öwrenmek üçin – açyk);
- wakalary we amallary kesgitleýän şert hökmünde wagty hasaba almak boýunça (hasabat modeller – wagt şerti göz öňünde tutulmaýar; hereketdäki modeller – wagt şerti hökmünde çykyş edýär).

Her bir modelde üýtgeýän ululyklaryň iki görnüşi, ýagny ekzogen we endogen görnüşleri görkezilýär.

Ekzogen görnüşi modele daşyndan goşulýar, olar model gurulmazdan öň bellenýär. Bu başlangyç maglumatlardyr. **Endogen** görnüşleri öňe sürlen wezipäni çözmegiň barşynda modeliň içinde ýüze çykýar we onuň çözgüdi bolup durýar.

§4. BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ MODELLERI

Dünýä tejribesinde bazar ykdysadyýetiniň ýeke-täk modeli ýokdur. Olaryň özboluşlylygy bellibir ýurduň ösüşiniň taryhy aýratynlyklaryna, ykdysady ösüşine, döwlet we jemgyýetçilik düzüm birlikleriniň mynasybetine, jemgyýetçilik ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň saýlanyp alnyşyna we ş.m. bagly bolup durýar. Şu manyda köplenç bazar ykdysadyýetiniň amerikan, ýapon, german we şwed modelleri saýlanyp alynýar. Olar barada seredip geçeliň.

Amerikan modeli. Bu model «kapitalizmiň liberal modeli» diýen ada eýe boldy. Onuň häsiýetli aýratynlygy şulardan ybarat:

- döwlet eýeçiligine degişli böleginiň az bolmagy;
- döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmäge doly gatyşmazlygy;
- telekeçiligiň hemmetaraplaýyn höweslendirilmegi;
- ilatyň ýokary we pes gatlaklara bölünmegi;
- kärhanalaryň dolandyryjylary bilen işgärleriň arasynda iş hakynyň derejesi boýunça uly tapawudyň bolmagy;
- üpjünçilik taýdan pes ilatyň ýaşaýyş derejesiniň oňuşarlykly bolmagy.

Ýapon modeli. Ýapon modeliniň esasy görnüşlerine aşakdakylar degişli:

- milli ykdysadyýetiň esasy ösüş ugurlaryna döwletiň ýokary derejede täsir etmegi;
- kärhanalarda işgärleriň ömürlik hakyna tutmanyň giňden ýaýramagy, olaryň umumy bähbitler esasynda birleşmegi, işgärleriň dolandyryşa we çözgüt kabul edilişine çekilmegi;
- kärhanalaryň dolandyryjylary we hünärmenleri bilen işgärleriniň arasynda iş hakynyň derejesi boýunça uly tapawudyň az bolmagy;
- durmuşa gönükdirilen model. Döwlet durmuş deňsizlige garşy göreş alyp barýar, raýatlar kesellän, işsiz galan, pensiýa çykan halatlarynda olaryň durmuş hukuklarynyň berjaý edilmegine gözegçilik edýär. Işleýänleriň durmuş taýdan meseleleriniň çözülmegi boýunça borçlar korporasiýalara we kärhanalara ýüklenýär.

German modeli. Öz durmuş-ykdysady mazmuny boýunça ol ýapon modeline ýakyndyr. Bazar ykdysadyýetiniň german modeliniň tapawutly aýratynlyklary:

● ykdysadyýete döwlet tarapyndan güýçli täsir edilmegi. Ol, esasan, durmuş meseleleri çözülende ýüze çykýar;

● esasy makroykdysady görkezijileriň meýilnamalaşdyrylmagy. Bu ýörelge Germaniýada XX asyryň ýetmişinji ýyllarynyň başlarynda girizildi. Şonuň ýaly-da bu ýurtda kärhananyň işgärleriniň onuň eýeçiligine gatnaşmagyny göz öňünde tutýan sosial hyzmatdaşlyk ýörelgesi-de durmuşa geçirildi;

● german modelinde, ýapon modelinde hem bolşy ýaly, banklara uly ähmiýet berilýär, şonda Merkezi bankyň ygtyýarlyklary has uludyr;

● kärhananyň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň iş haklarynyň derejelerindäki tapawut ujypsyzdyr.

Bazar ykdysadyýetiniň ***şwed modeline,*** ozaly bilen, durmuş ugra güýçli gönükdirilmek we kuwwatly döwlet düzgünleşdirişi mahsusdyr. Salgyt salmagyň ýokary kadasy döwlete esli möçberdäki maliýe serişdelerini jemlemäge we olary durmuş meseleleriniň çözülmegine gönükdirmäge mümkinçilik berýär. Netijede, bu ýurtda işsizlik iň az derejede saklanýar, ilatyň alýan girdejileri bolsa ep-esli derejede gyradeňleşendir.

Beýan edilenlerden başga-da, beýleki ýurtlarda bazar ykdysadyýetiniň iş tejribesi umumylaşdyrylanda, milli bazar ykdysadyýetleriniň köp sanly ösüş modelleriniň bellibir derejedäki şertli ýagdaýda, iki sany modele, ýagny liberal we durmuşa gönükdirilen modellere syrygýandygyny aýtmak bolar.

Bazar ösüşiniň ***liberal modeline,*** ozaly bilen, hususy eýeçiligiň agalyk etmegi, hususy telekeçilige hemmetaraplaýyn goldaw berilmegi mahsus. Döwletiň ykdysady wezipeleri, esasan, makroderejede durmuşa geçirilýär. Şonuň ýaly ulgamda durmuşda deňlik ýörelgesi aýratyn öňe sürülmeýär, döwletiň durmuş işi bolsa, esasan, ilatyň iň mätäçlik çekýän gatlaklaryna gönükdirilýär. Ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň arasynda bu modele ABŞ we Beýik Britaniýa has ýakyn durýar.

2. Sargyt № 2612

Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetine üznüksiz önümçiligi düzgünleşdirmekde we durmuş meselelerini çözmekde döwletiň ornunyň uly bolmagy mahsus. Döwletiň durmuş syýasaty jemgyýetiň ähli agzalary babatynda ýöredilýär. Ilatyň iş bilen üpjünçiligi, girdejileriniň derejesi, aýry-aýry halatlarda nyrhlar düzgünleşdirilýär. Şonda döwletiň kadalaşdyryş wezipesi hojalyk işiniň diňe makroderejesine däl, eýsem mikroykdysadyýetiň subýektlerine-de ýaýradylýar. Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýeti Şwesiýa, Germaniýa, Awstriýa ýaly ýurtlara, hususan, Türkmenistana hem mahsusdyr.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Makroykdysadyýetiň nähili kesgitlemesini bilýärsiňiz?
2. Makroykdysadyýet ylmynyň predmeti näme?
3. Makroykdysadyýetiň nähili maksatlaryny bilýärsiňiz?
4. Makroykdysadyýetiň öwrenýän ugurlary barada gürrüň beriň.
5. Mikroykdysadyýetiň öwrenýän ugurlary barada gürrüň beriň.
6. Makroykdysadyýet bilen mikroykdysadyýetiň näme tapawudy bar?
7. Makroykdysadyýet ylmynyň umumy usullary haýsylar?
8. Makroykdysadyýet ylmynyň ýörite usullary barada aýdyp beriň.
9. Bazar ykdysadyýetiniň haýsy modellerini bilýärsiňiz?
10. Bazar ösüşiniň liberal modeline näme mahsus?
11. Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň nähili aýratynlyklary bar?
12. Türkmenistana mahsus bolan bazar ykdysadyýetiniň modelini häsiýetlendiriň.

II. MAKROYKDYSADY ÖZARA BAGLANYŞYKLAR ULGAMY

§1. ESASY MAKROYKDYSADY GÖRKEZIJILER

Jemi içerki önüm (JIÖ) – makroykdysady görkeziji, ol belli döwürde (aýda, çärýekde, ýylda) ýurtda ähli öndürijiler tarapyndan öndürilen ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň jemi bazar gymmatyny görkezýär.

Jemi milli önüm (JMÖ) – makroykdysady görkeziji, ol diňe ýurduň içinde däl, eýsem daşary ýurtlarda hem şu ýurduň raýatlarynyň eýeçiligindäki önümçilik şertleri tarapyndan döredilen ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň jemi bazar gymmatyny görkezýär.

JMÖ hem JIÖ ýaly hasaplanyp çykarylýar, ýöne ondan daşary ýurtdan alnan arassa faktor girdejileriniň (AFG) möçberinde tapawutlanýar:

$$\text{JMÖ} = \text{JIÖ} + \text{AFG}.$$

Daşary ýurtdan alnan arassa faktor girdejileri – bu şu ýurduň raýatlary tarapyndan daşary ýurtlarda alnan girdejiler bilen şu ýurduň çäginde daşary ýurt raýatlary tarapyndan alnan girdejileriň arasyndaky tapawutdyr.

Ýapyk ykdysadyýetde JMÖ = JIÖ. Açyk ykdysadyýetde JMÖ bilen JIÖ-niň arasyndaky tapawutlar, esasan, şu ýurduň çäginde daşary ýurt kärhanalarynyň we beýleki ýurtlaryň çäklerinde ýurduň kärhanalarynyň hereket edýändigi bilen düşündirilýär.

Häzirki bazar bahalarynda hasaplanyp çykarylan JIÖ (JMÖ) nominal JIÖ (JMÖ), durnukly bahalarda hasaplanyp çykarylan JIÖ

(JMÖ) bolsa hakyky JIÖ (JMÖ) diýlip atlandyrylýar. Nominal JIÖ (JMÖ) ähli önümiň fiziki möçberiniň artmagynyň hasabyna hem, bahalaryň derejesiniň ýokary galmagynyň hasabyna hem ýokarlanyp biler. Real JIÖ (JMÖ) bahalaryň derejesi täsir etmeýär. Şonuň üçin hem real JIÖ harytlaryň we hyzmatlaryň fiziki möçberiniň esasy görkezijisi bolup çykyş edýär.

$$Real\ JIÖ\ (JMÖ) = \frac{Nominal\ JIÖ\ (JMÖ)}{Bahalaryň\ indeksi},$$

$$Şu\ ýylyň\ bahalarynyň\ indeksi = \frac{Şu\ ýylyň\ bahalary}{Binýatlyk\ döwrüň\ bahalary} \times 100\%.$$

Bahalaryň indeksi bellibir döwürde harytlaryň giň toparynyň bahalarynyň ortaça derejesiniň bellibir üýtgeýşini görkezýär.

Nominal we real JIÖ-niň (JMÖ-niň) arasyndaky özara baglanyşyk şu formula bilen beýan edilýär:

$$Deflýator\ JMÖ = \frac{Nominal\ JMÖ}{Real\ JMÖ}.$$

Deflýator (bahalaryň indeksi) nominal we hakyky JMÖ-niň arasyndaky tapawudy görkezýär, hümmetsizlenmegiň derejesini kesgitlemek maksady bilen peýdalanylýar.

Arassa milli önüm (AMÖ) – şu ýurduň ilaty tarapyndan bellibir döwürde (aýda, çärýekde, ýylda) döredilen we satyn alnan harytlaryň we hyzmatlaryň has takyk makroykdysady görkezijisi bolup durýar.

AMÖ JMÖ-den ulanyş (amortizasiýa) tutumlaryny (UT) aýyrmak arkaly hasaplanyp çykarylýar: *AMÖ = JMÖ – UT*.

Sarp edijileriň satyn alýan bahalary bilen kärhanalaryň satuw bahalarynyň arasyndaky tapawut telekeçilige salynýan gytaklaýyn salgytlary (goşulan baha üçin salgyt, goşmaça tölegler (aksiz), import paçlary we ş.m.) emele getirýär.

Eger AMÖ-den telekeçilige salynýan gytaklaýyn salgytlar (telekeçilige berilýän subsidiýalary aýyrmak bilen gytaklaýyn salgytlar) aýrylsa, onda milli girdejini (MG) alarys.

Milli girdeji (MG) – şu ýurduň ilatynyň bellibir döwürdäki (adatça bir ýyldaky) ähli jemi girdejileriniň makroykdysady görkezijisidir. MG şu formula boýunça kesgitlenýär:

MG=AMÖ - telekeçilerden alynýan gytaklaýyn girdejiler.

MG-niň esasy bölekleri (komponentleri) şular bolup durýar:

● hakyna tutulan işgärleriň we korporatiw däl eýeleriniň girdejisi;

● renta girdejileri;

● korporasiýalaryň girdejileri;

● göterim girdejisi.

Öndürilen we peýdalanylan milli girdeji tapawutlandyrylýar.

Öndürilen MG – bu harytlaryň we hyzmatlaryň täze döredilen gymmatynyň tutuş möçberidir. **Peýdalanylan MG** – bu tebigy betbagtçylyklar sebäpli ýitgileri, harytlar saklanylanda we ş.m. hem-de daşary söwda tapawudyndan çekilen zyýany aýyrmak bilen, öndürilen MG bolup durýar.

Şahsy girdeji (ŞG) – MG-den ilatyň ätiýaçlandyryş durmuş ulgamyna goşandy, korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgytlar we paýlanmadyk peýda aýrylandan soň, ýöne transfert tölegleri goşmak bilen, ilat tarapyndan hakyky alynýan girdejileriň pul möçberidir. ŞG gazanylan girdeji däl-de, alnan girdeji bolup durýar, çünki oňa transfert tölegleri goşulýar.

Ygtyýardaky şahsy girdeji (YŞG) – öý hojalyklary tarapyndan gönüden-göni sarp etmek üçin peýdalanylyp bilinjek girdeji.

Ygtyýardaky şahsy girdeji şu formula boýunça kesgitlenilýär:

YŞG = ŞG – aýratyn salgytlar.

Diýmek, YŞG öý hojalyklarynyň gutarnykly görnüşde peýdalanýan girdejisi bolup durýar. YŞG iki esasy görnüşde çykyş edýär:

● sarp ediş çykdajylary görnüşinde;

● şahsy tygşytlamalar görnüşinde.

Milli baýlyk (MB) – bellibir senedäki ýagdaýa görä, jemgyýetiň ygtyýarynda bar bolan we geçen döwrüň içinde adamlaryň zähmeti bilen döredilen maddy we maddy däl nygmatlaryň jemi.

Milli baýlyk adamlaryň işiniň köp ýyllaryň dowamyndaky maddy we maddy däl netijelerini öz içine alýar.

§2. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYGYŇ UMUMY ŞERTLERI

Makroykdysady seljermäniň esasynda akymlaryň dolanyşygynyň ýönekeý nusgasy (ýa-da JMÖ-niň, girdejileriň we çykdajylaryň dolanyşygy nusgasy) goýlandyr. Özüniň ýönekeý görnüşinde bu nusga ykdysady agentleriň diňe iki derejesini, ýagny öý hojalyklaryny we kärhanalary öz içine alýar hem-de ykdysadyýete döwletiň goşulmagyny, şeýle hem daşky dünýä bilen haýsydyr bir aragatnaşyklary göz öňünde tutmaýar (*1-nji şekil*).



1-nji şekil. Ykdysady agentleriň baglanyşygy

Bu şekilden ykdysadyýetiň ýapyk ulgam bolup durýandygy, onda bir ykdysady agentleriň girdejileriniň beýleki ykdysady agentleriň çykdajylary bolup çykyş edýändigi görünýär.

Kärhanalaryň serişdeleri üçin çykdajylary (ýa-da olaryň harajatlary) şol bir wagtyň özünde zähmet hakynyň, rentanyň we öý hojalyk-

lary üçin beýleki girdejileriň akymlary bolup durýar. Beýleki tarapdan, sarp ediş çykdajylary kärhanalaryň önümleri ýerlemekden alýan düşewündini (ýa-da girdejisini) emele getirýär.

«Girdejiler – çykdajylar» we «serişdeler – önümler» akymlary bir wagtda gapma-garşy ugurlarda amala aşyrylýar we tükeniksiz gaýtalanyp durýar. Nusgadan çykarylýan esasy netije kärhanalaryň satuwlarynyň jemi ululygynyň hojalyklarynyň girdejileriniň jemi ululygyna deňdigi bolup durýar. Bu bolsa döwletiň goşulmaýan ýapyk ykdysadyýeti (ýagny, daşky dünýä bilen haýsydyr bir aragatnaşygy bolmadyk ykdysadyýet) üçin pul manysynda önümçiligiň umumy möçberiniň ululygynyň öý hojalyklarynyň pul girdejileriniň jemi ululygyna deňdigini aňladýar.

Açyk ykdysadyýetde maddy nygmatlary we hyzmatlary öndürmegiň, paýlamagyň we sarp etmegiň barşynda makroykdysady subýektleriň arasynda emele gelýän özara gatnaşyklaryň netijesinde ykdysadyýetde durnukly pul akymlary emele gelýär, olar bilelikde girdejileriň we çykdajylaryň dolanyşygyny emele getirýärler.

2-nji şekilde ähli esasy pul akymlary çyzgy görnüşinde şekillendirilýär. Onda dört sany makroykdysady subýekt (öý hojalyklary, kärhanalar, döwlet we daşary ýurtlar) bölünip görkezilýär, olar esasy üç bazara çykýarlar: önümler, önümçilik şerişdeleri bazarlary we maliýe bazarlary.

Önümçilik şerişdeleri bazarynda öý hojalyklary we kärhanalar duşuşýarlar. Kärhanalar öý hojalyklaryndan satyn alnan önümçilik şerişdeleriniň kömegi bilen öndürilen önümleri bazar bahalaryndan ýerleýärler we olary satmakdan *Y* möçberde girdeji alýarlar.

Kärhanalar tarapyndan alnan ähli girdejiler şert girdejilerine galyndysyz paýlanýandygy sebäpli, şerişdeleri satmakdan öý hojalyklary *Y* möçberde girdeji alýarlar.

Öý hojalyklary alnan girdejiden döwlete *T* möçberde salgyt töleýärler, ygtyýarynda galýan girdejini ($Y^i = Y\text{-}T$) bolsa sarp edişe (*C*) we serişdeleri tygşytlamaga (*S*) bölýärler.

Döwlet öý hojalyklaryndan *T* möçberde salgyt alýar we *G* möçberde döwlet satyn almalaryny amala aşyrýar.

Milli ykdysadyýetiň daşary ýurt bölegi (sektory) bilen özara gatnaşyklary nygmatlar bazarynda arassa eksport görkezijisiniň

(NE = E-Z) we maýa bazarynda maýanyň arassa eksport görkezijisiniň (NKE = KE-KZ) üsti bilen görkezilýär.



2-nji şekil. Akymlaryň dolanyşygy ulgamy

Girdeji akymlary bilen çykdajy akymlarynyň arasyndaky özara baglanyşyk her bir makroykdysady subýektiň býujetinde görkezilýär. Eger görkezilen akymlaryň jemi görkezijileri öz aralarynda deň bolsa, onda býujet deňeçerlenen bolýar. *2-nji şekilde* getirilen çyzgynyň esasynda dört sany makroykdysady subýektiň býujetlerini düzeliň.

Ýönekeýleşdirmek maksady bilen, eksport we import gönüden-göni kärhanalaryň arasynda amala aşyrylýar diýeliň, şonuň netijesinde ýurduň kärhanalary öz ýurdunda öndürilýän hem-de import edilýän harytlar babatynda teklipleri emele getirýärler.

Şunda öý hojalygynyň býujetini şunuň ýaly görkezip bolar:

$$Y = C+T+S.$$

Kärhananyň býujeti: $Y+Z = C+I+G+E.$

Döwletiň býujeti: $G = T+(G-T)$, bu ýerde $(G-T)$ döwlet býujetiniň ýetmezçiligini görkezýär.

Daşary ýurt böleginiň býujeti: $Z = E+(Z\text{-}E)$, bu ýerde $(Z\text{-}E)$ söwda balansynyň tapawudyny görkezýär, maýanyň erkin hereket edýän şertlerinde $(Z\text{-}E) = NKE$.

Eger býujet deňeçer däl bolsa, onda bu ýagdaý şu subýektiň emläginiň düzüminde üýtgeme bolup geçendigini aňladýar: emlägiň möçberi çykdajylaryň girdejilerden ýokary bolan ýagdaýynda azalypdyr, girdejileriň çykdajylardan ýokary bolan halatynda bolsa ýokarlanypdyr.

Eger býujetler deňeçerlenen bolsa, onda dolanyşyk çyzgysynyň esasynda käbir netijeleri çykaryp bolar.

Eger harytlaryň teklip edilişi dört sany makroykdysady subýektleriň meýilnamalaýyn çykdajylaryna laýyk gelýän bolsa, öndürilen milli önümiň ählisi sarp ediler:

$$Y(AS) = C+I+G+NE. \qquad (1.1)$$

Bu aňlatma esasy makroykdysady barabarlyk hökmünde çykyş edýär. Ol harytlaryň bazarynda deňagramlylyk şertlerini kesgitlemek üçin esas bolup durýar.

Salgytlary aýyrmak bilen, alnan şert girdejilerini öý hojalyklarynyň sarp etmäge we serişdeleri tygşytlamaga gönükdirýändikleri sebäpli, şeýle ýazyp bolar:

$$Y^{i} = Y\text{-}T=C+S. \qquad (1.2)$$

(1.1) we (1.2) aňlatmalary birleşdirmek bilen, käbir özgertmeler geçirilenden soň şuny alarys:

$$S\text{-}I = (G\text{-}T) + NE. \qquad (1.3)$$

(1.3) aňlatmasy deňeçerlenen ykdysadyýetde tygşytlanan serişdeleriň maýa goýumlardan ýokary gelýän möçberiniň döwlet býujetiniň ýetmezçiliginiň we söwda balansynyň tapawudynyň jemine deňdigini görkezýär. Mundan başga-da, ol çykdajylarynyň girdejilerinden ýokary bolmagyna ýol beren her bir ykdysady subýektiň özüniň artykmaç çykdajylaryny tölemegini göz öňünde tutýar. Ýurtlaryň köpüsiniň hakyky iş tejribesinde öý hojalyklarynyň absolýut karz beriji (kreditor), döwletiň bolsa absolýut (üýtgewsiz) bergidar bolup durýandygyny bellemek gerek.

§3. MILLI HASAPLAR ULGAMY

Milli hasaplar ulgamy (MHU) JMÖ-niň (JIÖ-niň) hereket edýän ähli tapgyrlarynda, ýagny, önümçilik, paýlama, gaýtadan paýlama we ahyrky peýdalanma tapgyrlarynda olary açyk görnüşde göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. BMG-niň statistika topary tarapyndan işlenip taýýarlanylan standart milli hasaplar ulgamy XX asyryň 50-nji ýyllaryndan bäri ulanylýar. Häzirki wagtda milli hasaplar dünýäniň 100-den gowrak ýurdunda peýdalanylýar.

MHU nagt serişdeleriň we olaryň peýdalanylyşynyň biri-birine laýyk gelýän (deň) mahalynda ýurtdaky umumy ykdysady deňagaramlylyk baradaky pikiri görkezýär. MHU-a gowy düşünmek üçin bazar hojalygynyň subýektleriniň toparlara bölünişini (agentleriň nomenklaturasyny) we bazar ykdysadyýetiniň subýektleriniň arasyndaky bazar amallarynyň toparlara bölünişini (amallaryň nomenklaturasyny) görkezmek zerurdyr.

Dürli ýurtlarda hojalyk agentleri görkezilende adalgalar biri-birinden biraz tapawutlanýar, ýöne umuman alanyňda, aşakdaky toparlara bölünişi kabul edilendir:

1. Maliýe däl kärhanalar ýa-da önümçilik kärhanalary.

2. Öý hojalyklary.

3. Döwlet dolandyryş edaralary.

4. Maliýe edaralary we guramalary.

5. Daşary ýurt (şu ýurduň serhetlerinden daşardaky hojalyk agentleri).

Bazar hojalygynda harytlary, hyzmatlary ýa-da hukuklary ondan-oňa geçirmek, döretmek ýa-da bozmak amal diýlip atlandyrylýar. Şundan ugur alnanda, karzlary bermek boýunça bank amaly ýaşaýyş jaýyny gurmak, çörek bişirmek we ş.m. ýaly amaldyr.

Amallaryň nomenklaturasy uly üç topara bölünýär:

● Harytlar we hyzmatlar bilen amallar (önümçilik, maýa goýumlar, sarp ediş, import we ş.m. boýunça amallar);

● Paýlama amallary (zähmet haky, diwidendler, durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölegler we ş.m.);

● Maliýe amallary (pula degişli aktiwleriň we passiwleriň üýtgemegi, gymmat kagyzlar, daşary ýurt puly bilen amallar, karz amallary

we ş.m.). Maliýe balanslary ulgamynyň MHU-a XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap goşulandygyny belläp geçmek gerek.

Tablisa görnüşinde getirilýän MHU-da serişdeler we olaryň peýdalanylyşy deňeşdirilýär. Goşa ýazgy ýörelgesi MHU-nyň möhüm häsiýetnamasy bolup durýar. Bu ýörelge her bir amalyň töleýjisiniň we töleg alyjysynyň bardygyny we şonuň üçin hem onuň bir gezek serişdeler hökmünde, bir gezek bolsa peýdalanmak hökmünde ýazylýandygyny aňladýar.

Şeýlelikde, ähli amallar hakyky we maliýe jähetinden häsiýetlendirilýär, milli hojalygyň jemleýji maddy-maliýe balansy – deňeçerligi bolsa gatnaşykdaky (korrespondent) hasaplaryň ulgamy görnüşinde görkezilýär.

MHU-a maddy-maliýe balansyndan başga-da, zähmet (zähmet serişdeleriniň) balansy hem goşulýar.

Umuman alnanda, BMG-niň Statistika gullugy tarapyndan milli hasapçylygyň halkara standarty hökmünde maslahat berlen MHU iki derejeden ybarat bolýar: jemi hasaplar (JIÖ-niň, MG-niň hereketini, düýpli goýumlaryň maliýeleşdirilişini, beýleki ýurtlar bilen amallary görkezýär) we jikme-jikleşdirilen hasaplar (pudagara gatnaşyklary, girdejileriň hereketini, olaryň paýlanyşyny we ahyrky sarp edişi görkezýär).

Soraglar we ýumuşlar:

1. Makroykdysadyýet haýsy görkezijiler bilen kesgitlenýär?
2. JIÖ we JMÖ: olaryň tapawudyny düşündiriň.
3. Deflýator näme we ony nähili anyklamak bolýar?
4. Milli girdeji we onuň bölekleri (komponentleri) barada gürrüň beriň.
5. Ýapyk ykdysadyýetde akymlaryň dolanyşygynyň ýönekeý nusgasy barada aýdyp beriň.
6. Açyk ykdysadyýetde akymlaryň dolanyşygynyň nusgasy barada aýdyp beriň.
7. Ýapyk ykdysadyýetde akymlaryň dolanyşygynyň ýönekeý nusgasyndan açyk ykdysadyýetde akymlaryň dolanyşygynyň nusgasynyň nähili aýratynlyklary bar?
8. Standart milli hasaplar ulgamy kim tarapyndan işlenip taýýarlanylan we haýsy ýyldan bäri ulanylýar?
9. Milli hasaplar ulgamy boýunça nähili toparlara bölünişi kabul edilipdir?
10. Milli hasaplar ulgamyny kesgitleýän amallaryň nähili nomenklaturasy kabul edilipdir?

III. MILLI YKDYSADYÝET WE ONUŇ GÖRKEZIJILERI

§1. MILLI YKDYSADYÝET WE ONUŇ ÖSÜŞI

Häzirki döwürde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesinden ugur alyp, ýurdumyzyň her bir raýatynyň durmuşyny gowulandyrmaga gönükdirilen syýasy, ykdysady, durmuş we medeni özgertmeler amala aşyrylýar.

Türkmenistan, sebitdäki döwletlerden tapawutlylykda, özboluşly tebigy-ykdysady we geosyýasy ýagdaýa eýe. Ummasyz baý ýerasty we ýerüsti çig mal çeşmelerine eýe bolan Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan özboluşly geosyýasy zolakda ýerleşmek bilen, içeri we daşary syýasatyny öz milli ruhuna laýyklykda özbaşdak amala aşyrýar.

Özüniň dörän gününden häzirki zaman dünýäsi üçin örän wajyp parahatçylygyň, sahawatyň, dostlugyň, hyzmatdaşlygyň ýörelgelerine ygrarly we ony öz içeri hem-de daşary syýasatlarynda baş ýörelge hökmünde kabul eden Türkmenistan halkara hukuk kada-kanunlaryna doly gabat gelýän ynsanperwerlikli Konstitusiýasyny kabul etdi. Bu baş Kanunymyz türkmeniň milli aýratynlyklary, onuň özboluşly jemgyýetiniň hukuk kada-kanunlary esaslandyrylan Konstitusiýadyr. Oňa şu gün Garaşsyzlygyň, Bitaraplygyň, demokratiýanyň, dünýewi garaýyşlaryň, aýratyn-da, ylalaşygyň, duýgudaşlygyň, jebisligiň, galkynyşyň, bitewüligiň, erkinligiň, netijeli zähmet ugrundaky göreşiň aýdyň kepilidir diýilse, dogry bolar.

Ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetiniň öňünde şunuň ýaly bellibir maksada gönükdirilen meseläniň goýulmagy birnäçe wezipäniň çö-

zülmegini talap edýär: bu wezipeler kanunçylyk namalarynyň birgidenini işläp taýýarlamakdan, durnuklylyk we bazar ykdysadyýetine geçiş wezipesini çözmekden, düzgünleşdiriji ulgamy döretmekden we ony netijeli peýdalanmakdan, ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmegiň anyk ulgamyny işläp taýýarlamakdan, zähmetiň medeniýetini we düzgün-nyzamyny ýokarlandyrmakdan, önüm öndürmegi we ýerleşdirmegi guramagyň ýokary derejesini üpjün etmekden, zähmetiň pudaklaýyn bölünişiniň deňagramlylygyny göwnejaý ýola goýmakdan ybaratdyr.

Ilatynyň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çenli ýokarlandyrmaga we eşretli durmuşyny üpjün etmäge Türkmenistanda kuwwatly ykdysady, tebigy we aň-bilim mümkinçilikler bar. Onuň esasynda gadymy taryhy döwürlerde kemala gelen we durmuş tejribesinden ymykly geçen milli häsiýetli we aýratynlykly döwlet gurluşy durýar. Onuň hem iň gymmatly hazynasy adam we onuň mertebesini goramak bolup durýar.

Milli ykdysadyýet – bu haýsy hem bolsa bir döwletiň içinde amala aşyrylýan ykdysadyýetdir. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşini gazanmak üçin şu aşakdakylar möhümdir:

●ykdysadyýetiň ösüş depginini ýyl-ýyldan artdyrmaly;

●çig mal önümlerini gaýtadan işläp, taýýar önüm öndürmeli;

●täze iş orunlaryny döretmeli;

●harytlaryň sanyny we hilini artdyrmaly;

● puluň hümmetini ýokarlandyrmaly.

Türkmenistany ösdürmegiň maksady ilatyň jan başyna düşýän hasap boýunça jemi önümiň öndürilişini artdyrmakdan, ýagny hakyky önümi köpeltmekden ybaratdyr. Munuň özi, elbetde, halkyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna, maddy önümleriň artmagyna getirer we harajatlary azaltmak ýörelgelerine laýyk geler. Bu bolsa täze islegleri kanagatlandyrmaga, ýurduň içinde-de, halkara derejesinde-de durmuş-ykdysady meseleleri göwnejaý çözmäge ýardam eder.

Milli ykdysadyýetiň häzirki zamandaky ösüş derejesi, onuň geriminiň giňelmegi dolandyryş edaralarynyň hojalygy guraýyş işi-

niň ýaýbaňlandyrylmagyny, olaryň wezipeleriniň giňelmegini, olar tarapyndan dolandyryşyň täze usullarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu möhüm oňyn meýiller ol ýa-da başga bir görnüşde ýurduň ykdysadyýetiniň ähli ýaýrawlarynda ýüze çykýar.

Milli ykdysadyýetiň emele gelen düzümi we dolandyryşyň däp bolup gelýän görnüşleri häzirki zaman ykdysady hadysalaryna doly gabat gelmeýär, jemgyýetiň täze durmuş isleglerini doly kanagatlandyryp bilmeýär. Ykdysadyýetiň ähli düzüm birlikleriniň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny, şonuň ýaly-da, durmuş-ykdysady mehanizmdäki düzümleýin ilerlemeler babatyndaky toplanan tejribäni peýdalanmak arkaly dolandyryşyň bar bolan usullarynyň we serişdeleriniň kämilleşdirilmegi zerurdyr.

Dolandyryşyň düzümi diňe bir innowasion hadysalar we önümçiligiň ugry bilen däl, eýsem hojalygyň ölçegi, esasy serişdeler bilen abzallaşdyrylyş derejesi, kärhanalaryň ýöriteleşmesi we önümçiligiň bir ýere jemlenmegi, çig mal binýadynyň, önümçilik kuwwatynyň derejesi, zähmet serişdeleri bilen üpjünçilik, önümçiligi dolandyrmagyň pudaklaýyn aýratynlyklary ýaly ençeme alamatlar bilen kesgitlenýär. Bu alamatlar dolandyryşyň guramaçylyk düzümi esaslandyrylanda anyk mazmuna eýe bolýar.

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlaryny beýan edýän ähli maksatnamalaýyn resminamalarda diýen ýaly milli ykdysadyýeti düzüm taýdan üýtgedip gurmak meselesiniň göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly çözülmegi göz öňünde tutulýar. Daşary ýurt maýa goýujylary ýa-da hyzmatdaşlar üçin öňdebaryjy daşary ýurt tehnikasyny we tehnologiýalaryny, dolandyryş tejribesini milli ykdysadyýetde peýdalanmak üçin ykdysady şertler döredilýär. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň bähbitleriniň goralmagy kanun tarapyndan kepillendirilendir.

Düzümleýin ilerlemeleri göz öňünde tutýan maýanyň ugry, ozaly bilen, jemgyýetiň ahyrky isleglerini kanagatlandyrýan (obasenagat toplumy, ýeňil senagat we ş.m.) hem-de şolaryň kadaly işlemegine şert döredýän (ýangyç-energetika toplumy, gurluşyk materiallary senagaty we ş.m.) pudaklara gönükdirilmelidir. Obasenagat toplumynyň

guramaçylyk düzüminiň kämilleşdirilmegi aýratyn möhüm bolup durýar. Onuň düzüminde daýhan birleşikleri, daýhan hojalyklary, kooperatiwler, kiçi we orta hususy kärhanalar ýaly täze guramaçylyk birlikleri ýüze çykýar.

Häzirki wagtda dolandyryşyň guramaçylyk görnüşlerinde düýpli ilerlemeler bolup geçýär. Döwlet kärhanalary bilen bir hatarda, dürli konsernler, assosiasiýalar, konsorsiumlar, paýdarlar jemgyýetleri döredilýär. Dolandyryşyň täze guramaçylyk görnüşleriniň berkarar bolmagynda eýeçiligiň dürli görnüşleriniň mümkinçiliklerini peýdalanmaklyk uly ähmiýete eýe bolýar. Hut şunda hem bazar mehanizminiň ähli bölekleriniň özara jebis baglanyşygy ýüze çykýar.

Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileriniň 2000-2014-nji ýyllar boýunça ösüşi *1-nji tablisada* görkezilýär.

1-nji tablisa

Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileri

Görkezijiler	Ýyllar				
	2000	**2005**	**2010**	**2013**	**2014**
1	**2**	**3**	**4**	**5**	**6**
Ilatyň girdejisi Bir öý hojalygynyň pul girdejisi, manatda	270	796	1081	1583	1737
Ykdysadyýetde işleýänleriň ortaça zähmet haky, manatda	119,4	500,6	742,8	1047,0	1152,7
Esasy serişdeler Kärhanalaryň, guramalaryň (ýylyň soňuna), mln. manat	4180	12998	32371	132625	147937
Senagat Senagat önümleri, mln. man.	3354	9310	33688	66063	73725
Ilatyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi, mln. man.	1287	3779	6159	7258	9209

1-nji tablisanyň dowamy

1	2	3	4	5	6
şol sanda: önümçilik däl harytlar	476	1315	2057	2727	3363
önümçilik harytlar	758	2367	3867	4230	5546
spirtli içgiler	53	97	235	301	300
Oba hojalyk Oba hojalyk önümleri, mln. man.	1574	4398	9856	13642	14216
şol sanda: ekerançylyk	623	1668	4532	5768	5037
maldarçylyk	951	2730	5324	7874	9179
Maýa goýumlar Esasy serişdelere maýa goýumlar, mln. man.	1814	3838	29131	51835	54978
Esasy gaznalary işe girizmek, mln. man.	1264	2988	15226	30524	35040
Ulag we aragatnaşyk Ulagyň ähli görnüşlerinde ýolagçy gatnatmagyň dolanyşygy, mln. ýolagçy - km	11504	16287	24765	27329	28542
Ulagyň ähli görnüşlerinde ýük dolanyşygy, mln. t-km	37585	44394	28208	39624	44484
Içerki söwda we hyzmatlar Bölek haryt dolanyşygy, mln. man.	1865	8667	18924	30274	35408
Ilata edilen tölegli hyzmatlar, mln. man.	176	758	6434	9538	11255
Maliýe Döwlet býujetiniň girdejileri, mln. man.	1207	3657	10170	20561	22202
Döwlet býujetiniň çykdajylary, mln. man.	1224	3600	8878	18853	21101

1-nji tablisanyň dowamy

1	2	3	4	5	6
Ykdysadyýetde alnan girdeji, mln. man.	1733	3428	11719	27944	21782
Daşary söwda Daşary söwda dolanyşygy, ABŞ-nyň mln. dollary	4291	8577	17883	34944	36420
şol sanda: eksport	2506	4939	9679	18854	19782
import	1785	3638	8204	16090	16638
Çeşmeler: (20, 9-11 s.); (21, 9-10 s.); (23, 13-15 s.).					

Tablisada görkezilen maglumatlar 2000-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileriniň ösüşe eýe bolýandygyna güwä geçýär. 2000-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende, 2014-nji ýylda düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 30,3 esse artdy. Seljerilýän ýyllarda esasy gaznalaryň ulanmaga berlişi 27,7 esse köpeldi.

2000-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende 2014-nji ýylda sarp edilýän harytlaryň öndürilişi 7,2 esse artdy. Şol döwürde ykdysadyýetde işleýänleriň ortaça aýlyk zähmet haky 9,7 esse ýokarlandy we 2014--nji ýylda 1152,7 manada barabar boldy.

2000-nji ýyldaka garanda, 2014-nji ýylda bölekleýin haryt dolanyşygynyň we ilata edilýän tölegli hyzmatlaryň ösüşi, degişlilikde, 19 we 63,9 essä barabar boldy. Şol döwürde daşary söwda dolanyşygy 8,5 esse, şunda eksport –7,9 esse we import – 9,3 esse artdy.

2000-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileri sazlaşykly ýagdaýda ýokarlandy we ýokary ösüş depginleri gazanyldy. Munuň özi ykdysady bazisi (esasy) kemala getirmäge we ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesini has-da gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, Türkmenistan geosyýasy taýdan amatly ýeri eýeleýär hem-de ýurtda umumy ykdysady görkezijiler sazlaşykly ösdürilýär. Munuň özi ykdysadyýetiň pudaklarynyň çalt depgin bilen ösdürilmegine itergi berýär hem-de dünýä ulgamynda daşary ýurtlaryň köpüsi

3. Sargyt № 2612

bilen özara peýdaly, işjeň hyzmatdaşlygyň amala aşyrylmagynyň özeni bolup durýar.

§2.YKDYSADYÝETIŇ PUDAKLAÝYN DÜZÜMI

Ykdysadyýetiň düzümi köpugurly düşünje bolup, oňa hojalyk ulgamynyň dürli düzüm bölekleriniň mynasybetini görkezýän dürli nukdaýnazarlardan garamak mümkin. Adatça durmuş, pudaklaýyn, üznüksiz önümçilik we sebitleýin düzümler bölünip çykarylýar.

Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi giň manyda jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ulgamynda aýratyn önümçilik şertleri bilen häsiýetlendirilýän hem-de giňeldilen üznüksiz önümçilik mahalynda özboluşly wezipäni ýerine ýetirýän hojalyk birlikleriniň hil taýdan birmeňzeş toparlarynyň köplügi bolup durýar.

Milli hojalyk pudaklaryň köp sanlysyndan ybarat çylşyrymly ykdysady ulgamdyr. Şol pudaklar jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň täsiri astynda kesgitlenip, olara öndürilýän önümleriň, peýdalanylýan çig malyň, tehnologik işiň we öndüriji güýçleriň düzüminiň özboluşlylygy mahsusdyr.

Jemgyýetçilik önüminiň emele gelşini, milli girdejiniň döredilişini we jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň häsiýetini nazara almak bilen, milli hojalyk iki sany ýaýrawa, ýagny maddy önümçilige we önümçilik däl ýaýrawa bölünýär.

Maddy önümçilik ýaýrawyna maddy önümler döredilýän, hususan, şu pudaklar degişlidir:

1. Senagat

şondan :

Elektrik energetikasy

Ýangyç senagaty

olardan:

nebit çykaryjy senagat

nebiti gaýtadan işleýän senagat

gaz senagaty

Maşyn gurluşyk we metaly gaýtadan işlemek

Himiýa senagaty

Gurluşyk materiallary senagaty
Ýeňil senagat
Azyk senagaty
2. Oba hojalygy
3. Ýük daşaýan ulaglar
4. Aragatnaşyk (önümçilik pudaklaryna hyzmat etmek boýunça)
5. Gurluşyk
6. Geologiýa
7. Söwda
8. Işiň gaýry görnüşleri

Maddy nygmatlar döredilmeýän ähli pudaklar önümçilik däl ýaýrawy emele getirýärler. Olara aşakdakylar degişli:

9. Bilim
10. Ylym we ylmy hyzmatlar
11. Saglygy goraýyş
12. Sport we syýahatçylyk
13. Medeniýet we sungat
14. Sarp ediş bazary we tölegli hyzmatlar
15. Ýaşaýyş jaý gurluşygy we jemagat hojalygy
16. Ýolagçy gatnadýan ulaglar
17. Aragatnaşyk (önümçilik däl ýaýrawa we ilata hyzmat etmek boýunça)
18. Karzlaşdyryş we ätiýaçlandyryş
19. Dolandyryş
20. Işiň gaýry görnüşleri.

Ykdysadyýetiň pudaklarynyň şunuň ýaly toparlandyrylyşy oňaýly deňölçeglilikleri, görkezijiler ulgamyny kesgitlemek hem-de jemgyýetçilik önümçiligine pudaklar boýunça baha bermek üçin zerur.

Pudaklaryň şeýle toparlandyrylmagy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşine esas bolup hyzmat etdi. Şol mynasybetli ýurdumyz milli hojalygyň maddy-önümçilik binýadyny tutmakda uly üstünlikler gazandy. Häzir onuň ykdysady we ylmy-tehniki mümkinçilikleri täze giň möçberli wezipeleri çözmäge esas berýär.

Türkmenistan milli ykdysadyýeti ösdürmegiň esasy ugurlaryny we olary durmuşa geçirmegiň ýollaryny kesgitledi. Olar milli hojalygy durnukly we ilerleýjilikli ösdürmegiň, ylmy-tehniki ilerlemäniň we ykdysadyýeti önjeýli ösüş ýoluna çykarmagyň, ýurduň

önümçilik mümkinçiliklerini has rejeli peýdalanmagyň, serişdeleriň ähli görnüşlerini hemme çäreler arkaly tygşytlamagyň we işiň hilini gowulandyrmagyň esasynda ilatyň hal-ýagdaýyny mundan beýläk hem ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllary içinde uly özgerişler bolup geçdi. Ýurduň ösüşiniň her bir tapgyry durmuş-ykdysady ösüşiň aýratynlyklary, milli hojalygyň islegleri we mümkinçilikleri bilen şertlendirilen anyk wezipeleri öňe sürýär. Bu wezipeleriň çözülmegi diňe bir maddy önümçiligi däl, eýsem önümçilik däl ýaýrawy-da gurşap alýar.

Şeýlelik bilen, milli hojalygyň dürli pudaklarynyň üstünlikli ösmegi ýurduň maddy-önümçilik binýadyny ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak we innowasion işi çaltlandyrmak, zähmet öndürijiliginiň, önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy arkaly pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.

§3. YKDYSADYÝETIŇ MILLI TOPLUMYNY ÖSDÜRMEK

Häzirki döwürde daşary ykdysady gatnaşyklar işjeň we sazlaşykly ýagdaýda giňelýär. Bu gatnaşyklar ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň milli toplumynyň düzüminiň organiki bölegi bolup durýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň ykdysady strategiýasy has anyk meseleleri çözmek, hususan-da, maddy önümçilik ulgamynyň ösdürilmegini çaltlandyrmak we ilatyň durmuş hajatlaryny has dolulygyna kanagatlandyrmak üçin daşary ykdysady gatnaşyklaryň ähmiýetiniň artdyrylmagyna gönükdirilipdi.

Ýöne XX ýüzýyllygyň 80-nji ýyllaryna çenli Türkmenistanyň milli hojalygy çylşyrymly ykdysady ulgam bolup durýardy. Bu ulgam bolsa, köp sanly pudaklardan ybaratdy. Olar jemgyýetde zähmetiň bölünişiginiň täsirine görä kesgitlenýärdi we öndürilýän önümleriň, ulanylýan çig malyň, tehnologik amallaryň, öndüriji güýçleriň özboluşlylygy bilen tapawutlanýardy.

Türkmenistan milli hojalygyň maddy-önümçilik binýadyny döretmekde uly üstünlikleri gazandy. Häzir ýurdumyzda ýokary derejede ösen öndüriji güýçler, kuwwatly we öňdebaryjy senagat,

kämil derejede mehanizmleşdirilen oba hojalyk pudagy bar. Indi ýurdumyzyň ykdysady we ylmy-tehniki kuwwaty täze we giň gerimli wezipeleri berjaý etmäge mümkinçilik berýär.

Ösüşiň häzirki tapgyrynda ýurduň ykdysadyýetinde zähmetiň jemgyýetdäki bölünişigi mundan beýläk-de çuňlaşýar we milli hojalygyň gurluşy çylşyrymlaşýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň göwnejaý derejede ösen önümçilik-hojalyk toplumy bar, bu düzümleriň arasyndaky gatnaşyklaryň we şol düzümleriň her biriniň içinde özara arkalaşykly hereket edilmeginiň çylşyrymly ulgamyny emele getirýär. Bu ulgamda ykdysady gatnaşyklar aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Şol gatnaşyklar bolsa, üznüksiz önümçiligiň ähli tapgyrlary, ýagny öndürmek, paýlaşmak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

Bu özara gatnaşyklarda önümçilige esasy orun degişlidir. Munuň özi maddy nygmatlaryň adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynyň we ösüşiniň özenini emele getirmegi bilen şertlendirilendir hem-de jemgyýetçilik önüminiň hereketine badalga berýär. Sarp ediş bolsa, onuň jemleýji tapgyry bolup durýar. Jemgyýetçilik önümi önümçiligi we sarp edişi baglanyşdyrýan düzüme öwrülýär. Şu görkezijini göz öňünde tutman, ýurduň milli hojalygyndaky ykdysady ösüşi hemmetaraplaýyn esaslandyrmak asla mümkin däl.

Milli hojalyk – munuň özi çylşyrymly dinamiki ösýän ulgamdyr. Ol çäk-önümçilik düzümlerinden, toplumlardan, birleşmelerden we ş.m. ybaratdyr. Şoňa görä-de, toplumlaýyn çemeleşmä laýyklykda, olara goşmaça ulgamlar hökmünde we özbaşdaklygyna däl-de, bütewi dinamiki ulgamyň düzümleri hökmünde garalmagy zerurdyr. Ykdysady ulgamyň bu düzümleriniň arasyndaky gatnaşyk maddy-tehniki taýdan üpjün etmek, ulag, söwda ýaly goşmaça ulgamlar arkaly amala aşyrylýar.

Şunuň ýaly çemeleşme toplumlaryň düzümlerine dolandyrylýan ykdysadyýetiň organiki bölegi bolup durýan goşmaça ulgamlar hökmünde garamaga hem-de onuň ösüşine «durmuş tapgyryna» mahsus görnüşde we ulgamyň daşyndaky ýagdaýy göz öňünde tutmak arkaly çemeleşmäge mumkinçilik berýär. Şunda ahyrky netijeleriň gazanylmagy ugur edinilýär, ahyrky netijeler bolsa, önümleriň aýry-aýry görnüşleri babatda bildirilýän islegleri kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Ýurduň milli toplumynyň düzümine önümçilik we önümçilik däl ulgamlar, şeýle hem ýangyç-energetika, maşyn-gurluşyk, himiýa, obasenagat toplumlary we beýlekiler girýär (*3-nji şekil*).

Ýangyç-energetika toplumy ýurdy ylmy-tehniki we durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin ýangyç-energetiki serişdeler boýunça hajatlaryň kanagatlandyrylmagyny, şeýle hem energiýanyň çeşmeleriniň ähli görnüşlerini ulanmak bilen bagly bolan ýangyç-energetiki meseleleriň çözülmegini üpjün edýär. Ýurduň ýangyç-energetika toplumy elektroenergetikadan we ýangyç senagatyndan, şol sanda gazy, nebiti işläp çykarýan we nebiti gaýtadan işleýän senagatdan ybaratdyr.

Ýangyç-energetika toplumy oba hojalygyny, ýeňil we azyk senagatyny hem-de milli hojalygyň beýleki pudaklaryny elektrik energiýasy we nebiti gaýtadan işlemek arkaly taýýarlanýan önümler bilen üpjün edýär. Ol ýurduň esasy toplumy we gelip gowuşýan walýuta serişdeleriniň çeşmesi bolmagynda galýar. Tebigy gaz, doly arassalanmadyk nebit we nebit önümleri, elektrik energiýasy senagatyň eksportynyň esasy maddalary diýlip hasaplanýar.

Maşyn-gurluşyk toplumy – munuň özi milli hojalygyň dürli pudaklarynda ulanylýan umumy maksatly maşynlaryň we enjamlaryň önümçiligidir. Maşyn-gurluşygy we metaly işläp taýýarlamak ýurdumyzyň şu toplumynyň özenini düzýär. Bu toplum milli hojalygyň dürli pudaklary üçin elektrotehnika senagatynyň dürli görnüşdäki önümlerini, gradirnýalar üçin wentilýatorlary, merkezden daşlaşdyrýan sorujylary (nasoslary), nebit önümlerini guýmak üçin enjamlary, garyjy maşynlary, beýleki metal önümleri öndürýär. Maşyn-gurluşyk toplumynda öndürilýän önümleriň birgiden görnüşleri Türkmenistanyň çäginden daşary iberilýär.

Himiýa we nebiti gaýtadan işleýän senagat ýurdumyzyň **himiýa toplumynyň** özenini düzýär. Bu toplum mineral dökünleri, sintetiki ýuwujy serişdeleri we dürli görnüşdäki beýleki himiki materiallary oba hojalygyna, azyk, gön-aýakgap senagatyna we milli hojalygyň beýleki pudaklaryna iberýär.

Himiýa toplumynyň ösüşi öz ýurdumyzdaky çig mallaryň netijeli ulanylmagyna, milli hojalygyň özara baglanyşykly bolan pudaklarynyň wajyp ähmiýetli hajatlarynyň kanagatlandyrylmagyna, şeýle hem Türkmenistanyň eksporta degişli mümkinçilikleriniň diwersifikasiýa edilmegine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumy

Önümçilik ýaýrawy

Senagat
Elektrik energetika
Ýangyç senagaty
ondan:
nebit çykaryjy senagat
nebiti gaýtadan işleýji senagat
gaz senagaty
Ýeňil senagat
Azyk senagaty
Geologiýa
Oba hojalygy
Gurluşyk
Ulag
Aragatnaşyk
Söwda
Beýlekiler

Önümçilik däl ýaýraw

Bilim
Ylym we ylmy hyzmatlar
Saglygy goraýyş
Sport we syýahatçylyk
Medeniýet we sungat
Sarp ediş bazary we hyzmatlaryň bazary
Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy
Dolandyryş
Beýlekiler

Toplumlar ulgamy

Ýangynç-energetika toplumy
Maşyn gurluşyk toplumy
Himiýa toplumy
Obasenagat toplumy
Ulag toplumy
Durmuş toplumy
Beýlekiler

3-nji şekil. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumy

Ýurduň **obasenagat toplumy** (OST) milli hojalygyň özara baglanyşykly bolan pudaklarynyň ulgamy bolup durýar, bularda oba hojalyk önümlerini öndürmek, aýawly saklamak we gaýtadan işlemek göz öňünde tutulýar. Obasenagat toplumy çig maly öndürmek, ony gaýtadan işlemek we taýyn önümi ýerlemek boýunça üznüksiz tehnologik amallaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

Obasenagat toplumynyň üstünlikli hereket etmegi üçin, onuň ähli pudaklarynyň proporsional we kadalaşdyrylan ýagdaýda ösüş gazanmagy üpjün edilmelidir. Şunda pudaklaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň kämilleşdirilmegine, oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak üçin, pudaklaryň özara takyk hereket etmeginiň üpjün edilmegine aýratyn üns berilmelidir.

Obasenagat toplumynyň üstünlikli hereket etmegi ony bütewi ulgam hökmünde dolandyrmak boýunça pudaklaýyn we çäkleýin ýörelgeleriň rejeli utgaşdyrylmagyna (onuň guramaçylyk düzüminiň ýönekeýleşdirilmegine, dolandyryş boýunça jogapkärçiligiň güýçlendirilmegine), artykmaç we biri-biriniň hereketlerini gaýtalaýan düzümleriň aradan aýrylmagyna; oba hojalyk we beýleki kärhanalaryň, şeýle hem OST-niň edaralarynyň işiniň netijeliligini artdyrmagyň wajyp şerti hökmünde ylmy-tehniki taýdan gazanylanlaryň tejribä ornaşdyrylmagy ugrunda tagallalaryň jebisleşdirilmegine; hojalygy ýöretmegiň kämil usullarynyň ulanylmagynyň üpjün edilmegine, ýerlerden, önümçilik kuwwatlyklaryndan, maddy we maliýe serişdelerinden, bar bolan mümkinçiliklerden göwnejaý peýdalanylmagyna ýardam berýär.

Ýurduň obasenagat toplumyny kemala getirmek oba hojalygyny mundan beýläk-de ösdürmegiň möhüm ähmiýetli ugry bolup durýar, bu ugur önümçiligiň umumylaşdyrylmagyna ýardam edýär.

Gurluşyk toplumy. Onuň maksady we wezipesi esasy önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk gaznalaryň ulanmaga berilmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Bu toplum gurluşyk materiallary senagatyndan we gurluşyk ulgamynyň özünden ybaratdyr hem-de oba hojalygyna, azyk senagatyna we milli hojalygyň beýleki pudaklaryna aýna we farfor-faýans senagatynyň önümlerini, beýleki gurluşyk materiallaryny, sementi, diwarlary gurmak üçin niýetlenen materiallary we çerepisany iberýär.

Ulag toplumy. Onuň maksady we wezipesi milli hojalygyň ýükleri daşamak we ýolagçylary gatnatmak boýunça hajatlaryny kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Ýurduň ulag toplumy aralyk we ahyrky önümleriň daşalmagyny, şeýle hem ýolagçylaryň gatnadylmagyny üpjün edýär.

Toplumlaryň toparlara bölünişi geljegi bar bolan toplumlaýyn maksatnamalary işläp düzmegi belli maksatnamalaýyn ýörite ugur nukdaýnazaryndan amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Toplumlaýyn maksatnama çeşmeleri ýerine ýetirijiler we möhletler bilen baglanyşykly bolan esasy maksady durmuşa geçirmäge gönükdirilen ykdysady, guramaçylyk, tehnologik we sosial çäreleriň ulgamydyr. Toplumlaýyn maksatnamalary işläp düzmek we durmuşa geçirmek ýokary gutarnykly netijelere ýetmäge, milli önümçiligiň netijeliligini artdyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň milli toplumynyň esasy senagatdan we oba hojalygyndan ybaratdyr. Önümçiligiň hut şu pudaklary önümçilik toplumynyň özüne mahsus bolan aýratynlygynyň kuwwaty bilen ýurdumyzyň milli toplumynda önümleriň zerur görnüşleriniň esasy öndürijileri bolup durýarlar (*2-nji tablisa*).

2-nji tablisa

Türkmenistanda önümleriň esasy görnüşleriniň öndürilişi

Önümleriň görnüşleri	Ýyllar				
	2000	2005	2010	2013	2014
1	2	3	4	5	6
Elektrik energiýasy, mln. kWt · sag	9943	12937	16848	21019	23082
Tebigy gaz, mlrd. kub.m	47,2	63,0	47,0	69,2	76,2
Nebit (şol sanda gaz kondensaty), müň t	7181	9515	3826	11224	11589
Mineral dökün (şertli birlik), müň t	99,9	190,7	233,6	138,5	232,5
Pagta süýümi, müň t	235,1	217,5	336,4	362,8	363,1
Nah matalar, mln. m^2	55,1	158,0	145,0	160,5	190,8
Jorap önümleri, mln. jübüt	11,4	10,3	11,9	17,2	21,0

2-nji tablisanyň dowamy

1	2	3	4	5	6
Dokma önümleri, mln. sany	19,4	28,7	14,8	8,6	7,5
Deri aýakgaby, mln. jübüt	0,6	0,4	0,3	0,4	0,4
Çörek we çörek önümleri, müň t	691,5	1127,6	874,7	824,5	880,5
Süýji önümleri, müň t	16,4	27,8	34,2	41,5	50,5
Ösümlik ýagy, müň t	48,5	53,5	92,5	108,1	109,4
Çeşmeler: (21, 31-36 s.) ; (23, 29-36 s.).					

Görkezilen maglumatlar seljerilýän ýyllarda Türkmenistanda önümiň has möhüm görnüşlerini öndürmekde ep-esli öňegidişlikleriň bolup geçendigine şaýatlyk edýär. 2000–2014-nji ýyllarda (dokma önümlerinden başga) öňümiň wajyp görnüşleriniň: elektrik energiýasynyň, gazyň, nebitiň, mineral dökünleriň, pagta süýüminiň, nah matanyň, çöregiň we çörek önümleriniň, süýji önümleriniň we ösümlik ýagynyň öndürilişiniň ösüş depgininiň artandygyny bellemek gerek. Türkmenistanda önümiň has möhüm görnüşlerini öndürmekde ýokary ösüş depginleri ykdysady ösüşi has-da çaltlandyrmagyň, şeýle hem önümçiligiň serişdelerini we sarp edilýän önümleri öndürýän pudaklary döwrebaplaşdyrmagyň hasabyna gazanyldy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň milli toplumynyň rejeli düzümleriniň döredilmegi garaşsyz döwletiň ykdysady taýdan özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün edýän içeri we daşary syýasatyň esasy maksatlaryna ýetmek üçin öňünden oňaýly şertleri döredýär.

§4. MAKROYKDYSADY GŐRKEZIJILER

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň hemme pudaklary uly depgin bilen ynamly ösýär. Gazanylýan ynamly ösüşleriň sarsmaz binýadynda üstün-

likli amala aşyrylýan ykdysady syýasat durýar. Bu syýasatyň ýakyn geljek döwre bellenen möhüm wezipeleriniň hatarynda ýurdumyzy önümleriň ýokary hili bilen tapawutlanýan, ykdysadyýeti depginli ösýän we ynamly belent sepgitler bilen häsiýetlendirilýän döwletleriň hataryna goşmak, milli haryt öndürijilerimiziň sarp ediş bazarlaryndaky bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ykdysady ulgamy düýpli döwrebaplaşdyrmak hem-de maýa goýum işini has-da işjeňleşdirmek, ösüşiň çig mal görnüşinden senagat-innowasiýaly ugruna tapgyrlaýyn geçmekligi üpjün etmek, Türkmenistanyň bütindünýä ykdysady gatnaşyklar ulgamyna has çuň we ynamly aralaşmagyny gazanmak bilen bagly meseleler goýlandyr.

Döwlet derejesinde bellenilen we rowaçlyk bilen amala aşyrylýan bu syýasatyň netijesinde soňky 5 ýylyň içinde ýurdumyzda öndürilýän jemi içerki önümiň göwrümi iki esse artdy. Şol döwürde onuň durnukly ýyllyk ösüşiniň görkezijisi 110% derejesinde ýokary boldy.

Ykdysady seljermede örän giň iki görkeziji ulanylýar: jemi önüm we milli girdeji. Jemi önüm iki görnüşde bolýar: jemi içerki önüm we jemi milli önüm. Olaryň ikisi hem hojalygyň iki sferasynyň, ýagny maddy önümçiligiň we hyzmatlaryň (maddy däl) iş netijesidir. Olaryň ikisi hem ykdysadyýetde bir ýylyň (çärýegiň, aýyň) dowamynda harytlaryň we hyzmatlaryň ahyrky önümçiliginiň göwrüminiň gymmat görnüşinde kesgitlenilmegidir. Bu görkezijilere häzirki (hereket edýän) bahalarda hasaplansa – nominal JMÖ, eger üýtgemeýän bahalarda (ýagny haýsy-da bolsa bir (esasy) ýylda deňeşdirme nyrhlarda) hasaplansa – real JMÖ diýilýär.

Umumy milli önümiň we umumy içerki önümiň tapawudy şeýledir:

Jemi içerki önüm – ýurduň içinde maddy önümçilikde we hyzmatlar sferasynda öndürilen önümiň gymmatlaryň jemidir. Olar ýurtda ýerleşýän kärhananyň we daşary ýurtlara degişli kärhanalar bolsa-da onuň öndürýän önümi şu ýurduňky hasaplanýar.

Jemi milli önüm – bu milli kärhanalaryň, nirede (öz ýurdumyzda ýa-da daşary ýurtda) ýerleşenligine garamazdan, maddy we maddy däl ýaýrawda hemme öndürilen önümlerdir.

Şeýlelikde, jemi milli önüm jemi içerki önümden girdejileriniň jemi bilen tapawutlanýar. Ýagny, işgärleriň girdejileri, renta girdejisi, karz göterimi, kärhananyň peýdasy. Bu görkeziji şu ýurduň serişdeleri daşary ýurtda ulanylanda alynýan girdejiden biziň ýurdumyzda şeýle gymmatlyklary öndüren daşary ýurtlaryň girdejileriniň aýrylmagydyr. Bu iki görkezijiniň tapawudy gaty bir uly däldir, bary-ýogy + 1%.

Jemi içerki önüm we jemi milli önüm hasaplanylanda esasy talap: bir ýylyň dowamynda öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň diňe bir gezek hasaba alynmagydyr. Ýagny diňe ahyrky onüm hasaba alynmalydyr. Aralyk önüm hasaba alynmaly däldir. Sebäbi, olary satyn alyp, birnäçe gezek satyp bolýar.

Ahyrky önüm – bu sarp edijileriň ýa-da alyjylaryň harytlary we hyzmatlary birnäçe gezek satmak üçin däl-de, diňe ahyrky gezek ulanmak üçin almagydyr.

Goşulan gymmat – bu kärhanada önümçilikde döredilen gymmatdyr we anyk önüm döretmekde kärhananyň hakyky goşandydyr. Ýagny iş haky, peýda we amortizasiýadyr. Başgaça aýdylanda, goşulan gymmat – bu kärhananyň umumy önüminden gündelik maddy çykdajylaryň aýrylmagydyr, ýöne amortizasiýanyň goşulmagydyr.

Şeýlelikde, jemi içerki önüm ýa-da jemi milli önüm şu üç usullaryň biri boýunça hasaplanyp bilner, ýagny:

milli ykdysadyýetiň pudaklaryndaky döredilen goşulan ýa-da artdyrylan gymmatlary (önümçilik ýa-da pudaklar boýunça jemi içerki önümi);

gerekli (şu) ýyldaky umumy öndürilen önümi satyn almak üçin çykdajylar (çykdajylar boýunça jemi içerki önüm);

gerekli (şu) ýylda hemme öndürilen önümden alynýan girdejileri (girdejiler boýunça jemi içerki önüm).

1) Jemi içerki önümiň pudaklar boýunça hasaplanylyşy.

Şu usul boýunça jemi içerki önüm hasaplanylanda, aýry-aýry pudaklaryň şu önümi öndürmekde gatnaşygy we tutýan orny anyklanylýar. Ýurtda geçirilýän ykdysady we düzüm syýasatynyň aýratynlygy görkezilýär.

2) Jemi içerki önümiň çykdajylary boýunça hasaplanylyşy.

Ikinji usul şu maddalary öz içine alýar:

Ahyrky sarp ediş çykdajylary. Bularyň düzümine gündelik we uzak möhletde ulanylýan harytlar, hyzmatlara edilýän çykdajylar we ş.m. degişli.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň ahyrky çykdajylary. Bu kärhananyň önümini satyn almak üçin döwlet çykdajylary we döwlete gerek serişdeleri satyn almakdyr. Bu çykdajylaryň jemi döwletiň gullukçylaryna iş hakyny tölemegi, harytlary we hyzmatlary satyn almagy we ş.m. aňladýar.

Umumy düýpli maýa goýumlary, jemi maýa toplaýyş we maddy dolanyşyk gaznalarynyň üýtgemegi. Bulara şular degişlidir: a) esasy gaznalara, ýagny maşyn we enjamlary satyn almaga, gurluşyga düýpli maýa goýumlary; b) maddy dolanyşyk serişdeleriniň ösmegi (kemelmegi), ýagny taýýar önümiň, ýangyjyň, materiallaryň, çig mallaryň, gorlaryň üýtgemegi.

Eksportyň we importyň saldosy (jemi içerki önümiň bir bölegi daşary ýurda ugradylýar, beýleki tarapdan, ýurduň serişdeleriniň bir bölegi daşary ýurtdan harytlary we hyzmatlary satyn almaga sarp edilýär).

$$JIÖ = C + I + G + X_n, \qquad JIÖ = C + S,$$

bu ýerde C – sarp ediş; I– maýa goýum; G – çykdajylar; X_n – arassa eksport; S – süýşürintgi.

3) Üçünji usula laýyklykda statistika şeýle soraga jogap alýar: bir ýylda döredilen jemi önüm öý hojalygyna we ykdysady serişdeleriň eýelerine näme bolup gowuşýar?

Şeýlelikde, jemi içerki önüm, jemi milli önüm şu usul boýunça şeýle maddalary öz içine alýar:

1. Işgärleriň iş haky.
2. Kärhanalaryň peýdasy.
3. Ýekebara we maşgala eýeçiligindäki kärhananyň girdejileri.
4. Renta tölegleri.
5. Karz göterimi.
6. Amortizasiýa tölegleri.

$JIÖ = W + R + P + I + T + A$ – milli girdeji,
bu ýerde W – iş haky, R – renta, P – peýda, I – gőterim, T – salgyt, A – amortizasiýa.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ösüşiniň nähili aýratynlyklary bar?
2. Milli ykdysadyýet diýip nämä düşünýärsiňiz?
3. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetiň ösüşini gazanmak üçin haýsy şertler gerek?
4. Türkmenistanyň ösüşi haýsy durmuş-ykdysady görkezijiler bilen kesgitlenýär?
5. Milli hojalyk näme?
6. Maddy önümçilige haýsy pudaklar degişli?
7. Maddy däl ulgamyň düzümine haýsy pudaklar degişli?
8. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň milli toplumynyň ösüşi barada gürrüň beriň.
9. Türkmenistanda nähili esasy önümçilik serişdeleri öndürilýär?
10. Türkmenistanda nähili esasy sarp ediş önümleri öndürilýär?
11. Milli ykdysadyýetiň makroykdysady görkezijileri barada aýdyp beriň.
12. Jemi içerki önümiň üç usul boýunça hasaplanylyşy barada gürrüň beriň.

IV. PUL WE PULUŇ DOLANYŞYGY

§1. PULUŇ MAZMUNY, WEZIPELERI WE GÖRNÜŞLERI

1. Puluň mazmuny

Pul – munuň özi harytlar alyş-çalyş edilen mahalynda ählumumy deň dereje hyzmatyny ýerine ýetirýän aýratyn haryt bolup, ol alyş-çalşyň we gymmatyň görnüşiniň özakymlaýyn ösüşiniň önümidir. Puluň döremeginiň sebäbi haryt önümçiliginiň ösmegidir. Puluň döremegi bilen bütin haryt dünýäsi iki sany polýusa, ýagny harytlara we pula bölündi. Pul – bu gymmatyň hem-de jemgyýetçilik baýlygynyň ýüze çykmasy bolup durýar.

Alyş-çalşyň we gymmatyň görnüşleri ösdügiçe harytlar dünýäsinden ählumumy ekwiwalent hökmündäki pul görnüşinde maddylaşan bir haryt, ýagny pul bolup çykýar. Onuň natural görnüşinden ählumumy deň dereje hyzmaty ösüp ýetişýär. Gymmatyň ählumumy görnüşiniň pul görnüşine öwrülmegi jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ösýän şertlerinde bolup geçýär.

Häzirki zamanda beýleki harytlaryň hemmesini gysyp çykaryp, altyn aýratyn saýlanyp çykdy. Ol dünýä möçberinde pul harydy hökmünde öz monopoliýasyny gutarnykly berkarar etdi. Her bir beýleki harydyň bolşy ýaly, pul harydy, ýagny altyn, isleg ödeýiş gymmatyna we alyş-çalyş gymmatyna eýedir.

Öz nobatynda altynyň isleg ödeýiş gymmaty, beýleki harytlardan tapawutlylykda, ikä bölünýär. Bir tarapdan, altyn islendik isleg ödeýiş gymmatyna öwrülmek ukybyndan ybarat ählumumy isleg ödeýiş gym-

matyna eýedir. Başga bir tarapdan, altyn adaty isleg ödeýiş gymmatyna eýedir, ýagny ol tehniki maksatlar üçin, bezeg önümlerini ýasamak we ş.m. üçin peýdalanylýar.

2. Puluň wezipeleri we görnüşleri

Gymmat ölçegi. Puluň mazmuny onuň wezipelerinde ýüze çykýar. Puluň gymmat ölçegi hökmündäki wezipesi harytlaryň gymmatyny hil taýdan birmeňzeş we mukdar taýdan deňeşdirip bolýan ululyklar hökmünde aňlatmakdan ybaratdyr.

Harydyň gymmatynyň pulda aňladylmagy onuň gymmatynyň pul görnüşidir ýa-da onuň nyrhydyr. Nyrh hem iňňän möhüm ykdysady düşünje bolup durýar, çünki olaryň hereketi arkaly gymmat kanunynyň täsiri amala aşýar.

Harydyň nyrhyny kesgitlemek üçin ony pikiriňde altynyň bellibir mukdaryna deňleşdirmek gerek. Altynyň döwlet tarapyndan pul birligi hökmünde bellenýän bellibir agram mukdaryna nyrhlaryň masştaby diýilýär.

Nyrhlaryň masştabynyň ulanylmagy – bu altynyň dürli harytlaryň gymmatynyň laýyk gelýän dürli mukdarlarynyň pul birliginde berkidilen mukdar bilen ölçenmegidir. Nyrhlaryň masştaby döwletiň ygtyýary boýunça üýtgäp biler, şol bir wagtda gymmat ölçegi hökmünde pul döwlet häkimiýetine bagly bolmazdan, özakymlaýyn işleýär.

Dolanyşyk serişdesi. Dolanyşyk ýaýrawy giňeldilen üznüksiz önümçiligiň zerur basgançagy hökmünde harydyň we puluň, ýagny dolanyşyk hadysasynyň iki polýusynyň (iki tarapynyň) üznüksiz hereket etmegi bolup durýar. Jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginde ileri tutmaklyk önümçilige, dolanyşyk ýaýrawynda bolsa puluň hereketini şertlendirýän haryt hereketine degişlidir.

Harytlaryň «haryt–haryt» (H–H) formulasy boýunça gös-göni alyş-çalyş edilmegi hem-de «haryt–pul–haryt» (H–P–H) formulasynda haryt dolanyşygy diňe bir görnüşi boýunça däl, eýsem mazmuny boýunça-da tapawutlydyr. Haryt dolanyşygy mahalynda satyn alyş we satuw üzňeleşýärler, özbaşdak bolýarlar, aluw we satuw amallary eýýäm wagt taýdan hem, giňişlikde-de gabat gelmeýärler.

Aýry-aýry harytlaryň nyrhlary we ähli haryt toplumynyň nyrhlarynyň derejesi bazarda harytlaryň üznüksiz aluw-satuw amal-

laryndan emele gelýär. Diýmek, gymmat ölçeginiň emele geliş hadysasy puluň dolanyşyk serişdesi hökmünde işleýän hakyky alyş-çalyş hadysasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Toplaýyş serişdesi. Hazyna dörediş serişdesi hökmünde puluň wezipesi dolanyşyk hadysasynyň ol ýa-da beýleki bir ýagdaýlara görä arasynyň üzülmeginiň netijesinde ýüze çykýar. Meselem, eger haryt öndüriji öz harydyny satyp, düşen puly başga haryda öwürmedik bolsa, onda bu halatda pul dolanyşyk ýaýrawyndan gidýär, hazyna öwrülýär.

Toplaýyş we puluň bellibir döwürde dolanyşyk ýaýrawyndan alynmagy önümçilik hadysasynyň özi bilen, maýanyň aýlanyp çykmagynyň şertleri bilen şertlendirilendir. Önümçilik serişdeleriniň satyn alynmagy adatça, puluň hazyna hökmünde deslapdan toplanmagyny göz öňünde tutýar. Şonuň üçin her bir haryt öndüriji ol ýa-da başga bir derejede hazyna toplaýjy bolup durýar.

Puluň öz görnüşinde toplanmagy bilen bir hatarda hazynanyň altyndan we kümüşden ýasalan, emma gös-göni pul görnüşinde işlemeýän bezeg şaý-sepleri görnüşinde toplanmagy-da bolup geçýär. Hazynanyň şol görnüşiniň ösmegi puluň hödürlenmeginiň gizlin çeşmesini döredýär.

Töleg serişdesi. Haryt dolanyşygy hadysasynda puluň töleg serişdesi hökmündäki wezipesi-de ýüze çykýar. Şonda satyn alyş harydy deslapdan satmazdan amala aşyrylýar; şol pursatda zerur harydy öz harydyny deslapdan satmazdan we puly bolmazdan satyn almaklyk diňe haryt öndüriji tarapyndan haryt üçin töleg geçirmek möhletiniň gaýra goýlan ýagdaýynda edilip bilinýär. Şonlukda harydy ýerleşdirmegiň aýratyn görnüşi bolan karzyna satmaklyk ýüze çykýar. Möhletiniň dolmagy bilen bergidar karzdara alnan harydyň gymmatyny töleýär. Şu amalda pul töleg serişdesiniň wezipesini ýerine ýetirýär.

Pul haryt dolanyşygynyň daşynda, meselem, iş haky tölenende, dürli maliýe borçnamalary (zaýomlar, salgytlar boýunça, ýeriň ýa-da jaýlaryň kärendesi üçin we ş.m.) boýunça töleg geçirilende hem-de umuman, harytlaryň hereketiniň (H–P–H) howaýy aralykçysy hökmünde çykyş etmän, bir eýäniň elinden beýlekisiniň eline geçip,

4. Sargyt № 2612

özbaşdak hereket edýän halatlarynda-da töleg serişdesi hökmünde işleýär.

Dünýä puly. Haryt önümçiliginiň ösmegi we haryt alyş-çalşygynyň milli serhetleriň daşyna çykmagy puluň dünýä puly hökmündäki täze wezipesiniň ýüze çykmagyna deslapky şert bolup durýar.

Dünýä dolanyşygynda pul, ozaly bilen, töleg serişdesi we ählumumy satyn alyş serişdesi hökmünde hereket edýär, şonda töleg serişdesi wezipesi agdyklyk edýär. Çünki dünýä söwdasy iri lomaý söwda bolup durýar, onda harytlar karzyna satylýar ýa-da tersine, satyn alyjy haryt üçin tölegi öňünden geçirýär. Ondan başga-da, dünýä dolanyşygynda pul baýlygyň jemgyýetçilik maddylaşmasy hökmünde çykyş edýär. Çünki baýlyk bir ýurtdan beýleki ýurda ählumumy ekwiwalent bolan altyn görnüşinde ýeňil geçip bilýär. Her bir ýurt öz halkara tölegleri üçin altyn ätiýaçlyklaryna mätäçdir. Şonuň üçin aýry-aýry ýurtlaryň içinde pul hazyna hökmünde dünýä pulunyň ätiýaçlyk gory bolup durýar. Ol bu hyzmaty hazyna içerki dolanyşygyň özakymlaýyn düzgünleşdirijisi bolup hyzmat etmeýän mahalynda kagyz pul dolanyşygy şertlerinde-de ýerine ýetirýär.

Pul ählumumy ekwiwalent hökmündäki ideal (gymmat ölçegi) we nominal (dolanyşyk we töleg serişdesi) görnüşlerde-de, harydyň anyk, syzyp bolýan görnüşinde-de (hazyna, dünýä puly) ýüze çykýar. Ählumumy ekwiwalent hökmünde pul dürli görnüşli harytlary, işleri we hyzmatlary öndürmek üçin harçlanan jemgyýetçilik zähmetini özakymlaýyn hasaba almak wezipesini ýerine ýetirýär.

§2. PULUŇ ÖLÇEGLERI

Pul massasy – bu dolanyşyga goýberilen kagyz we metal pullaryň (gazna we bank biletleriniň) tutuş möçberidir.

Pul massasynyň umumy möçberinde nagt pullardan hem başga depozit pullar diýilýänleri, ýagny banklardaky gündelik hereket edýän hasaplarda bar bolan pul serişdeleri-de göz öňünde tutulýar.

Şonda nagt pullaryň massasy mydama hojalyk dolanyşygyndaky pul serişdeleriniň umumy möçberinden aýratyn bölünip çykarylýar.

Pul belgileri – bu dolanyşykda altynyň ýa-da kümşüň bellibir mukdarynyň ornuny tutýan gymmat belgileridir.

Pul belgileri, öz gymmatlary bolmazdan, dolanyşykda diňe altyn we kümüş pullary aňladyp çykyş edýärler. Pul belgileri görnüşinde doly bahaly däl (misden, nikelden we ş.m. edilen) monetalar, kagyz pullar çykyş edýärler.

Kagyz pullar – bu döwlet tarapyndan goýberilýän, mejbury hümmete eýe nominal belgilerdir. Olar dolanyşykda hakyky puluň, ýagny altynyň we kümşüň ornuny tutýarlar.

Puluň şonuň ýaly edilip çalşyrylmagynyň mümkinçiligi onuň tebigatyna laýyk gelýär. Çünki ol gymmatyň anyk aňlatmasy bolan puluň dolanyşyk serişdesi hökmünde (*H–P–H*) işlemeginiň pul harydynyň hökmany gatnaşmagyny talap etmeýän sap ideal ýüze çykyşy bolup durýan deň dereje görnüşiniň aýratynlyklaryndan gelip çykýar.

Pul maýasy – bu maýa hökmünde, ýagny goşmaça gymmat almak maksady bilen peýdalanylýan pullaryň möçberidir.

Pul maýasy pul görnüşinde bolýar. Ol diňe puluň hazyna, satyn alyş we töleg serişdesi wezipelerini ýerine ýetirýär hem-de olar bilen baglanyşykly tehniki amallara-da hyzmat edýär.

Pul maýasy bazardan önümçilik üçin zerur bolan dürli harytlary, işleri we hyzmatlary satyn almak üçin peýdalanylýar. Şunlukda, bu ýerde ol pul-haryt (*P–H*) hadysasyny amala aşyrýar. Onuň gaýdyp gelmegi jemleýji (*H–P*) tapgyrynyň netijesinde, ýagny harytlaryň, işleriň we hyzmatlaryň bazarda satylyşyna görä bolup geçýär.

Şeýlelikde, harytlary, işleri we hyzmatlary satyn almaga harçlanan pul maýasy goşmaça gymmatyň möçberindäki artan mukdarda öwrülip gelmelidir, bu pul maýasyny goýbermegiň ýeke-täk maksadydyr we höweslendirijisidir.

Pul maýasynyň hereketiniň iki, ýagny başlangyç we jemleýji tapgyrlary dolanyşyk ýaýrawynda amala aşýar hem-de giňeldilen üznüksiz önümçiligiň tutuşlygyna alnandaky bütin hadysasynyň zerur şerti bolup durýar. Diňe şol hadysa bilen baglylykda puluň ýönekeý wezipeleri maýanyň wezipeleri bolýar.

Pul görnüşinde hasaba alynýan pul maýasy maýanyň aýlawynyň ähli basgançaklaryny geçýär we herekete goýberilen pul maýasynyň aňrybaş peýda bilen gaýdyp gelmegini üpjün etmek maksadynda önümçilik işine gözegçilik edýär. Bu peýda bolsa diňe bir önümçiligiň barşynda zähmetiň peýdalanylyş derejesine däl, eýsem pul maýasynyň öz aýlawyndaky çaltlygyna-da baglydyr.

Bu işiň barşynda mydama agdyk pul maýasynyň bölünip çykmagy we onuň aýratyn görnüşi hökmündäki ssuda (karz) maýasyna öwrülmegi bolup geçýär. Ssuda maýasynyň hereketi banklaryň karz ulgamynyň we pul bazarynyň agdyk pul maýasyny we umuman, pul süýşürintgilerini herekete getirýän hem-de olary üznüksiz önümçilik üçin gerekli işleýän maýa öwürýän mehanizmi arkaly amala aşýar.

Pul harydy – bu özboluşly haryt bolup, alyş-çalyş hadysalarynyň ösmegi netijesinde onuň hakyky görnüşiniň gymmatynyň deň dereje görnüşi ösüp ýetişýär.

Ählumumy deň dereje hökmündäki pul harydy gymmatyň pul görnüşiniň maddy aňlatmasy bolup, ol özboluşly jemgyýetçilik häsiýetlerine eýedir we pula mahsus wezipeleri ýerine ýetirýär. Pul harydy harytlaryň ähli beýleki görnüşlerine garşy durýar. Onuň isleg ödeýiş gymmaty iki dürli aňladylýar. Altyn aýratyn isleg ödeýiş gymmaty bilen bir hatarda adaty haryt hökmünde bezeg önümlerini ýasamak üçin hem hyzmat edýär, tehnikada we ş.m. hem ulanylýar.

Haryt önümçiliginiň ösmegi ählumumy alyş-çalyş serişdesine bolan özboluşly jemgyýetçilik islegini döredýär. Pully bolmak bilen onuň eýesi islendik anyk islegini kanagatlandyryp bilýär. Altynyň hakyky isleg ödeýiş gymmaty-da şondan ybarat bolup, bu hem onuň pul hökmünde jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň görnüşi, haryt öndürijileriň arasyndaky ykdysady aragatnaşyklaryň görnüşi bolmagyndan gelip çykýar. Munuň özi altyny öz isleg ödeýiş gymmatyndan mahrum etmeýär, emma pul harydy hökmünde jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirýän pursadyndan onuň öz («substansional») isleg ödeýiş gymmaty hakykatda peýdalanylmaýar.

Haryt dolanyşygy mahalynda, bir tarapdan, pul harydynyň gymmat ölçegi we nyrhlaryň gerimi hökmünde sap ideal hereket etmegi, beýleki bir tarapdan bolsa, puluň käbir wezipeleri ýerine ýetirilende

gymmatyň bellenen nyşanlary bilen onuň ornunyň tutulmagy mümkin bolýar.

§3. PUL DOLANYŞYGYNYŇ KANUNY

Pul dolanyşygynyň umumy kanuny puluň dolanyşyk üçin zerur mukdarynyň haryt we pul dolanyşygy bar bolan önümçilik usullarynyň ählisinde hem-de islendik pul ulgamynda hereket edýän kanunydyr (gysgaldylyp aňladylyşy – *Mz* kanuny).

Pul dolanyşygynyň kanunynyň täsiri puluň dolanyşyk serişdesi hökmünde işleýändigine ýa-da töleg serişdesi hökmünde işleýändigine garamazdan, dolanyşyk üçin zerur puluň umumy möçberiniň barlygy bilen kesgitlenýär, ýagny dolanýan pullar aýlawyň bellibir orta tizligine eýe bolup, iki wezipäni-de ýerine ýetirýändiginden ugur alynýar.

Şonda pul massasynyň jemi köplügi iki bölege bölünýän ýaly bolýar, olaryň her birisiniň öz aýlanyş ýaýrawy hem-de aýratyn, düýpgöter tapawutlanýan aýlanyş tizligi bolýar. Puluň umumy mukdary bolsa jemi, ýagny bu iki bölegiň goşulan möçberini düzýär.

Pul dolanyşygynyň şeýle şerti, umuman, dünýädäki ähli ýurtlaryň maliýe ulgamlaryna laýyk gelýär, çünki banknotlar hem iki wezipäni, ýagny dolanyşyk serişdesiniň we töleg serişdesiniň wezipesini ýerine ýetirýärler.

Mz ululygyny düzgünleşdirmegiň we pul birliginiň durnuklylygyny üpjün etmegiň mehanizmi pul ulgamlarynyň dürli kysymlary mahalynda, hususan-da, metal pul, kagyz pul we banknot dolanyşygy ulgamlary mahalynda dürlüçe hereket edýär.

Altyn şaýy görnüşinde işleýän metal pul dolanyşygy şertlerinde dolanyşykdaky puluň hakyky massasy (gysgaldylanda *Mh*) mydama *Mz* ululygyna laýyk gelýär. Şonda dolanyşykdaky artyk pullar *Mz* köpelen mahalynda puluň dolanyşyga gelip düşýän ýeri bolup hyzmat edýän hazyna öwrülýär. Puluň gymmaty bolsa onuň dolanyşykdaky mukdaryna bagly bolmaýar, ol diňe pul harydynyň öz gymmaty bilen kesgitlenýär.

Pul belgileriniň goýberilişi *Mz* ululygynyň çygrynda çäklendirilen şertlerde onuň nominal we hakyky gymmatlary gabat gelýär hem-de pul belgileriniň durnuklylygy üpjün edilýär. Eger-de bu obýektiw talap bozulsa, onda dolanyşykdaky pul belgileri, gaýry şertler üýtgewsiz bolan mahalynda, dolanyşyga näçe köp goýberilýän bolsa, hakyky gymmata şonça az eýe bolar.

Kagyz pul dolanyşygy mahalynda puluň hümmetsizlenen ýagdaýynda pul dolanyşygynyň kanunynyň *Mz* bölegindäki täsiri ýüze çykýar. Şonuň netijesinde pul belgileriniň hümmetsizleniş hadysasy *Mh* ululygynyň *Mz* ululygyna laýyk gelmegi bolup geçýär.

Pul dolanyşygynyň kanunynyň ykdysadyýetdäki *Mz* dogrusyndaky täsiri üç sany ýüze çykmanyň birine syrygýar:

$Mh = Mz$ (1); $Mh > Mz$ (2); $Mh < Mz$ (3).

(1) formula ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň deňagramlylygyny aňladýar, şonda bu deňagramlylyk pul massasynyň şol ýyldaky *Mz* ululygyna laýyk gelýän artyşyny-da öz içine alýar.

(2) formula pul girdejileriniň bir böleginiň «harytlaşmaýandygyny», dolanyşykda artyk puluň emele gelendigini aňladýar. Dolanyş akabalarynyň pul bilen *Mz* ululygyndan artyk ($Mh > Mz$) doldurylmagy pul belgileriniň durnuklylyk talabynyň bozulandygyny aňladýar. Bu şertlerde puluň satyn alyjylyk güýjüniň peselmek, pul belgileriniň hümmetsizlenmek meýli hereket edip başlaýar.

(3) formula harytlaryň we ilata edilýän hyzmatlaryň ähli toplumyny ýerleşdirmek üçin ilatyň pul girdejileriniň ýetmezçilik edýändigini aňladýar. Şeýle bolan ýagdaýynda ilatyň girdejileriniň derejesiniň we möçberleriniň ýokarlandyrylmagy ýa-da harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň arzanladylmagy diňe bir mümkin bolman, eýsem zerur hem bolýar, şonuň netijesinde ykdysadyýet deňagramlaşdyrylan ýagdaýa getirilýär. Beýan edilen düzgünler dolanyşyk ýaýrawyny pul dolanyşygy kanunynyň esasynda düzgünleşdiriş tejribesini şöhlelendirýär.

Pul dolanyşygynyň kanunynyň nagt däl pul dolanyşygy ýaýrawyndaky täsiri baradaky mesele möhüm ähmiýete eýedir. Şonda pul dolanyşygy ýaýrawy üçin töleg serişdeleriniň bellibir massasy zerurdyr.

Bankyň karz amallarynyň esasynda döredilen nagt däl töleg serişdeleriniň agdyklygy ýa-da ýetmezçilik etmegi ykdysadyýetiň

ösüşine hem-de, degişlilikde, dolanyşykdaky nagt pullaryň massasyna bellibir ýagdaýda täsir edýär.

Emma nagt we nagt däl töleg serişdeleriniň mehaniki birikdirilmegi hem-de onuň *Mz* ululygynyň emele gelmeginiň bitewi şekiliniň esasynda düzgünleşdirilmegi bütin pul dolanyşygy üçin maksadalaýyk däldir, sebäbi kärhanalaryň we hojalyk guramalarynyň bankdaky hasaplarynda bar bolan pul serişdeleriniň möçberi diňe bir dolanyşygyň şu ýaýrawyndaky *Mz* ululygy bilen däl-de, eýsem beýleki şertler, ýagny puluň toplanylyşy we gaýtadan paýlanmagy, kärhanalaryň karzlaşdyrylyşynyň we maliýeleşdirilişiniň guralyşy we ş.m. bilen hem kesgitlenýär.

Pul dolanyşygynyň kanuny nagt däl hasaplaşyklar ýaýrawyndaky hereketiniň hasaba alynmagy karzlaşdyryş möçberiniň we hasaplaşyk hasaplaryndaky pul serişdeleriniň massasynyň nagt pul dolanyşygynyň möçberiniň ösüşine, diýmek, pul ulgamynyň durnuklylygyna ýetirýän täsiriniň kesgitlenmegini talap edýär.

Pul dolanyşygy. Pul dolanyşygy – bu puluň dolanyşyk ýaýrawyndaky üznüksiz hereketidir, onuň dolanyşyk we töleg serişdesi hökmündäki işlemegidir.

Pul dolanyşygy puluň ýüze çykmagy bilen emele gelipdir hem-de pul gatnaşyklaryny we pul dolanyşygyny düzgünleşdirmek esasynda amala aşyrylýar. Pul dolanyşygy her ýurduň pul ulgamynyň çygrynda bolup geçýär.

(*H–P–H*) formuladan (*H–P*) we (*P–H*) amallarynyň arasyndaky üzňeligiň mümkindigi gelip çykýar, ol bolsa satyn alynmazdan satuwy aňladýar. Ýönekeý pul dolanyşygynyň esasynda maýa hökmündäki puluň dolanyşygy (*P–H–P*) ösýär.

(*H–P–H*) formula boýunça haryt öndürijileriň zähmetiniň üznüksiz önümçiligi üçin zerur önümleriň ýerleşdirilmegi amala aşyrylýar.

Düzgünleşdirilýän ykdysadyýet şertlerinde pul dolanyşygy, esasan, söwdanyň üsti bilen sarp ediş önümleriniň agdyklaýyn zähmete görä paýlanyş hadysalaryna hyzmat edýär. Şonda (*P–H–P*) formulanyň mazmuny saklanyp galýar, emma bu ýerde ol kärhanalar tarapyndan sap girdeji öndürmegiň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän hadysasyny hem-de onuň lomaý we bölek satuw söwda mehanizminiň üsti bilen durmuşa geçirilmegini aňladýar.

Pul dolanyşygy hadysasy köp derejede maliýe-ykdysady syýasatyň ylmy taýdan näderejede esaslandyrylandygyna, ýagny iş tejribesinde bir wagtyň özünde pul ulgamynyň hem durnuklylygyny, hem giňeldilen üznüksiz önümçiligi üçin çeýeligini üpjün etmekden ötri, pul dolanyşygynyň obýektiw kanunalaýyklyklaryny näderejede dogry hasaba alýanlygyna baglydyr. Munuň üçin dolanyşykdaky pul we haryt massalarynyň ösüşinde ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň umumy deňeçerligi esasyndaky bellibir deňölçegliligiň berjaý edilmegi talap edilýär.

§4. DENOMINASIÝA WE ONUŇ DURMUŞ-YKDYSADY NETIJELERI

1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan mili pul bolan manadyň girizilmegi we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan milli walýutanyň denominasiýasynyň geçirilmegi Türkmenistanyň döwlet nyşany hökmünde-de, ýurduň ykdysadyýetiniň esasy hökmünde-de obýektiw zerurlyk bolupdy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli manadyň orny has hem aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Çünki ýurduň mundan beýläk hem ösmegi Halk Maslahatynyň adatdan daşary XXI mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, durmuş toplumyň özgerdilmegine, ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagyna, oba hojalygynyň ýokary galmagyna, telekeçiligiň goldanylmagyna, özgertmeleriň esasy ugrunyň sebitlere geçirilmegine gönükdirilýär. Şoňa laýyklykda, milli pul ulgamynyň rejeli işlemegi bilen baglanyşykly ençeme çäreler geçirildi.

Milli manadyň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, nyrhlaryň emele gelşini ýönekeýleşdirmek, ykdysadyýeti bazar şertlerine uýgunlaşdyrmak, hasaba alşy we hasaplaşyklary ýeňilleşdirmek, şonuň ýaly-da, döwlet serişdelerini tygşytlamak üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 27-nji awgustyndaky Permany bilen 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanda milli pul birliginiň denominasiýasy (pul belgileriniň gymmatynyň üýtgedilmegi) geçirildi.

Ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuşa geçirýän özgertmeleri, hususan-da, milli ykdysadyýetimiziň ýokary ösüş depginlerini, dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagyny we halkara hyzmatdaşlygyň netijeliliginiň artmagyny, ahyrky netijede bolsa halkyň maddy-hal ýagdaýynyň gowulanmagyny üpjün etmäge gönükdirilen milli manadyň denominasiýasynyň geçirilmegi bazar gatnaşyklaryna geçmekde we ýurduň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna goşulyşmagynda möhüm ähmiýete eýedir.

Denominasiýa – ykdysady nukdaýnazardan dolanyşykdaky pullaryň köne nusgalarynyň nominal gymmaty azaldylan täze nusgalaryna çalyşmak arkaly ýurduň pul birlikleriniň berkidilmegidir.

Denominasiýany geçirmegiň birnäçe ykdysady ähmiýeti bar. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

●manadyň hümmetini pugtalandyrmak;

●milli manadyň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak;

●nyrhlaryň emele gelşini ýönekeýleşdirmek;

●ykdysadyýetiň durnukly ösmegini üpjün etmek;

●täze milli pul birliginiň nominal düzümini halkara ülňülerine laýyk getirmek;

●nagt pul serişdeleriniň taýýarlanylmagy, saklanylmagy, daşalmagy bilen bagly çykdajylary azaltmak;

●töleg amallarynyň ähli görnüşleri üçin çykdajylaryň kemelmegine şert döretmek;

●hasaplaşyklary geçirmegi we statistik hasabatlary düzmegi ýeňilleşdirmek, şonuň ýaly-da, ýalňyşlyklaryň öňüni almak, wagty tygşytlamak;

●täze milli pul birliginiň goraglylygyny has ýokary derejede üpjün etmek;

● ýurduň we ilatyň maliýe taýdan durnuklylygyny has-da pugtalandyrmak.

Türkmenistanda 2009-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden ýurdumyzyň ykdysadyýetinde milli manadyň dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, nyrhlaryň emele gelşini ýönekeýleşdirmek we bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşdyrmak, hasaplaşyklary geçirmegi aňsatlaşdyrmak, döwlet serişdelerini tygşytlamak hem-de milli pul ulgamyny özgertmegiň netijeliligini üpjün etmek maksady bilen

geçirilen denominasiýa pul birlikleriniň nominal ölçeginiň 5 000 esse azaldylmagy görnüşinde geçirildi. Denominasiýa 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan dekabr aýynyň 31-i aralygynda amala aşyryldy. Şol döwürde milli manadyň köne nusgalary täze nusgalary bilen bir hatarda nagt hasaplaşyklaryň ähli görnüşlerinde kanuny töleg serişdesi hökmünde ulanyldy. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabry aralygynda Türkmenistanyň çäginde hereket edýän ähli banklarda milli puluň köne nusgalary täze nusgalara çäklendirilmedik möçberde çalşyldy. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan dolanyşyga girizilen täze türkmen milli manadynyň 1 manady dolanyşykdaky öňki 5 000 manada deň boldy.

Dolanyşyga täze türkmen milli manadynyň gymmaty 1, 5, 10, 20, 50, 100, 500 manat bolan banknotlar we 1, 2, 5, 10, 20, 50 teňňä deň şaýy pullary girizildi. Dolanyşyga girizilen täze pul birliklerinde türkmeniň beýik şahsyýetleriniň şekilleri ýerleşdirilen. Gymmaty 1 manada deň banknotda Togrul beg Türkmeniň, 5 manatda Soltan Sanjar Türkmeniň, 10 manatda Magtymguly Pyragynyň, 20 manatda Görogly beg Türkmeniň, 50 manatda Gorkut ata Türkmeniň, 100 manatda Oguz han Türkmeniň we 500 manatda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň şekili ýerleşdirilendir.

Türkmenistanyň 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan dolanyşyga girizilen täze türkmen milli manady ýurduň maliýe taýdan durnuklylygynyň pugtalanmagyny üpjün etdi.

Denominasiýanyň üstünlikli geçirilmegine harytlaryň täze puldaky nyrhlarynyň durnuklylygyny üpjün edýän çäreler, ýagny döwletiň elinde azyk harytlarynyň iri gorlarynyň jemlenmegi we olaryň düzgünleşdirilýän nyrhlar boýunça giňden satylmagy, senagat harytlarynyň söwdasynyň giňeldilmegi we berk pula geçilen mahalynda ol harytlaryň bölek satuw nyrhlarynyň hökman arzanladylmagy, iş haky boýunça «haryt görnüşindäki» (ýagny harytlaryň nyrhlarynyň indeksleri boýunça) hasaplaşyklaryň ýatyrylmagy, ähli bölek satuw kärhanalary tarapyndan nyrhlaryň jemagata aýdyň ýetirilmeginiň girizilmegi we beýlekiler ýardam etdi.

Denominasiýa geçirmegiň netijesinde pul nyşanlarynyň bellenilen gymmatynyň üýtgemegi, pul birliginiň ady özgerdilmezden pugtalanmagy, şeýlelikde, töleg dolanyşygyny, hasaba alşy we hasaplaşyklary ýönekeýleşdirmek we ýeňilleşdirmek maksady bilen

nyrhlaryň masştabynyň özgerdilmegi, milli manadyň doly bahaly görnüşe girmegi amala aşyryldy.

Milli puluň denominasiýasy ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagy we ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, şonuň ýaly-da, milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy bilen utgaşykly geçirildi.

Döwletleriň bazar ykdysadyýetine barýan ýolda sezewar bolýan çözülmesi kyn meseleleriniň biri hümmetsizlenmek (inflýasiýa) meselesidir.

Hümmetsizlenmek – bu dolanyşykda kagyz pullaryň harytlaryň hödürlenilen möçberinden artykmaçlygydyr ýa-da kagyz puluň haryt dolanyşygynyň gereginden artyk çykarylmagy netijesinde hümmetiniň gaçmagydyr.

Puluň hümmetsizlenmeginiň esasy sebäbi – bu pul belgilerini dolanyşyga goşmaça goýbermek. Puluň hümmetsizlenmegini onuň dolanyşyga goýberilişini kemeltmek, söwda we pul dolanyşyklary ýaýrawyny düzgünleşdirmek, şonuň ýaly hem nyrhlaryň bitewi ulgamyny we pul birliginiň durnuklylygyny dikeltmek arkaly togtatmak mümkin.

Hümmetsizlenmegiň ýaramaz durmuş-ykdysady netijelerinden we onuň weýran ediji täsirinden gaça durmak üçin pul dolanyşygynyň öz wagtynda düzgünleşdirilmegi gerek, munuň üçin bolsa hümmetsizlenmäge garşy çäreleriň gözlenilmegi we kabul edilmegi talap edilýär.

Hümmetsizlenmegiň depginlerini peseltmek üçin şular maslahat berilýär: nyrhlaryň ýokarlanmagynyň we dolanyşykdaky pul massasynyň artmagynyň çäklendirilmegi; karz we maýa goýum syýasatynyň işjeňleşdirilmegi; berk býujet syýasatynyň ýöredilmegi we başgalar. Şeýle hem hümmetsizlenmäge garşy milli maksatnamanyň, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taýýarlanylmagyna we kabul edilmegine artykmaçlyk berilmegi-de zerur, çünki munuň özi makroykdysady durnuklylaşmanyň we ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmagyň täze derejesine çykylmagydyr.

Şonuň bilen baglylykda maliýe we pul syýasatynda ýurt şu ýörelgelerden ugur alýar: denominasiýanyň pul ulgamyny pugtalandyrmak üçin geçirilmegi; mili puluň hümmetiniň durnuklylaşdyrylmagy; söwdanyň we pul dolanyşygynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi; döwletiň çykdajylaryny ýapmak üçin kagyz puluň dolanyşyga goýberilmeginden ýüz öwrülmegi.

Milli puluň denominasiýasy ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagy we ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, şonuň ýaly-da, milli ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy bilen utgaşykly amala aşyrylmaly.

Meseläni işjeň çözmegiň şertleri: hümmetsizlenmegiň ösüş depginleriniň aýgytly peseldilmegi; haryt we pul dolanyşygynyň barabarlygy; içerki bazarda tölege ukyply deňagramlylygyň kadalaşdyrylmagy; bazar mehanizminiň durnuklylaşdyrylmagy; nyrhyň emele gelşiniň çeýe ulgamynyň döredilmegi we milli manadyň doly bahaly bolmagynyň pugtalandyrylmagy.

Çözgüt: hümmetsizlenmäge garşy milli maksatnamanyň hem-de degişli kadalaşdyryjy kanunçylyk namalarynyň taýýarlanylmagy we kabul edilmegi.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Pul diýip nämä düşünýärsiňiz?
2. Puluň görnüşleri barada gürrüň beriň.
3. Pul haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Puluň haýsy ölçeglerini bilýärsiňiz?
5. Pul dolanyşygynyň kanunynyň mazmuny nämeden ybarat?
6. Pul dolanyşygynyň näme esasynda amala aşyrylýandygy barada aýdyp beriň.
7. Denominasiýa diýip nämä düşünýärsiňiz?
8. Denominasiýany geçirmegiň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
9. Täze türkmen milli manadynyň nähili banknotlaryny bilýärsiňiz?
10. Hümmetsizlenmek, onuň sebäbi we ony peseltmegiň ýollary barada gürrüň beriň.

V. NYRH WE NYRHLARYŇ ULGAMY

§1. NYRH WE NYRHYŇ EMELE GELŞI

Nyrh – harydyň gymmatynyň pul görnüşindäki aňlatmasydyr. Nyrh harytlary öndürmek üçin harçlanan jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlarynyň ululygyny gytaklaýyn ölçemek üçin hyzmat edýän düýpli ykdysady düşünjedir.

Nyrhlaryň derejeleriniň we mynasybetleriniň, olaryň wagtyň geçmegi bilen üýtgemeginiň esasynda nyrhyň gymmatyň töweregindäki hereket etmeginiň kanunalaýyklygyny kesgitleýän gymmat kanuny durýar.

Gymmat kanuny nyrhyň hereket ediş kanunydyr, emma bu nyrhyň mydama we her bir haryt boýunça gymmaty bilen gabat gelýändigini aňlatmaýar. Harydyň alyş-çalyş gymmaty wagt we giňişlik taýdan has işjeňdir.

Nyrhda harydyň gymmatynyň ululygy-da, onuň berlen şertlerde harydyň aýrybaşgalaşdyrylmagy bilen ugurdaş bolup geçýän gyşarmasy-da beýanyny tapyp bilýär. Emma tutuşlygyna alnanda, bütin haryt massasynyň derejesinde wagtyň uzak dowamynda bu gyşarmalar düzlenýär hem-de ähli harytlaryň nyrhlarynyň jemi olaryň gymmatlarynyň jemine gabat gelýär.

Nyrhyň gymmatyň ululygyna mukdar taýdan gabat gelmezliginiň ýa-da onuň gymmatyň ululygyndan gyşarmagynyň mümkinçiligi eýýäm nyrhyň öz görnüşinde berkidilendir. Şonuň bilen hem nyrhyň gymmatdan mukdar taýdan gyşarmasy kesgitlenilýär.

Nyrhyň gymmatdan gyşarmagynyň anyk mehanizmi we görnüşleri önümçilik gatnaşyklarynyň häsiýetine, harytlara bildirilýän hyrydarlygyň we olaryň hödürlenişiniň nyrha edýän täsiriniň dereje-

sine, nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň mümkinçiliklerine, durmuş şertlerine, dolanyşykdaky kagyz pullaryň mukdaryna baglydyr.

Hyrydarlygyň we hödürlemäniň täsiri nyrhyň gündelik üýtgäp durmagyny şertlendirýär. Hyrydarlygyň artmagy nyrhyň derejesiniň gymmata görä ýokarlanmagyna, hödürlemäniň artmagy bolsa onuň gymmata görä aşaklamagyna getirýär. Eger hyrydarlyk we hödürleme deňagramlaşsa, deňölçeglilik nyrhy emele gelýär.

Hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky gabat gelmezlik diňe bir nyrha däl, eýsem gymmata-da täsir edýär. Hyrydarlygyň kemelip, nyrhyň aşak düşmegi harydy öndürmäge harçlanýan iş wagtynyň kemeldilmegini höweslendirip hem-de gymmatyň peselmegine getirip biler.

Artýan hyrydarlyk harydyň öndürilişiniň ýaramaz şertlerde-de artdyrylmagyna itergi berýär. Bu bolsa indiwidual gymmaty ýokary bolan harytlaryň tutýan paýynyň köpelmegine getirýär. Netijede, gymmat we nyrh ýokarlanýar.

Ykdysady ösüşi çaklaýyş we maksatnamalaşdyryş tejribesi giňeldildigiçe nyrhlary düzgünleşdirmegiň meseleleri nyrhyň üýtgeýşiniň ösüşini, çäklerini, olaryň ösüş depginlerini we ş.m. göz öňünde tutýan maksatnamalaryň düzüm bölegine öwrülýär.

Nyrhyň emele gelşi – bu nyrhlaryň, olaryň derejeleriniň, mynasybetleriniň, düzüminiň emele geliş we üýtgeýiş hadysasydyr. Nyrhlaryň emele gelmeginiň we hereketiniň esasynda gymmat kanuny durýar. Gymmat kanuny we beýleki özboluşly ykdysady kanunlar nyrhlaryň emele geliş we düzgünleşdiriliş hadysalaryna täsir edýär.

Ykdysady babatda nyrh harytlary we hyzmatlary, olary öndürmäge we ýerlemäge çykarylýan jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryna laýyklykda guramaçylykly ekwiwalent (deňölçegli) alyş-çalyş etmegiň obýektiw şertini aňladýar. Nyrhlaryň ulgamy bolsa ykdysady dolandyryşyň kuwwatly guraly bolup hyzmat edýär hem-de önümçiligiň netijeliligine, zähmetiň we sarp edişiň ölçegine gözegçilik etmek üçin işjeň peýdalanylyp bilner.

Nyrhyň emele geliş nazaryýeti. Nyrhyň emele geliş nazaryýetiniň esasynda ykdysady taglymat, onuň alyş-çalyş boýunça

möhüm düzgünleri, gymmat kanuny, şonuň ýaly-da, gymmatyň we nyrhlaryň emele gelşiniň we hereketiniň kanunalaýyklyklary durýar.

Nyrhlaryň hereketini dolandyryş işi gymmatyň we nyrhlaryň hereketiniň kanunalaýyklyklaryny we şertlerini bilmeklige hem-de peýdalanmaklyga daýanýar. Umumy kanunalaýyklyk jemgyýetçilik zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy netijesinde harydyň birliginiň gymmatynyň ýuwaş-ýuwaşdan aşaklamagyndan, jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliliginiň ýokarlanmagyndan ybaratdyr.

Nyrhyň emele gelşi babatyndaky barlaglar giň ösüşe eýe boldy. Bazar özgertmelerine çenli ýaýbaňlanan çekişmeleriň barşynda nyrhyň emele gelşiniň dürli konsepsiýalary öňe sürüldi: alymlaryň bir topary meýilnamalaýyn nyrhlaryň esasyna gös-göni gymmatyň goýulmagyny, beýlekileri öndürişiň bahasynyň goýulmagyny, üçünjileri orta ölçege getirilen gymmatyň goýulmagyny, dördünji birleri bolsa üznüksiz önümçiligiň bahasynyň goýulmagyny öňe sürüpdirler. Şeýlelikde, «Optimal meýilnamanyň nyrhlary» konsepsiýasy-da esaslandyrylypdy. Alymlar tarapyndan maslahat berlen şu formula ykrar edildi:

$$S = C + W(1+p') + ekF,$$

bu ýerde S – gymmatyň modifikasiýasy, nyrhyň gös-göni esasy;

C – önümçiligiň maddy harajatlary;

W – önümçilikdäki işgärleriň zähmet haky;

p' – häzirki zähmetiň netijeliliginiň kadasy;

e – esasy önümçilik gaznalarynyň netijeliliginiň ortaça kadasy;

k – esasy önümçilik gaznalarynyň netijeliliginiň olaryň düzümine we aýry-aýry bölekleriniň ortaça ykdysady netijeliligine baglylykdaky dürlüleşme koeffisiýenti;

F – aýyrmaly önüm öndürilende peýdalanylýan esasy önümçilik gaznalary.

Bu formula öz wagtynda lomaý nyrhlaryň özgertmesiniň esasyna goýlan nyrh modeli işlenip düzülende peýdalanylypdy.

Nyrhyň emele gelşi ykdysadyýeti dolandyrmagyň iňňän möhüm gurallarynyň biridir. Nyrhlar syýasaty şulara gönükdirilendir:

● nyrhlaryň önümleriň dürli görnüşlerini öndürmäge çykarylýan jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryna ýakynlaşdyrylmagy. Munuň

özi ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň netijeliligine baha bermäge mümkinçilik berýär;

● ylmy-tehniki ilerlemäniň we önümiň hiliniň gowulandyrylmagynyň, täze tehnikany we tehnologiýalary döretmegiň hem-de ornaşdyrmagyň, serişdeleri tygşytly peýdalanmagyň, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň ykdysady taýdan höweslendirilmegi;

● ilatyň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna, ýurduň dürli sebitlerinde ýaşaýyş derejesiniň gyradeňleşmegine itergi berilmegi;

● daşary ykdysady aragatnaşyklaryň, özara peýdaly halkara zähmet bölünişiginiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy.

Nyrhyň esasynda harydyň jemgyýetçilik gymmaty, önümi öndürmek we ýerlemek üçin çykarylýan jemgyýetçilik zerur harajatlaryň ýurt (ýa-da zolak, sebit) boýunça ortaça möçberi durýar. Gymmatyň ululygynyň mydama üýtgeşmelere sezewar bolýanlygy sebäpli, nyrhlara döwürleýin gaýtadan seredilip durulmalydyr. Harytlaryň we hyzmatlaryň käbir toparlary boýunça nyrhlaryň gymmatdan gyşarmagynyň maksadalaýyklygy ykrar edilýär, munuň özi ykdysady, oba hojalyk ýa-da durmuş syýasatynyň anyk wezipeleri bilen şertlendirilendir.

Bazar ykdysadyýeti mahalynda nyrhyň emele geliş mehanizmi birneme tapawutly häsiýete eýedir. Bazarda hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybetiniň täsiri astynda emele gelýän nyrhlar ykdysadyýetiň düzgünleşdirilmeginde we ösmeginde möhüm ähmiýete eýedir. Nyrhyň gös-göni esasy bolup, gymmat däl-de, öndürişiň bahasy hyzmat edýär.

Bazar ykdysadyýeti mahalynda nyrhyň emele geliş mehanizminiň kömegi bilen:

● hyrydarlygy kanagatlandyrylmaýan we nyrhlary ýokarlanýan harytlaryň öndürilişini artdyrmak hem-de ol ýa-da beýleki harytlaryň agdyk öndürilmeginiň netijesinde nyrhlar pese düşen mahalynda önümçiligi kemeltmek we ony başga ugurlara gönükdirmek arkaly jemgyýetçilik önümçiliginiň deňölçeglilikleri düzgünleşdirilýär;

● otnositel goşmaça gymmat kanuny durmuşa geçýär, ýagny zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy netijesinde işgärler tarapyndan satyn alynýan harytlaryň we hyzmatlaryň arzanlamagy işçi güýjüniň

gymmatynyň aşaklamagy üçin, zerur iş wagtynyň kemelmegi we goşmaça iş wagtynyň köpelmegi üçin esas bolup hyzmat edýär.

§2. GYMMAT KANUNY WE NYRH

Gymmat kanuny – bu haryt önümçiliginiň ykdysady kanuny bolup, ol harytlaryň öndürilişini we alyş-çalşyny olaryň jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryna laýyklykda şertlendirýär. Gymmat kanuny nyrhlaryň kanuny hökmünde ýüze çykýar. Nyrh gymmatyň pul görnüşindäki aňladylmagy, harytlary öndürmek üçin çykarylýan jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlarynyň aňladylmasy bolup durýar.

Alyş-çalşyk deň derejede mahalynda geçen we häzirki zähmetiň öwezi doldurylýar, üznüksiz önümçilik üçin şertler döredilýär, indiwidual harajatlary azaltmaga, zähmeti tygşytlamaga höweslendirme ýüze çykýar. Eger-de alyş-çalşyň deň derejesi bozulsa, haryt öndürijiler öz harajatlarynyň öwezini dolduryş mümkinçiliginden mahrum bolýarlar, olaryň önümçiligi kämilleşdirmäge we ösdürmäge gyzyklanmasy peselýär.

Gymmat kanuny önümçiligiň düzgünleşdirijisi hökmünde çykyş edýär. Meselem, nyrhlaryň gymmatyň töwereginde üýtgäp durmagy haryt öndürijileri ol ýa-da başga bir harytlaryň önümçiligini artdyrmaga ýa-da kemeltmäge mejbur edýär. Bu bolsa zähmetiň we önümçilik serişdeleriniň ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasynda gaýtadan paýlanmagyna getirýär.

Emma nyrhlar diňe gymmat kanunynyň täsiri astynda emele gelmeýär. Munuň özi jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlarynyň üýtgemeginiň hemme halatlarynda nyrhlaryň öz-özünden üýtgemeýändigini aňladýar. Nyrhlar jemgyýet üçin zerur ykdysady deňölçeglilikleri kemala getirmegiň we goldap saklamagyň iňňän möhüm guraly bolup durýar.

Gymmat kanunynyň täsiri kärhanalary önümleriň jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryna laýyklykda öndürilmegine nazarlandyrýar we harytlaryň indiwidual gymmatyny peseltmäge, ylmy-tehniki ilerlemäni çaltlandyrmaga, iş wagtynyň ähli çäreler arkaly tygşytlanmagyny üpjün etmäge iterýär.

5. Sargyt № 2612

Gymmat kanunynyň täsiri zähmet harajatlarynyň gymmat görnüşinde hasaba alynmagynyň zerurlygynda ýüze çykýar.

Gymmat we nyrh. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen nyrh ählumumy häsiýete eýe bolýar. Ähli önümler diýen ýaly, şonuň ýaly-da, bahasy öz mazmunyny iş hakynda tapýan işçi güýji gymmaty we nyrhy bolan harytlara öwrülýär. Şunlukda, gymmatyň üýtgemegi bolup geçýär, nyrh gös-göni esasy üýtgeşmelere sezewar bolýar. Öndürişiň bahasy ýüze çykýar.

Öndürişiň bahasyna esaslanýan alyş-çalşyň obýektiw şerti bolup, nyrh emele geliş ulgamynyň özgermeginiň we öndürişiň bahasynyň emele gelmeginiň iňňän möhüm guraly bolan ilerleýjilikli senagat ösüşi hyzmat edipdi.

Öndürişiň bahasynyň emele gelmeginiň mehanizmi önümçiligiň (pudaklaryň) dürli ýaýrawlarynda peýdanyň kadasynyň üýtgeýşine laýyklykda, maýanyň ondan-oňa akyp geçmegi arkaly amala aşýan pudagara bäsdeşligine esaslanýar.

Harydyň gummaty şu formula bilen kesgitlenýär:

$$G = S + Z + P,$$

bu ýerde S – haryt öndürilen mahalynda harçlanan önümçilik serişdeleriniň geçirilen gymmaty;

$Z+P$ – zerur zähmet bilen döredilen gymmatdan (Z) we goşmaça gymmatdan (P) durýan häzirki zähmet arkaly täze döredilen gymmat.

Harytlar bazar nyrhlary boýunça ýerlenende harytlaryň nyrhy gymmaty bilen gabat gelýär $(Nb = G)$. Şeýle bolan halatynda goşmaça gymmat öndürilen mahaly özüniň döredilen harytlarynyň ol ýa-da başga bir görnüşleriniň nyrhynda dolulygyna emele gelýär.

Harydyň gymmatynyň birinji özgermesi önümçilik harajatlarynyň gymmatynyň düzümindäki aýrybaşgalaşmakdan $(S+Z)$ ybarat, ol hem gymmatyň tutuş öndürilişine dahylly ýaly görnüş berýär. Önümçilik harajatlarynda üýtgemeýän we üýtgeýän maýanyň arasyndaky tapawut ýitýär hem-de şunlukda gymmatyň we goşmaça gymmatyň hakyky çeşmesi bolan zähmet göze görünmän galýar.

Ikinji özgerme gymmatyň önümçilik harajatlaryndan artyk bölegi bilen, ýagny goşmaça gymmat bilen bolup geçýär. Harydyň gymmatynyň ony öndürmäge çykarylan harajatlardan artyk gelýän bölegi hökmündäki goşmaça gymmat – bu harydy öndürmäge çy-

karylan maýanyň gymmatynyň artyşydyr. Ähli goýberilen maýanyň ýüze çykaran zady görnüşinde görkezilýän goşmaça gymmat öz özgeren görnüşine, ýagny peýda görnüşine eýe bolýar.

Iri senagatyň ösmegi maýanyň ony goýmagyň aýry-aýry ýaýrawlaryndaky organiki gurluşyndaky tapawutlary şertlendirýär. Şolar ýaly şertlerde bazar nyrhlarynyň gymmata gönükdirilmegi deň möçberde goýberilen maýa (*K*) üçin peýdanyň kadasynyň (*p*') birmeňzeş bolmazlygyna getirýär.

Maýanyň pudaklar arasyndaky ondan-oňa akyp geçmesi netijesinde peýdanyň kadasyndaky bu tapawutlar peýdanyň ortaça kadasynyň emele gelmegi üçin nyrhyň gymmatdan durnukly gyşarmalary arkaly düzlenýär.

Netijede, bazar nyrhlarynyň gös-göni esasy öndürilen bahasy bolýar:

$$B_{ö} = K_o + p' K,$$

bu ýerde $K_0 = S + Z$ – harydyň önümçilik harajatlary;

p' – peýdanyň ortaça kadasy;

K – goýberilen maýa.

Öndürilen baha bilen şulary bellemek gerek:

– Öndürilen bahasyna geçilmegi maýanyň ýokary organiki gurluşy bilen tapawutlanýan pudaklarda giňeldilen üznüksiz önümçilik üçin ykdysady şertleri üpjün etmegiň özboluşly usulydyr.

– Öndürilen bahasy baradaky nazaryýetiň ösmegi bilen önümçilik harajatlarynyň kesgitlemesi düýpli özgerýär. Berlen önümçilik aýlawynda sarp edilen önümçilik serişdeleri önümçilik harajatlaryna gymmaty boýunça däl-de, öndürilen bahasy boýunça girýärler.

– Öndürilen bahasynda gymmatyň özgermegi gymmat kanunynyň täsirini togtatmaýar. Öndürilen bahasy mahalynda gymmatyň çeşmesi üýtgemeýär. Edil şonuň ýaly-da, ortaça peýdada goşmaça gymmatdan başga gelip çykyş mazmuny ýok.

Öndürilen bahasynyň hereketi gymmatyň hereketi bilen kesgitlenýär. Gymmatyň ululygyna täsir edýän şertler, ozaly bilen, zähmet öndürijiligi öndürilen bahalaryna-da täsir edýär. Şu ýerden gymmat kanunynyň öndürilen bahasyny düzgünleşdirýänligi-de aýdyň görünýär.

§3. BAZAR NYRHLARYNYŇ ULGAMY

Deňagramlylyk nyrhy – bu hyrydarlyk bilen hödürleme gabat gelen mahalyndaky bazar nyrhydyr. Deňagramlylyk nyrhy jemgyýetçilik önümçiliginiň deňölçegliliklериniň özakymlaýyn bazar düzgünleşdirmesi mahalynda jemgyýetçilik gymmatynyň hereketiniň, bazar nyrhynyň, hyrydarlygyň we hödürlemäniň aralaryndaky özara baglanyşyklary şöhlelendirýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde hyrydarlygyň we hödürlemäniň deňagramly bolmagy paýlaýyşyň we alyş-çalşyň bütin nazaryýetiniň süňňüne siňen esas goýujy pikirdir, bazar (nyrh) düzgünleşdirişiniň jemleýji netijesidir we öňünden kesgitlenen maksadydyr.

Deňagramlylyk nyrhynyň emele geliş şertleri nyrhyň täze nusgawy nazaryýetinde ýa-ha üzňeleşen hojalyk birligi (kärhana, kiçeňräk pudak) babatynda bölekleýin deňagramlylyk ýörelgesi esasynda (R. Marşall, J. Hiks), ýa-da tutuş hojalyk ulgamy babatynda (M. Walrasyň, W. Parettonyň, J. Fon Neýmanyň umumy deňagramlylyk nusgalary) barlag edilýär.

Hyrydarlyk nyrhy – bu hyrydarlygyň we hödürlemegiň «satyn alyjynyň bazary» emele gelendäki ýagdaýy mahalynda ýüze çykýan bazar nyrhydyr.

Hyrydarlyk nyrhy jemgyýetçilik gymmatynyň, bazar nyrhynyň hereketi bilen hyrydarlygyň möçberiniň aralaryndaky özara baglanyşygy aňladýar, bazar nyrhynyň emele gelmeginiň üýtgewsiz hyrydarlyk bilen üýtgeýän hödürlemäniň dürli utgaşmalary mahalyndaky pursadyny belleýär.

Bazar gymmatynyň ösüşi we harytlary satmagyň şertleriniň degişlilikdäki üýtgeýşi tölemäge ukyply islegiň araçäklerine we onuň haryt massasyny aradan aýyrmaga bolan ukybyna täsir edýär.

Hyrydarlyk nyrhy bellibir görnüşdäki harytlaryň massasyny öndürmäge harçlanan jemgyýetçilik zähmetiniň mukdary şol harydyň kömegi bilen kanagatlandyrylmaly jemgyýetçilik isleginiň möçberinden, ýagny tölemäge ukyply jemgyýetçilik isleginden esli artmagy netijesinde derejesi bazar gymmatynyň derejesinden pes bolan bazar nyrhy hökmünde kesgitlenýär.

Eger nyrh ýokarlanýan bolsa, onda gaýry şertler deň bolan mahalynda, degişli haryda bolan hyrydarlyk peselýär hem-de tersine bolanda ýokarlanýar. Bazar özünde hereket edýän nyrhlary hödürlemäniň hakyky derejesine tarap özakymlaýyn itekleýär, şunlukda hyrydarlygy tötänleýin emele gelen hödürleme bilen deňleşdirýär.

Hyrydarlygyň ululygynyň nyrhyň üýtgeýşine duýgurlygynyň yzygiderli öndümli bolmagy hyrydarlygyň nyrh boýunça çeýeligi bilen häsiýetlendirilýär. Hyrydarlygyň nyrh boýunça çeýeliginiň koeffisiýenti hyrydarlygyň üýtgeýşiniň nyrhyň şol hyrydarlygyň üýtgememegine getiren üýtgeýşine gatnaşygydyr.

Hödürlemek nyrhy – bu hyrydarlygyň we hödürlemegiň «satyjynyň bazary» emele gelendäki ýagdaýy mahalynda ýüze çykýan bazar nyrhydyr.

Hödürlemek nyrhy jemgyýetçilik gymmatynyň, bazar nyrhynyň hereketi bilen harytlaryň hödürleniş möçberiniň aralaryndaky özara baglanyşygy aňladýar. Ol bellibir görnüşdäki harytlaryň massasyny öndürmäge harçlanan jemgyýetçilik zähmetiniň mukdarynyň şol harydyň kömegi bilen kanagatlandyrylmaly jemgyýetçilik isleginiň möçberinden esli az bolmagy netijesinde derejesi bazar gymmatynyň derejesinden ýokaralanýan bazar nyrhy hökmünde kesgitlenýär.

Bazar nyrhynyň hödürlemek nyrhy hökmünde emele gelýän bazar ýagdaýy harytlaryň hödürlenişiniň giňelmegini höweslendirýär. Bazar nyrhynyň peselmegi bilen bile bolup geçýän pudagara bäsdeşliginiň we maýalaryň ondan-oňa akyp geçmeginiň netijesi haryt hödürlemesiniň kemelmegine getirýär.

Öndürilen bahasy – bu öndürilen harydyň önümçilik harajatlarynyň we ähli goýberilen maýa üçin alnan ortaça peýdanyň jemine deň bolan nyrhy, ýagny harydyň gymmatynyň özgerdilen görnüşidir.

Gymmatyň öndürilen bahasyna öwrülmegi uzaga çekýän taryhy hadysadyr. Bu hadysanyň başyny ýönekeý haryt hojalygy goýdy, şonda zähmetiň önümleri gymmata golaýlaşýan ýa-da oňa gabat gelýän nyrhlar boýunça alyş-çalyş edilipdir. Diňe iri senagatyň güýçli ösmegine getiren senagat öwrülişigi netijesinde gymmatyň öndürilen bahasyna öwrülmegine zerur deslapky şertler emele geldi.

Öndürilen bahasy gymmatdan düzüm taýdan hem, ululygy boýunça-da tapawutlanýar. Harydyň gymmaty zähmet harajatlary bi-

len, öndürilen bahasy bolsa maýanyň harajatlary bilen kesgitlenýär. Öndürilen gymmatynda hasyl bolýan peýdanyň ululygy, düzgün bolşy ýaly, şol pudakdaky hakyna tutma işçileriň zähmeti bilen döredilýän peýdanyň massasyna gabat gelmeýär.

Öndürilen bahasynyň gymmatdan tapawutlanmagy olaryň dürli çeşmeleriniň bardygy bilen däl-de, gymmatyň we goşmaça gymmatyň ähli öndürijileriň arasynda gaýtadan paýlanyşynyň şertleri bilen düşündirilýär. Öndürilen bahasy harydyň özgerdilen gymmatynyň görnüşidir.

Şeýlelik bilen, gymmat we öndürilen bahasy harçlanan zähmete gös-göni bagly bolup durýar.

Ýerleniş nyrhy – bu ýerlenen harydyň öndüriji tarapyndan satylýan nyrhydyr. Ýerleniş nyrhy, düzgün bolşy ýaly, preýskurant (ugur alyş) nyrhlaryndan üýtgeýär.

Bazar ykdysadyýeti mahalynda ýerleniş nyrhy satyjy bilen satyn alyjynyň ylalaşygy arkaly bellenýär. Şu ýagdaýda ýerleniş nyrhy ugur alyş nyrhyna esaslanýar, emma şol bir haryt üçin onuň ululygy aýry-aýry sarp edijiler üçin tapawutlanyp biler.

Ýerleniş nyrhynda önümiň hili, haryt tapgyrynyň möçberi, gaplanyş şertleri, ýüki ätiýaçlandyrmagyň tertibi we ş.m. hasaba alynýar. Mysal üçin, sementi ýerlemegiň nyrhy ýüki ibermegiň şertleri (wagonlara ürgün görnüşde ýükläp ýa-da gaplap ibermek) bilen kesgitlenýär.

Ýerlenişiň anyk nyrhlary öndürijileriň ýerlän önümleriniň möçberini hasaplamak üçin ulanylýar. Ahyrky ýerleniş nyrhlary aýlanyşyk ýaýrawynyň harajatlaryny hasaba almak bilen sarp edijilerde emele gelýär, aýry-aýry önümler boýunça ahyrky ýerleniş nyrhlary goşulan gymmat üçin salgydy-da öz içine alýar.

§4. NYRHLARYŇ GÖRNÜŞLERI

Nyrhlaryň görnüşleri özara baglanyşykly we biri-birleriniň üstüni ýetirýän nyrhlaryň ulgamydyr. Olar birnäçe alamatlar boýunça toparlara bölünýär. Haryt aýlanyşygy ýaýrawyna baglylykda nyrhlar lomaý, satyn alyş we bölek satuw nyrhlaryna bölünýär.

Lomaý nyrhlar boýunça senagat önümleri we hyzmatlar senagat pudaklarynyň arasynda, şonuň ýaly-da, senagat bilen ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň arasynda ýerlenýär. Lomaý nyrhlar, öz gezeginde, kärhananyň lomaý nyrhlaryna we senagatyň lomaý nyrhlaryna bölünýär.

Kärhananyň lomaý nyrhlary boýunça öndürijiler öz önümlerini ýerleýärler hem-de şol nyrhlara laýyklykda jemi we sap önümlerini, peýdany, düşewüntliligi we olaryň işini häsiýetlendirýän beýleki görkezijileri kesgitleýärler. Bu nyrhlar harajatlaryň öwezini doldurýar we karhana üçin kadaly peýdanyň alynmagyny üpjün edýär.

Senagatyň lomaý nyrhlary boýunça önümçilik serişdeleri sarp ediji kärhanalara, sarp ediş harytlary bolsa lomaý söwda gelip düşýär. Senagatyň lomaý nyrhlary kärhanalaryň lomaý nyrhlaryndan üpjünçilik-ýerleýiş galdyrymynyň we goşulan gymmat üçin salgydyň möçberiçe ýokarydyr.

Satyn alyş nyrhlary. Oba hojalygynda oba hojalyk önümleriniň strategik taýdan möhüm görnüşlerine, mysal üçin, bugdaýa, pagta döwlet tarapyndan satyn alyş nyrhlary bellenýär. Oba hojalyk kärhanalary we telekeçiler öz önümlerini senagat kärhanalaryna ýa-da dolanyşyk ýaýrawyna satyn alyş nyrhlary boýunça ýerleýärler.

Satyn alyş nyrhlary kämahal ýurduň çäkleýin möçberine baglylykda aýry-aýry zolaklar we sebitler boýunça dürlüleşdirilýär. Şonda her zolakda, sebitde oba hojalyk önümlerini öndürmäge çykarylýan harajatlaryň we alynýan girdejileriň möçberi üýtgeýär.

Bölek satuw nyrhlary boýunça ilata sarp ediş harytlary satylýar. Bölek satuw nyrhlary döwletiň belleýän nyrhlaryna, söwdanyň döwlete dahylsyz böleginiň nyrhlaryna, şonuň ýaly-da, bazardaky nyrhlara bölünýär. Bu nyrhlaryň soňky iki görnüşi döwlet bölek satuw nyrhlarynyň gytaklaýyn täsiri astynda bolýar.

Ilata satylýan sarp ediş harytlarynyň söwdanyň döwlete degişli we döwlete dahylsyz böleklerindäki bölek satuw nyrhlary-da dürlüleşýär. Şonda erkin bölek satuw nyrhlary diýilýäni emele gelýär. Erkin bölek satuw nyrhlary, esasan, azyk harytlaryna bellenýär. Nyrhlaryň dürlüleşmeginiň esasynda önümçilik harajatlaryndaky we harytlary eltmek bilen baglanyşykly harajatlardaky tapawutlar durýar.

Nyrhlaryň dürli görnüşleriniň arasynda jebis mukdar arabaglanyşygy bar: nyrhlaryň birisiniň derejesindäki düýpli we uzaga çeken üýtgeşmeler beýlekileriniň düzümine täsir edýär hem-de olaryň düzedilmeginiň zerurlygyny şertlendirýär. Meselem, satyn alyş nyrhlarynyň derejesine oba hojalygyna iberilýän önümçilik serişdeleriniň hyrhlarynyň üýtgemegi täsir edýär, ýeňil we azyk senagatlarynyň lomaý nyrhlary-da satyn alyş nyrhlary bilen özara baglanyşyklydyr.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Nyrh diýip näme düşünýärsiňiz?
2. Nyrhyň emele gelşini düşündüriň.
3. Nyrhyň emele geliş nazarýyeti barada gürrüň beriň.
4. Nyrhlar syýasaty barada näme bilýärsiňiz?
5. Gymmat kanuny nähili hereket edýär?
6. Harydyň gymmaty nähili formula bilen kesgitlenýär?
7. Bazar nyrhlarynyň ulgamy barada aýdyp beriň.
8. Hyrydarlyk nyrhy we hödürleme nyrhy barada aýdyň.
9. Nyrhyň haýsy görnüşleri bar?
10. Türkmenistanda satylýan harytlaryň nyrhlary barada aýdyň.

VI. HYRYDARLYK WE HÖDÜRLEMEK

§1. HYRYDARLYGYŇ WE HÖDÜRLEMEGIŇ NAZARYÝETI: DÜŞÜNJELER WE KANUNLAR

Hyrydarlyk – bu nyrhlaryň bellibir wagtyň dowamynda mümkin bolanlarynyň arasyndaky käbir nyrh boýunça sarp edijileriň satyn almaga taýýar we ony satyn almaga ýagdaýy bolan önümleriniň mukdarydyr.

Hyrydarlyk birnäçe alternatiw mümkinçilikleri aňladýar. Meselem, ol gaýry şertler birmeňzeş bolan mahalynda önümiň dürli nyrhlar boýunça hyrydarlyk bildiriljek mukdaryny görkezýär.

Hyrydarlyga, adatça nyrhyň amatlylyk jähetinden seredilýändigi kesgitlemeden görünýär, başgaça aýdylanda, hyrydarlyk sarp edijiler tarapyndan mümkin bolan dürli nyrhlar boýunça satyn aljak önümleriniň mukdaryny görkezýär.

Eger hyrydarlyga mukdar nukdaýnazaryndan seredilse dogry bolar. Dürli nyrhlar boýunça näçe mukdardaky haryt satylyp bilner diýip soramaga derek, sarp edijiler harytlaryň dürli mukdaryny nähili nyrhlar boýunça satyn almaga taýýar diýip soramak ýerlikli bolar.

Hödürlemegi öndürijiniň öndürmek isleýän we öndürip biljek hem-de bellibir wagtyň içinde mümkin bolan nyrhlaryň arasyndan her bir anyk nyrh boýunça bazarda satmak üçin hödürläp biljek önümleriniň dürli mukdarlary hökmünde kesgitlemek mümkin.

Hödürlemek-de alternatiw mümkinçilikleriň birnäçesini aňladýar. Meselem, ol gaýry şertleriň ählisi üýtgewsiz bolup galanda satuwa dürli nyrhlar boýunça näçe mukdardaky önümiň çykaryljakdygyny görkezýär.

Hödürlemäge, adatça, nyrhyň amatlylygy nukdaýnazaryndan seredilýändigi şol kesgitlemeden gelip çykýar. Başgaça aýdylanda, hödürlemek öndürijiler tarapyndan önümiň mümkin bolan dürli nyrhlar boýunça hödür etjek mukdaryny görkezýär.

Emma hödürlemäge onuň ululygy nukdaýnazaryndan seredilmegi dogrudyr, kähalatlarda bolsa has peýdalyrakdyr. Dürli nyrhlar boýunça näçe mukdardaky haryt hödürlenilip bilner diýip soramagyň deregine, sarp edijileri harytlaryň dürli mukdaryny hödürlemäge gyzyklandyrýan nyrhlar nähili bolmaly diýip sowal bermek mümkin.

Hyrydarlyk we hödürlemek nazaryýeti. Ykdysady nazaryýete laýyklykda harytlaryň gymmaty we nyrhy hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybetiniň üýtgemegi bilen kesgitlenýär: hyrydarlyk hödürlemeden agdyk gelse, nyrh ýokarlanýar, tersine bolan ýagdaýynda bolsa aşaklaýar.

Hyrydarlyk we hödürlemek nazaryýetiniň tarapdary Ž.B.Seý bolupdyr, ol nyrhy we gymmaty diňe bir hyrydarlygyň we hödürlemegiň mynasybeti bilen däl, eýsem peýdalylyk bilen hem düşündiripdir. Iňlis ykdysatçysy G.D.Makleod gymmaty bazar nyrhlary bilen çalşyryp, nyrhyň ähli halatlarda hyrydarlygyň we hödürlemegiň gatnaşygyna tabyn bolýandygyny tassyklapdyr. R.Marşall, P.Samuelson dagy bolsa hyrydarlyk we hödürlemek nazaryýetini aňryçäk peýdalylyk nazaryýeti we önümçilik harajatlary nazaryýeti bilen birleşdirmäge synanyşyk edipdirler.

Eger hödürlemek we hyrydarlyk deň bolsa, onda olar şeýle üýtgeşmelere getirmeýär. Şonuň üçin hem hyrydarlygyň we hödürlemegiň gatnaşyklarynyň özi nyrhyň esasy hökmündäki jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlarynyň emele gelmeginiň içki mehanizmlerini düşündirmeýär we düşündirip hem bilmeýärler.

Hyrydarlyk we hödürlemek diňe jemgyýetçilik önümçiligi mahalynda emele gelýän çuň durmuş-ykdysady gatnaşyklary beýan edýär. Şonuň üçin jemgyýetiň ösüşiniň ykdysady kanunlaryna diňe jemgyýetçilik önümçiliginiň hemme taraplaryň hem-de ozaly bilen, öndüriji güýçler bilen önümçilik gatnaşyklarynyň bitewüligi hökmündäki önümçilik usulynyň özi çuňňur seljerilen şertlerinde düşünmek we olary açyp görkezmek mümkin.

Hyrydarlyk kanuny. Hyrydarlygyň düýpli häsiýeti şundan ybarat: gaýry şertleriň ählisi üýtgewsiz bolan mahalynda nyrhyň aşaklamagy hyrydarlygyň degişli suratda artmagyna getirýär.

Tersine, gaýry birmeňzeş şertlerde nyrhyň ýokarlanmagy hyrydarlygyň degişlilikdäki azalmagyna getirýär.

Gysgaça aýdylanda, nyrh bilen hyrydarlygyň ululygynyň arasynda oňyn däl, ters baglanyşyk bar. Bu ters baglanyşyk hyrydarlyk kanuny diýlip atlandyrylýar.

Hödürlemek kanuny. Nyrhlaryň ýokarlanmagy bilen, degişlilikde, hödürlemegiň ululygy-da artýar, nyrhlaryň aşaklamagy bilen bolsa hödürlemek-de kemelýär. Gysgaça aýdylanda, nyrh bilen hödürlenýän önümiň arasynda oňyn ýa-da göni baglanyşyk bar. Bu özboluşly baglanyşyga hödürlemek kanuny diýilýär.

Hyrydarlyk we hödürlemek kanuny. Haryt önümçiliginiň alyş--çalyş ýaýrawyndaky hyrydarlyk bilen hödürlemegiň özara täsirini we özara baglanyşygyny häsiýetlendirýän ykdysady kanun hyrydarlygyň we hödürlemegiň bitewüligini hem-de olaryň laýyk gelmäge obýektiw haldaky ymtylyşyny aňladýar.

Hyrydarlyk we hödürlemek kanuny gymmat kanuny bilen gös--göni baglanyşyklydyr. Emma ol diňe aýlanyşyk ýaýrawynda hereket edýär hem-de gymmat kanunyny çalşyrmaýar, tersine, onuň bilen bir hatarda we bir wagtyň özünde gymmat kanunynyň aňladylmasy görnüşinde onuň durmuşa geçiş mehanizminiň düzüm bölegi hökmünde hereket edýär.

Şeýlelik bilen, hyrydarlyk we hödürlemek kanuny hem-de gymmat kanuny öz aralarynda iňňän pugta baglanyşyklydyr. Hyrydarlyk we hödürlemek kanuny bütin jemgyýetiň bähbitlerine aňly-düşünjeli peýdalanylýar, bu kanunyň täsiri bazar mehanizminiň işleýşiniň barşynda hasaba alynýar.

Nyrh, hyrydarlyk we hödürlemek. Hyrydarlyk we hödürlemek nyrh bilen gös-göni baglanyşyklydyr hem-de onuň bilen bitewülikde bazar mehanizmini emele getirýärler. Şol mehanizmiň üsti bilen hem hyrydarlyk we hödürlemek kanuny öz täsirini ýüze çykarýar. Bu mehanizmiň möhüm bölegi harytlary öndürmäge çykarylan jemgyýetçilik zerur zähmet harajatlaryny aňladýan hem-de hyrydarlygyň we hödürlemegiň hereketine täsir edýän nyrhdyr.

Hödürlemegiň we nyrhyň arabaglanyşygy bazardaky harydyň diňe kesgitli nyrhlar mahalynda ýerlenýän orny bilen häsiýetlendirilýär, nyrhlaryň üýtgemegi bilen harydyň bazardaky orny-da üýtgeýär. Hyrydarlyk hem nyrha hut şonuň ýaly bagly bolýar.

Harydyň mukdarynyň üýtgemegi nyrhlaryň dürli derejeleri mahalynda bildirilýän hyrydarlyga baglylykda bolup geçýär. Emma şonda hödürleme nyrha göni baglylykda, hyrydarlyk bolsa ters baglylykda bolýar.

Nyrhyň üsti arkaly hyrydarlyk bilen hödürlemegiň arasyndaky özara täsir we özara baglanyşyk amala aşýar. Haçan-da hödürleme hyrydarlykdan aşa ýokarlansa, bazar nyrhy gymmatdan aşak düşüp, pese gaçýar. Nyrhyň şolar ýaly peselmegi, düzgün bolşy ýaly, hyrydarlygyň artmagyna getirýär.

Eger, tersine, hyrydarlyk ýokarlansa, bazar nyrhy-da gymmatdan ýokarlanýar we bu hödürlemegiň artmagyny höweslendirýär. Şunlukda, hyrydarlyk we hödürlemek nyrhyň üsti bilen biri-birlerine özara täsir edýärler.

§2. HYRYDARLYGYŇ WE HÖDÜRLEMEGIŇ ÜÝTGEMEGI

Hyrydarlyk sarp edijilik islegleriniň ýa-da girdejileriň üýtgäp durmagy, sarp ediş babatyndaky garaşylýan ýagdaýyň ýa-da ugurdaş harytlaryň nyrhlarynyň üýtgemegi netijesinde üýtgäp bilýär.

Hödürlemek tehnologiýanyň, serişdeleriň nyrhynyň ýa-da salgytlaryň üýtgemeginiň täsiri astynda üýtgäp bilýär.

Hyrydarlygyň we hödürlemegiň üýtgemeginiň nyrha deňagramly täsir edişine seredeliň.

Hyrydarlygyň üýtgemegi. Hödürlemek üýtgemän galýar diýip kabul etmek bilen hyrydarlygyň üýtgeýşini seljerýäris.

Hyrydarlygyň artmagy, gaýry şertler, ozaly bilen hem, hödürleme deň bolanda, nyrhyň ýokarlanmak we önümleriň mukdarynyň artmak täsirini döredýär.

Hyrydarlygyň azalmagy nyrhlaryň arzanlamak täsirini-de, harydyň mukdarynyň kemelmek täsirini-de ýüze çykarýar. Nyrh pese düşýär, harydyň mukdary-da azalýar.

Netijede, hyrydarlygyň üýtgemegi bilen deňagramly nyrhyň we harydyň mukdarynyň şol ýerden gelip çykýan üýtgemeleriniň arasynda göni baglanyşygy tapýarys.

Hyrydarlygyň şertleri. Bazar hyrydarlygynyň şertlerine nyrha dahylsyz şular degişli:

1. Sarp edijileriň isleg bildirişleri ýa-da ileri tutmalary.

2. Bazardaky sarp edijileriň sany.

3. Sarp edijileriň pul girdejileri.

4. Ugurdaş önümleriň nyrhlary.

5. Geljek döwürdäki nyrhlar we girdejiler babatynda sarp edijileriň garaşýan ýagdaýlary.

Hödürlemegiň üýtgemegi. Hyrydarlyk üýtgemän galýar diýip kabul etmek bilen hödürlemegiň üýtgemeginiň nyrha täsirini seljereliň.

Şol şertde hödürlemegiň azalmagy önümiň nyrhynyň ýokarlanmagyna getirýär. Nyrh ýokarlanýar, önümiň mukdary bolsa kemelýär.

Hödürlemegiň köpelmegi nyrhyň aşaklamak we önümiň mukdarynyň artmak täsirini döredýär.

Hödürlemegiň üýtgeýşi bilen deňagramly nyrhyň üýtgeýşiniň arasynda ters baglanyşyk bar, emma hödürlemegiň üýtgeýşi bilen önümiň mukdarynyň üýtgeýşiniň arasyndaky baglanyşyk göni häsiýetde bolmagynda galýar.

Hödürlemegiň şertleri. Hödürlemegiň nyrha dahylsyz şertlerine şular degişli:

1. Serişdeleriň nyrhlary.

2. Önümçiligiň tehnologiýasy.

3. Salgytlar we dotasiýalar.

4. Başga harytlaryň nyrhlary.

5. Nyrhlaryň üýtgemegi babatyndaky garaşylýan ýagdaýlar.

6. Bazardaky satyjylaryň sany.

§3. HYRYDARLYK, HÖDÜRLEMEK WE BAZAR NYRHLARY

Hyrydarlyk nyrhlaryň mümkin bolan dürli derejeleri bilen sarp edijiler tarapyndan degişli nyrhlar boýunça satyn alynýan önümleriň möçberiniň arasyndaky baglanyşygy görkezýär.

Nyrhlar bilen hyrydarlyk bildirilýän önümiň mukdarynyň arasyndaky baglanyşyk ters, ýagny oňyn däl baglanyşykdyr. Düzgün bolşy ýaly, sarp edijiler nyrhlar ýokary bolanda pes nyrhlar mahalyndakydan az satyn alýarlar. Bu baglanyşyga hyrydarlyk kanuny diýilýär.

Hödürlemek mümkin bolan nyrhlar bilen öndürijiler tarapyndan dürli nyrhlar boýunça bazarda teklip ediljek önümiň mukdarynyň arasyndaky baglanyşygy beýan edýär. Bu baglanyşyk gönüdir, ýagny oňyn häsiýetlidir.

Hödürlemek kanuny öndürijileriň haýsydyr bir harydyň nyrhy pes bolandaka görä, has ýokary bolan derejesi mahalynda ony öndürmäge serişdeleriň köp mukdaryny gönükdirmegi amatly hasap edýändiklerini aňladýar.

Hyrydarlyk we hödürlemek deňagramlylyk nyrhyny ýa-da bazar nyrhyny hem-de satylýan önümiň deňagramly mukdaryny kesgitleýärler.

Deňagramlylyk nyrhyndan pes nyrhlara ugurdaş ýüze çykýan aşa hyrydarlyk ýa-da gytçylyk satyjylara has ýokary nyrhyň teklip edilmelidigini habar berýär.

Ösýän nyrh, birinjiden, serişdeleri şol harydy öndürmegiň peýdasyna gaýtadan paýlamaga, ikinjiden, öndürijileri käbir sarp edijileri bazardan gysyp çykarmaga iteklеýär.

Nyrhlar deňagramlylyk nyrhyndan ýokary bolandaky artyk hödürleme ýa-da önümiň agdyk bolmagy satyjylary agdyk haryt gorlaryndan dynmakdan ötri nyrhlary arzanlatmaga iteklеýär.

Pese gaçýan nyrhlar, birinjiden, şol önümi öndürmäge harçlanýan serişdeleriň kemeldilmeginiň zerurdygyny telekeçilere habar berýär, ikinjiden bolsa, bazara goşmaça satyn alyjylary çekýär.

Hyrydarlygy we hödürlemegi kesgitleýän şertleriň üýtgemegi hyrydarlygyň we hödürlemegiň mynasybetindäki üýtgeşmelere getirip biler. Hyrydarlykdaky üýtgeşmeler bilen deňagramlylyk nyrhyn-

daky we satylýan önümiň deňagramly mukdaryndaky şondan gelip çykýan üýtgeşmeleriň arasyndaky baglanyşyk gönüdir.

Hödürlemäniň üýtgeýşi bilen nyrhyň şondan soňraky üýtgeýşiniň arasynda ters baglanyşyk bar. Şol bir wagtyň özünde hödürlemäniň üýtgeýşi bilen satylýan önümiň mukdaryndaky şondan soňraky üýtgeýşiň arasyndaky baglanyşyk göni häsiýetlidir.

§4. HYRYDARLYGYŇ WE HÖDÜRLEMEGIŇ SELJERMESINIŇ ULANYLYŞY

Wagtal-wagtal giň jemgyýetçilik köpçüliginde hyrydarlyk we hödürlemek mehanizmi ýa-ha satyn alyjylar üçin adalatsyz ýokary derejedäki ýa-da bolmasa satyjylar üçin adalatsyz pes derejedäki nyrhlary emele getirýänligi barada pikir döreýär. Şeýle bolan halatlarynda hökümet nyrhlaryň ýokarlanmagynyň ýa-da pese düşmeginiň çäklerini kanunçylyk arkaly bellemek bilen bu işe gatyşyp bilýär.

Nyrhlar döwlet tarapyndan düzgünleşdirilen ýagdaýynda bazar mehanizminde nämeler bolýandygyna seredeliň.

Nyrhlaryň ýokary çäkleri we ýetmezçilik. Nyrhyň ýokary çägi öz harydy ýa-da hyzmaty üçin almaga rugsat edilýän kanunçylykda bellenen aňrybaş nyrhdyr.

Sarp edijilere deňagramly nyrhlar mahalynda alyp bilmejek käbir ilkinji zerur harytlaryny ýa-da hyzmatlaryny olaryň satyn almaklaryna nyrhlaryň bellenilen aňrybaş çäkleri mümkinçilik berer diýen pikir nyrhlaryň ýokary çäklerini girizmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Nyrhlaryň aňrybaş çäkleri ýa-da bolmasa nyrhlara umumy gözegçilik ykdysadyýetdäki hümmetsizlenmek hadysalaryny çäklendirmek üçin giň möçberlerde ulanylýar.

Nyrhlaryň aňrybaş çäkleriniň bellenmegi hyrydarlygyň we hödürlemäniň erkin bazar gatnaşyklary esasynda özara täsir edişmek mehanizmini öndürijileriň haryt ibermek baradaky kararlary bilen satyn alyjylaryň hyrydarlyk bildirmek baradaky kararlarynyň arasynda laýyklygy bellemek boýunça özüne mahsus bolan ukybyndan mahrum edýär. Şonuň üçin nyrhlaryň aňrybaş ululygynyň çäklendirilmegi monopoliýalaýyn aşa peýda üçin has ýokary möçberlerde salgyt salmak arkaly we ş.m. ykdysady usullar bilen düzgünleşdirilip bilner.

Nyrhlaryň aşaky derejesi we harytlaryň artykmaçlyk etmegi. Nyrhyň aşaky derejesi hökümet tarapyndan bellenilýän we deňagramlylyk nyrhyndan agdyk gelýän iň aşak nyrh, adatça jemgyýetde bazar ulgamynyň erkin işlemegi üçin serişdeleri iberijileriň ýa-da öndürijileriň bellibir toparlarynyň ýeterlikli girdejilerini üpjün etmäge ukypsyz diýlip hasaplanan halatlarynda ulanylýar.

Iş hakynyň iň pes derejesi hakyndaky kanunçylyk, şonuň ýaly-da, oba hojalyk önümleriniň nyrhlarynyň goldanylmagy – ine, şular hökümet tarapyndan nyrhlaryň iň aşaky derejesiniň bellenmeginiň iki sany giňden mälim mysalydyr.

Nyrhlaryň düzgünleşdirilmegi. Aýry-aýry harytlara bolan hyrydarlygyň we olaryň hödürlenilişiniň arasyndaky laýyklyk pudaklaýyn deňölçeglilikleri üýtgetmek arkaly üpjün edilýär. Kämahal şeýle çäre ýeterlik bolmaýar, çünki önümçiligiň düzüminiň üýtgedilmegi bellibir wagty talap edýär, ýetmezçilik edýän harytlary öndürmegiň giňeldilmegi, goşmaça enjamlary, çig maly, materiallary edinmek üçin serişdeler çäkli bolup biler.

Şonuň üçin çalt düzgünleşdirmek maksady bilen nyrhlaryň mehanizmi ýaly ykdysady gural ulanylýar. Bu guraly ulanmagyň mümkinçiligi, bir tarapdan, bölek satuw nyrhy bilen hyrydarlygyň, beýleki tarapdan bolsa, lomaý nyrh bilen hödürlemäniň aralygyndaky iňňän jebis özara baglanyşyk arkaly şertlendirilendir.

Bölek satuw nyrhlary köplenç hödürlenilişi hyrydarlyk bildirilişinden aşa agdyk gelýän harytlara hyrydarlygy höweslendirmegiň serişdesi hökmünde peýdalanylýar. Şeýle harytlaryň nyrhynyň peseldilmegi, düzgün bolşy ýaly, hyrydarlygyň giňelmegine getirýär hem-de onuň hödürlemek bilen laýyk gelmegine ýardam edýär.

Käbir halatlarda hödürlenilişi ýeterliksiz bolan käbir gyt harytlara hyrydarlygy çäklendirmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Bu bolsa bölek satuw nyrhlaryny käbir derejede ýokarlandyrmak arkaly gazanylýar, emma munuň özi aýratyn çäre bolup durýar, onuň bellibir durmuş çäkleri bar hem-de ony ilkinji zerur harytlar dogrusynda ulanmak bolmaýar.

Hyrydarlygy we hödürlemegi düzgünleşdirmek üçin lomaý nyrhlaryň mehanizmi-de möhüm ähmiýete eýedir. Lomaý nyrhlary

ýokarlandyrmak bilen ýokary hyrydarlyk bildirilýän harytlaryň öndürilişiniň hem-de olaryň teklip edilişiniň giňeldilmegini höweslendirmek mümkin.

Ilat tarapyndan köp hyrydarlyk bildirilmeýän harytlaryň lomaý nyrhlary arzanladylan mahalynda şeýle harytlaryň öndürilmegini kemeltmek ýoly bilen gitmek bolýar.

Lomaý nyrhlaryň mehanizmi harytlaryň anyklaşdyrylan at sanawy boýunça hyrydarlygyň we hödürlemäniň zerur laýyklygyny üpjün etmek maksatlary üçin hem peýdalanylýar.

Erkin bellenilýän nyrhlar satyn alyjylar üçin önümleriň möçberini öz-özünden kadalaşdyrýar. Degişlilikde, nyrhlaryň ýokary çäginiň bellenilmegi bilen ýüze çykýan kadalaşdyryş meseleleriniň, şonuň ýaly-da, iň aşaky nyrhlaryň girizilmegi netijesinde artyk çykýan önümleri satyn almak meseleleriniň çözülmegini hökümet öz üstüne almaly bolýar.

Nyrhlaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi gapma-garşylykly netijelere getirýär. Nyrhlaryň ýokary çäkleriniň we aşaky derejeleriniň girizilmeginden sarp edijiler we öndürijiler üçin aýry-aýrylykda görülmegi göz öňünde tutulýan peýdany şonuň bilen baglylykda emele gelýän gytçylyk we artyk harytlaryň emele gelmegi zerarly çekilýän ýitgiler bilen deňeşdirip görmek gerek.

Şeýlelikde, nyrhlary düzgünleşdirmegiň netijesi hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky deňölçegli laýyklygyň dogry bellenmegi bolmalydyr.

Döwlet tarapyndan bellenilýän nyrhlar deňagramly nyrha paýlaýyş wezipesini (kadalaşdyryşy) amala aşyrmaga mümkinçilik bermeýär.

Nyrhlaryň ýokary çäkleriniň bellenilmegi durnukly gytçylygyň ýüze çykmagyna getirýär hem-de eger hökümet önümiň adalatly paýlanmagyna ymtylýan bolsa, ol sarp edişiň kadalaşdyrylmagyny öz üstüne almaly bolýar.

Nyrhlaryň aşaky derejesiniň bellenilmegi artykmaç önümiň öndürilmegine ýardam edýär. Şonuň üçin hökümet bu artykmaç önümi satyn almalydyr ýa-da bolmasa, önümçilige çäklendirme girizmek ýa-da sarp ediş hyrydarlygyny höweslendirmek bilen onuň döremeginiň öňüni almalydyr.

6. Sargyt № 2612

Kärhanalardan, söwda guramalaryndan başlap, durmuş ykdysady ösüşiň dürli maksatnamalaryny işläp düzýän döwlet edaralaryna çenli ähli derejelerde bazary öwreniş barlaglarynyň ösdürilmegi möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Hyrydarlyk we hödürlemek näme?
2. Hyrydarlyk we hödürlemek düşünjesi barada aýdyň.
3. Hyrydarlyk we hödürlemek kanunynyň mazmuny nämeden ybarat?
4. Hyrydarlyga haýsy şertler täsir edýär?
5. Hödürlemege haýsy şertler täsir edýär?
6. Hyrydarlyk, hödürlemek we bazar nyrhlarynyň arasynda nähili arabaglanyşyk bar?
7. Hyrydarlygyň we hödürlemegiň seljermesiniň ulanylyşy barada gürrüň beriň.
8. Döwlet tarapyndan bellenilýän nyrhlaryň düzgünleşdirilmegi barada aýdyp beriň.

VII. AÇYK YKDYSADYÝETDE MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYK

§1. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYK: DÜŞÜNJE, GÖRNÜŞLER, ŞERT

Makroykdysady deňagramlylyk - ykdysady ulgamyň deňeçerlenen ýagdaýy, tutuşlygyna ykdysady ulgamyň deňagramlylygy bolup durýar. Ol ykdysady prosesleriň deňölçegliligi bilen beýan edilýär, onuň esasynda umumy, aýratyn we ýeke-täk deňölçeglilikler ulgamynyň özara sazlaşygy ýatyr.

Umumy deňölçeglilikler – bu ykdysady ulgamyň esasy bölekleriniň arasyndaky deňölçeglilikdir:

●jemi hyrydarlyk bilen jemi hödürlemegiň arasyndaky deňölçeglilik;

● tygşytlanan serişdeler bilen maýa goýumlaryň arasyndaky deňölçeglilik;

● hümmetsizlenmek derejesi, işsizlik bilen hakyky jemi içerki önümiň arasyndaky deňölçeglilik.

Aýratyn deňölçeglilik – bu ykdysady ulgamyň funksional, çäkleýin we guramaçylyk görnüşleriniň arasyndaky deňölçeglilikdir:

● bäsleşikli bazarda hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky deňölçeglilik;

● kämil däl bäsdeşlik ýagdaýynda hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky deňölçeglilik;

● önümçilik şertlerine bolan hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky deňölçeglilik.

Ýeke-täk deňölçeglilikler – bu ykdysady ulgamyň aýry-aýry bölekleriniň arasyndaky deňölçeglilikdir:

● ortaça, jemi we aňrybaş önümleriň arasyndaky deňölçeglilik;
● ortaça, jemi we aňrybaş çykdajylaryň arasyndaky deňölçeglilik;
● sarp ediş çykdajylary bilen hakyky şahsy girdejiniň arasyndaky deňölçeglilik.

Makroykdysady deňagramlylygyň esasy iki görnüşi tapawutlandyrylyp görkezilýär: örän gowy we hakyky deňagramlylyk.

Örän gowy deňagramlylyk – bu kämil bäsdeşlikde we töwerekden täsirleriň bolmadyk halatynda ykdysady ulgamyň deňeçerlenen ýagdaýydyr.

Hakyky deňagramlylyk – bu kämil däl bäsdeşlikde we daşarky täsir ediş şertleriniň bolan halatynda ykdysady ulgamyň deňeçerlenen ýagdaýy bolup durýar.

Islendik ykdysady ulgamyň maksady, bu maksadyň hakyky ýagdaýda hiç wagt durmuşa geçirilmeýändigine garamazdan, aýratyn we umumy makroykdysady deňagramlylygyň özara sazlaşmagyndan ybaratdyr.

Makroykdysady deňagramlylyk iki esasy görnüşde çykyş edýär:
● aýratyn makroykdysady deňagramlylyk görnüşinde;
● umumy ykdysady deňagramlylyk görnüşinde.

Aýratyn makroykdysady deňagramlylyk – bu ykdysady ulgamyň aýratyn alnan bölegindäki deňagramlylykdyr.

Umumy ykdysady deňagramlylyk – bu tutuş ykdysady ulgamyň deňagramlylygydyr. Ykdysady ulgamyň özboluşly bu gurluşy iň amatly bolup durýar we ol umumy, aýratyn hem-de ýeke-täk deňölçeglilikleriň özara sazlaşykly ulgamyny aňladýar. Ýöne şu iň amatly deňölçegliligiň ýokary maksadynyň özüniň üýtgemegi netijesinde hiç wagt ol amala aşyrylmaýar.

Deňagramlylyga geçirilýän makroykdysady seljerme birleşdirilen görkezijiler arkaly amala aşyrylýar, bu görkezijileriň arasynda esasylary şular bolup durýar:
● harytlaryň we hyzmatlaryň birleşdirilen deňagramly möçberleri;
● ähli harytlaryň we hyzmatlaryň birleşdirilen bahalary.

Deňagramlylyga geçirilýän makroykdysady seljermäniň esasy agregatlary iki görnüşde bolýar:

● jemi içerki önümiň ýa-da milli girdejiniň ýyllyk ösüş depginleri bilen kesgitlenýän jemi içerki önümiň hakyky möçberi görnüşinde;

● bahalaryň ýa-da jemi içerki önümiň deflýatorynyň ýyllyk ösüş depginleri bilen kesgitlenýän bahalaryň derejesi hökmünde.

Makroykdysady deňagramlylygyň **esasy şerti** jemi hyrydarlyk bilen hödürlemäniň möçberiniň deňligi bolup durýar, bu deňlik, esasan, iki görnüşde çykyş edýär:

● jemi hyrydarlyk görnüşinde;

● jemi hödürlemek görnüşinde.

Jemi hyrydarlyk – bu jemi içerki önümiň sarp edijileriň bahalaryň her bir mümkin bolan derejesinde satyn almaga razy bolýan hakyky möçberidir.

Jemi hödürlemek – bu jemi içerki önümiň bahalaryň her bir mümkin bolan derejesinde öndürilip bilinjek hakyky möçberiniň derejesidir.

§2. AÇYK YKDYSADYÝETDE ÇYKDAJYLAR MULTIPLIKATORY

Eksport we import jemi çykdajylaryň esasy bölekleridir, şonuň üçin hem olar ykdysadyýete **multiplikasion netije** bilen täsir edýärler, emma eksportyň we importyň milli hasaplar ulgamynda alternatiw prosesler bolup durýandyklary sebäpli, olaryň ykdysadyýete edýän täsirleri dürli görnüşde ýüze çykýar. Daşary ýurtda islegiň artmagy bilen bagly eksportyň goşmaça ýokarlanmagy beýleki deň şertlerde, önümçiligiň artdyrylmagyna, ol bolsa goşmaça girdejileriň emele gelmegine alyp barýar, bu girdejiler hem sarp ediş we maýa goýum üçin çykdajylaryň üsti bilen önümçiligiň ösmegine täsir eder.

Soňra şeýle ýagdaý yzly-yzyna gaýtalanyp durýar. Munuň tersine, importyň artmagy «çykdajylar-girdejiler» akymyndan «syzylyp çykmalara» meňzeş bolup, ol milli önümçiligiň multiplakasion azalmagyna alyp barýar. Şu manyda import ykdysadyýete täsir edişi boýunça serişdeleriň tygşytlanyşyna meňzeşdir, serişdeleri tygşytlamak hem multiplikator ýörelgesi boýunça milli önümçiligiň derejesini peseldýär.

Umuman alnanda, açyk ykdysadyýetde multiplikator (daşary söwdanyň multiplikatory) daşary söwdanyň milli önümçiligiň we girdejiniň derejesine haýsy ugurdan täsir edýändigini, ýagny olaryň ýokarlanmagyna ýardam edýändigini ýa-da azalmagyna alyp barýandygyny görkezýär. Eger multiplikasiýa koeffisiýentiniň ähmiýeti birlikden ýokary bolsa, onda bu daşary söwdanyň milli önümçiligiň makroykdysady görkezijilerine gowy täsir edýändigini aňladýar, ýöne munuň tersine hem bolup biler.

Daşary söwdanyň multiplikatoryny hasaplamak üçin **arassa eksporta** (X_n) ýüzlenmek zerurdyr. Bellenilip geçilişi ýaly, arassa eksport ýurduň eksporty bilen onuň importynyň ululygynyň arasyndaky tapawutdan ybaratdyr. Şunda ýurduň eksporty milli girdejisiniň ululygyna bagly bolmaýar-da, eýsem beýleki ýurtlaryň girdejileri bilen kesgitlenýär.

Şonuň üçin hem milli hasaplar ulgamynda ol özbaşdak ululyk *EX* ýaly görkezilip bilner. Tersine, ýurduň eksporty ýurduň milli girdejisine göni bagly bolup durýar we girdejiniň ululygyna *mY* köpeldilen **import etmäge goşmaça meýilliligiň** *m* üstünden aňladylyp bilner.

Netijede, arassa eksport funksiýasy şu görnüşi alar:

$$X_n = EX - mY.$$

Import etmäge goşmaça meýillilik milli girdeji 1 pul birligi möçberinde ýokarlananda importyň näderejede artýandygyny görkezýär:

$$m = \frac{\Delta IM}{\Delta Y},$$

bu ýerde ΔIM – importyň artyşy;

ΔY – milli girdejiniň artyşy.

Ýapyk ykdysadyýetde çykdajylaryň multiplikatory – tygşytlamaga bolan goşmaça meýilliligiň tersine bolan ululykdyr, $s = 1 - c$, bu ýerde *c* sarp etmäge bolan goşmaça meýillilikdir:

$$K = \frac{1}{1 - c}.$$

Açyk ykdysadyýetde arassa eksportyň üýtgeme ugry onuň düzüm bökleriniň – eksportyň we importyň hereketine bagly bolup durýar. Import etmäge goşmaça meýilliligiň serişdeleri tygşytlamaga goşmaça meýillilik ýaly içerki akymdan çykdajylaryň «syzylyp gitmegini»

häsiýetlendirýändigi sebäpli, açyk ykdysadyýetde multiplikatoryň ähmiýeti şu görnüşi alar:

$$K = \frac{1}{1 - c + m}.$$

Açyk ykdysadyýetde multiplikatoryň ähmiýetiniň, ýapyk ykdysadyýetdäkä garanyňda, pesdigini belläp geçmek gerek, sebäbi import üçin çykdajylar milli girdejiniň içerki sarp ediş üçin peýdalanylmaýan goşmaça ýitgisi bolup durýar. Emma bu importyň artmagynyň (onuň netijesi hökmünde ýurduň milli girdejisiniň ýokarlanmagynyň) öz-özünden arassa eksporty azaldýandygyny aňlatmaýar.

Eger ýurduň milli girdejisi daşary ýurtlularyň ýurtda öndürilen harytlara we hyzmatlara bolan islegleriniň ýokarlanmagynyň netijesinde artýan bolsa, onda bu ýagdaýyň arassa eksportyň artmagyna, ýagny gündelik amallaryň balansyny gowulandyrmaga getirmegi mümkindir.

Eger ýurduň milli girdejisi ýurtda öndürilen harytlara içerki islegiň giňelmeginiň we importa bolan islegiň degişli derejede peselmeginiň täsiri astynda ýokarlanýan halatynda hem şonuň ýaly netije bolar. Eger bu eksport mümkinçilikleriniň gowulanmagy bilen bilelikde bolup geçse, onda gündelik amallar hasabynyň tapawudy hem ýokarlanar.

§3. AÇYK YKDYSADYÝET. MANDELLA-FLEMINGIŇ MODELI

Açyk ykdysadyýet – bu:

● ýurtlaryň çykarylýan harytlaryň we hyzmatlaryň ep-esli bölegini eksport we import edýändiklerini;

● ýurtlaryň dünýäniň maliýe bazarlarynda karz alyp, karz berýändiklerini aňladýan ykdysadyýetdir.

Eger ýapyk ykdysadyýetde öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň ählisi şol ýurduň içinde satylýan we ähli çykdajylar üç düzüm bölegine, ýagny sarp edişe, maýa goýumlara we döwlet çykdajylaryna bölünýän bolsa, onda açyk ykdysadyýetde öndürilen önümiň ep-esli bölegi daşary ýurtlara eksport edilýär.

Açyk ykdysadyýetde öndürilen önüm üçin çykdajylary dört düzüm bölegine bölüp bolar:

- ýurduň harytlaryny we hyzmatlaryny sarp etmek – C^d;
- ýurduň harytlary we hyzmatlary üçin maýa goýumlar – J^d;
- ýurduň harytlaryny we hyzmatlaryny döwlet satyn almalary – G^d;
- ýurduň içinde öndürilen harytlary we hyzmatlary eksport etmek – *EX*.

Çykdajylaryň görkezilen düzüm böleklerine bölünişi şu formulada görkezilýär:

$$Y= C^d +J^d +G^d +EX.$$

Birinji üç düzüm böleginiň ($C^d+J^d+G^d$) jemi ýurduň harytlary we hyzmatlary üçin içerki çykdajylaryň ululygyny görkezýär. Dördünji bölek (*EX*) şu ýurduň içinde öndürilen harytlar we hyzmatlar üçin daşary ýurtlaryň çykdajylarynyň ululygyny aňladýar.

Kiçi açyk ykdysadyýet we uly açyk ykdysadyýet tapawutlandyrylýar.

Kiçi açyk ykdysadyýet – bu uly bolmadyk ýurduň ykdysadyýetidir. Kiçi açyk ykdysadyýet nusgasy maýanyň hereketi hasabyny we gündelik amallar hasabyny öz içine alýar. Onuň dünýä bazaryndaky paýy ýokary bolmaýar we göterimiň dünýä möçberine (stawka) iş ýüzünde täsir etmeýär, ol bu möçberi berlen möçber hökmünde kabul edýär, çünki ondaky tygşytlanan serişdeler we maýa goýumlar dünýädäki tygşytlanan serişdeleriň we maýa goýumlaryň ujypsyz bölegini düzýär.

Uly açyk ykdysadyýet – bu uly ýurduň (ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Germaniýanyň we beýl.) ykdysadyýeti bolup, ol halkara söwdasyna hem, dünýäniň maliýe bazarlaryna hem düýpli täsir edýär. Uly ýurtlar dünýädäki tygşytlanan serişdeleriň we maýa goýumlaryň agramly bölegine eýelik edýärler, şonuň üçin hem olar göterimiň dünýä möçberine (stawka) täsir edýärler.

Mandella-Flemingiň modeli – şunuň ýaly model gurlanda milli ykdysadyýetiň dünýä bazaryna goşandy ujypsyz, şonuň üçin hem onuň ösüşiniň esasy parametrleri milli ykdysadyýete daşyndan, ýagny

dünýä bazary tarapyndan berilýär diýip hasap edilýär. Bu şulary aňladýar:

● **milli göterim möçberi** i açyk ykdysadyýetde we maýanyň ykjam şertlerinde dünýä göterim möçberine deňdir $i^* : i = i^*$;

● **milli önümçiligiň möçberi** häzirki pursatda bar bolan önümçilik şertleri bilen berlen derejede saklanýar: $Y = \bar{Y} = f(\bar{K}, \bar{L})$;

● **ykdysadyýetde sarp edişiň möçberi** *C* – bar bolan girdejiniň göni funksiýasy $(Y\text{-}T) : C = C\,(Y\text{-}T)$;

● **ýurduň içerki maýa goýumlary** *I* – göterim möçberine ters bolan funksiýa $i : I = I(i)$;

● **ýurduň arassa eksporty** X_n – puluň çalşyk hümmetiniň funksiýasy e:

$$X_n = X_n(e).$$

Bu deňlemeler açyk ykdysadyýet nusgasynyň düzüm bölekleridir. Ilkinji gezek açyk ykdysadyýet nusgasy 60-njy ýyllaryň başynda ykdysatçylar R.Mandella we M.Fleming tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we **Mandella-Flemingiň modeli** adyny aldy.

IS-LM modeli bilen modifisirlenen Mandella-Flemingiň modeli ýapyk ykdysadyýeti häsiýetlendirýär. Ony düzýän üç deňlemäni ýazalyň:

$$IS \rightarrow Y = C(Y - T) + I\,(i) + G + X_n(e);$$

$$LM \rightarrow M/P = L(i, Y);$$

$$i = i^*.$$

Birinji deňleme haryt bazaryndaky deňagramlylygy *(IS)* beýan edýär. Ikinjisi hakyky manysynda puluň hödürlenilmegi *(M/P)* bilen pula bolan hyrydarlygyň *L (i,Y)* arasynda deňagramlylygyň emele gelýän pul bazaryny häsiýetlendirýär. Üçünji deňleme içerki göterim möçberiniň *(i)* göterim möçberiniň dünýä derejesi *(i*)* bilen kesgitlenýändigini görkezýär.

Mandella-Flemingiň modeli ýapyk ykdysadyýet üçin *IS-LM* nusgasynyň koordinatlarynda gurulýar: keseleýin ok boýunça girdeji (Y) goýulýar, dikleýin ok boýunça bolsa göterim möçberi *(i)* goýulýar *(4-nji şekil)*.



4-nji şekil. Açyk ykdysadyýet üçin Mandella-Flemingiň modeli

Açyk ykdysadyet üçin IS-LM nusgasynyň iki aýratynlygy bardyr:

Birinji aýratynlyk IS egri çyzygynyň ýagdaýynyň puluň çalşyk hümmetiniň (e) derejesine bagly bolup durýandygyndan ybaratdyr. Puluň çalşyk hümmeti ýokarlanan halatynda (mysal üçin, 1 dollar üçin 30 manada çenli), import harytlar bilen deňeşdirilende, harytlaryň bellibir bahalary pes bolar we arassa eksport ýokarlanar. Diýmek, puluň çalşyk hümmetiniň ýokarlanmagy *IS* egri çyzygyny saga süýşürýär. *IS* egri çyzygynyň puluň çalşyk hümmetine baglydygyny görkezmek üçin *IS(e)* egri çyzyk çekilýär.

Ikinji aýratynlyk *IS* egri çyzygynyň *LM* egri çyzygyny *LM* egri çyzygynyň *i – i** liniýasyny kesip geçýän nokadynda kesip geçýändiginden ybaratdyr. Bu eger içerki pul möçberi (*i*) dünýä möçberinden (*G*) ýokary bolsa, onda daşary ýurtly maýa goýumçylaryň şu ýurduň ykdysadyýetine maýa goýmaga gyzyklanjakdyklary bilen düşündirilýär.

Netijede, milli puluň hümmetiniň ýokarlanmagy we *IS* egri çyzygynyň çep tarapa, egri çyzyklaryň üçüsiniň hem bir nokatda kesişýän derejesine çenli süýşmegi bolup geçer. Içerki möçberiň dünýä möçberinden pes bolan halatynda daşary ýurt maýasynyň

ýurtdan gitmegi başlanar, bu bolsa puluň çalşyk hümmetini ýokarlandyrar, diýmek, arassa eksporty artdyrar we IS egri çyzygyny sag tarapa, içerki göterim möçberi dünýä möçberine deň bolýan derejesine çenli süýşürer.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Makroykdysady deňagramlylyk näme?
2. Makroykdysady deňagramlylyk haýsy görnüşleri bilen kesgitlenýär?
3. Deňagramlylyga geçirilýän makroykdysady seljerme haýsy birleşdirilen görkezijiler we haýsy görnüşleri bilen amala aşarylýar?
4. Makroykdysady deňagramlylygyň esasy şerti barada gürrüň beriň.
5. Açyk ykdysadyýetde çykdajylaryň multiplikatory milli önümçiligiň we girdejiniň derejesine nähili täsir edýär?
6. Açyk we ýapyk ykdysadyýetde multiplikatoryň ähmiýeti barada aýdyp beriň.
7. «Açyk ykdysadyýet» nämäni aňladýar?
8. Açyk ykdysadyýetde Mandella-Flemingiň modeli haýsy esasy parametrleri bilen kesgitlenýär?
9. Mandella-Flemingiň modeli IS-LM ýapyk ykdysadyýeti kesgitleýär. Ony düzýän üç deňlemesi barada gürrüň beriň.
10. Açyk ykdysadyýet üçin IS-LM modeliniň haýsy aýratynlyklary bar?

VIII. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYK MODELLERI

§1. UMUMY YKDYSADY DEŇAGRAMLYLYK

Umumy ykdysady deňagramlylyk – bu deňagramlylyga bazarlaryň her birinde, ýagny önümler, pul, gymmatly kagyzlar we zähmet bazarynda bir wagtda ýetilýän ýagdaýdyr.

Önümler bazarynda deňagramlylyga milli önümiň möçberi haryt bazarynyň ähli subýektleriniň ýurtda öndürilen harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin meýilnamalaşdyrylan çykdajylaryna deň bolan ýagdaýynda ýetilýär.

Pul bazarynda deňagramlylyga bank ulgamy tarapyndan döredilen pullaryň ähli mukdaryny «köpçüligiň» nagt pullar we möhletsiz bank goýumlary görnüşinde meýletin saklaýan ýagdaýynda ýetilýär.

Gymmatly kagyzlar bazarynda deňagramlylyga ykdysady subýekt tarapyndan teklip edilýän gymmatly kagyzlaryň ählisi «köpçülik» tarapyndan satyn alnan halatynda ýetilýär.

Zähmet bazarynda deňagramlylyga iş ýerleriniň sany erkin işçi güýjüniň möçberi bilen deňeçerlenen, ýagny zähmet hakynyň häzirki möçberinde isleg bildirýänleriň ählisiniň iş tapyp biljek ýagdaýynda ýetilýär.

Makroykdysady deňagramlylygyň birinji nusgasy L.Walrasyň nusgasy bolup durýar, ol deňeçer bahalaryň esasynda gurlandyr we ähli bazarlaryň doly deňeçerlenmegini üpjün edýär. Walrasyň nusgasyndan özara baglanyşykly bazarlardan (**n**) durýan ykdysadyýetde bazarlarda (**n-1**) deňagramlylyga ýetilen bolsa, onda onuň öz-özünden (**n**) bazarda hem emele geljekdigi gelip çykýar.

Dürli ykdysady mekdepleriň aýry-aýry bazarlarda deňagramlylyga ýetmegiň we onuň hereket etmeginiň şertleriniň dürli-dürli düşündirilýändigi sebäpli, umumy deňagramlylygyň şertleri hem dürli hili häsiýetlendirilýär.

Şu okuw gollanmasynyň çäklerinde nusgawy konsepsiýada, keýnsian konsepsiýasynda we täze nusgawy sintez modeliniň çäklerinde umumy ykdysady deňagramlylyga ýetmegiň häsiýetli aýratynlyklaryna yzygiderli seredilýär.

§2. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYGYŇ NUSGAWY MODELI

Bazar ykdysadyýetinde öndürilen harytlaryň ählisi (jemi hödürlemek) satylmalydyr, satyn almalar üçin niýetlenen ähli girdejiler bolsa (jemi hyrydarlyk) haryda öwrülmelidir. Diňe şu ýagdaýda tölege ukyply hyrydarlygyň we haryt hödürlemegiň jemi ululyklary biri-birine gabat geler. Jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemegiň şunuň ýaly laýyk gelmegi **makroykdysady deňagramlylygy** aňladýar.

Emma hakyky durmuşda ykdysadyýetdäki ýagdaý has çylşyrymly emele gelýär: adatça harytlar olara bolan jemi islege garanyňda köp ýa-da az möçberde öndürilýär. Birinji ýagdaýda önümçilik çykdajylarynyň bir böleginiň öwezi dolunmaz (harytlaryň ählisi satyn alynmaz), ikinji ýagdaýda bolsa ilatyň girdejileriniň bellibir bölegi sarp edilmez (harydyň ýetmezçiligi sebäpli, adamlaryň ählisi ony satyn alyp bilmez).

Ykdysady edebiýatda makroykdysady deňagramlylygyň umumy modeline **«jemi hyrydarlyk – jemi hödürlemek» (AD—AS)** diýen ýaly dürli düşündirişler bar. Görnükli nusgawy ykdysatçylaryň köpüsi (A.Smit, D.Rikardo, Ž-B.Seý, J.Mill, A.Marşall we beýlekiler) döwlet tarapyndan işjeň düzgünleşdirilmezden bazar ykdysadyýeti doly makrodeňagramlylygy üpjün etmäge ukyplydyr diýip hasap edipdirler. Olar bazar ykdysadyýetine mahsus bolan awtomatik ýagdaýda öz-özüňi düzgünleşdirmek ukyby sebäpli, ilatyň iş bilen doly üpjün bolmagynda, önümçiligiň derejesi tiz wagtdan özbaşdak dikelýär diýip ykrar edipdirler.

Deňagramlylygyň nusgawy modeliniň esasynda ykdysadyýet hemişe önümleri çykarmagyň tebigy derejesine ýetmäge çalyşýar diýen pikir ýatýar. Bu dereje jemgyýetiň önümçilik mümkinçilikleri, ýagny, serişdeleriň, önümçilik tehnologiýasynyň we işçi güýjüniň bolmagy bilen kesgitlenýär. Bazar ykdysadyýetinde deňagramlylygyň amatly ýagdaýyna, ýagny mejbury işsizligiň hem, hümmetsizlenmegiň hem ýok bolan ýagdaýyna getirýän mehanizmler bardyr.

Nusgawy modelde serişdeleri tygşytlamagyň we maýa goýumlaryň derejeleri şol bir garaşsyz, üýtgemeýän ululyga – göterim möçberine baglydyr. Şunda serişdeleriň tygşytlanmagy göterim möçberinden gaýdýan göni funksiýa bolup durýar (göterim ölçegi ýokarlansa, tygşytlanan serişdeler hem köpelýär), maýa goýumlar bolsa ters funksiýadyr (göterim ölçeginiň peselmegi bilen, olar ýokarlanýar we göterim ölçegi ýokarlansa peselýär).

Emma nusgawy nazaryýetiň wekilleri ykdysadyýetiň birsydyrgyn ösmeýändigini, ýokary göteriliş döwürleriniň ýerine pese gaçyş döwürleriniň gelýändigini görüpdirler. Bu ýagdaýlary olar önümçiligiň dürli pudaklarynyň arasynda deňölçegliligiň bozulmagy bilen baglanyşdyrypdyrlar, ol öz-özüni düzgünleşdirýän ulgam hökmünde bazar ykdysadyýetiniň hereketiniň barşy bilen dikelýär diýip düşünipdirler. Emma tygşytlanan serişdeleriň derejesi bilen maýa goýumlaryň derejesiniň arasynda laýyk gelmezlik ýüze çykýan mahalynda, nusgawy alymlaryň pikirine görä, önümçiligiň möçberi azalmaýar we işsizlik peýda bolmaýar, sebäbi bazar bahalary we zähmet haky absolýut üýtgäp durýan häsiýetde bolýar, ýagny olar örän çeýe bolup durýar.

Jemi hyrydarlygyň azalmagy hyrydarlygyň egri çyzygyny *AD* ýagdaýyndan AD_1 ýagdaýyna süýşürýär. Şonuň netijesinde jemi hödürlemegiň egri çyzygy hem hyrydarlygyň egri çyzygynyň yzy bilen, aşaklygyna (*AS* ýagdaýyndan AS_1 ýagdaýyna) hereket eder. Şol bir wagtda zähmet hakynyň peselmegi bilen bahalaryň derejesiniň P_1 derejeden P_2 derejä çenli peselmegi, iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýynda, önümçiligiň hakyky möçberini (V_1) saklap galmaga mümkinçilik berer. Emma täze deňagramly baha (P_2) ilkibaşky bahadan (P_1) pes bolar. Diýmek, ykdysadyýet ýene-de özüniň kadaly ýagdaýyna gaýdyp geler.

Şeýlelikde, peýdanyň hakyky möçberiniň we önümçilik möçberiniň üýtgewsiz galýan mahalynda önümçilik şertleriniň bahalarynyň çeýeligi ykdysadyýeti deňagramly ýagdaýda saklamaga mümkinçilik berýär. Şol sebäbe görä, jemi hödürlemegiň egri çyzygy dik çyzyk bilen görkezilip bilner (*5-nji şekil*).



5-nji şekil. Bazaryň öz-özüni düzgünleşdirmeginiň nusgawy modeli

Şundan ugur almak bilen, nusgawy alymlar şeýle netijä gelipdirler: önümçiligiň doly möçberini, şeýle hem doly iş bilen üpjünçiligi gazanmaga ukyply, öz-özüni düzgünleşdirýän bazar ykdysadyýetinde döwletiň goşulmagy talap edilmeýär, ol diňe onuň netijeli hereket etmegine zyýan ýetirip biler. Aýdylanlary jemlemek bilen, şeýle netijä gelip bolar: Ž.B. Seýiň kanunyna esaslanýan, önümçiligiň deňagramly möçberiniň nusgawy nusgasy şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

● zähmet hakynyň we bahalaryň (önümçilik şertleriniň we taýýar önümiň bahalarynyň) absolýut üýtgäp durma häsiýetini, çeýeligini;

● ykdysady ösüşiň hereketlendirijisi hökmünde jemi hödürlemäniň birinji orna çykmagyny;

● tygşytlanan serişdeleriň we maýa goýumlaryň pul bazarynda bahalaryň erkin gelmeginiň hasabyna gazanylýan deňligini;

● jemi hödürlemegiň möçberi bilen ykdysadyýetiň potensial mümkinçilikleriniň gabat gelmäge bolan meýli, şol sebäbe görä jemi hödürlemegiň egri çyzygy dik çyzyk (wertikal) bilen görkezilýär;

● iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýynda we önümçiligiň beýleki şertleriniň doly peýdalanylmagynda, bazar ykdysadyýetiniň içerki mehanizmleriň kömegi bilen jemi önümi we jemi hödürlemegi deňeçerlemek ukybyny.

Makroykdysady deňagramlylygyň nusgawy modeli tankyt edildi. Ony tankytlanlaryň biri hem K.Marks (1818-1883) bolupdy. Ol ykdysadyýetdäki pese gaçmalar we artyk önüm öndürmek sebäpli çökgünlikleriň kapitalistik ykdysadyýetiň süňňüne mahsusdygyndan, şol sebäbe görä hem onuň üçin gutulgysyz ýagdaý bolup durýandygyndan ugur alypdyr.

1929-1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady çökgünligi ykdysadyýetiň öz-özüni düzgünleşdirýändigi baradaky nusgawy konsepsiýanyň esassyzdygyny aýdyň görkezdi. Nusgawy nazaryýet bazaryň täze ýagdaýyna kanagatlanarly düşündiriş bermekden ejiz geldi. Täze ykdysady konsepsiýa isleg peýda boldy, şunuň ýaly konsepsiýa 30--njy ýyllaryň ortasynda iňlis ykdysatçysy J.Keýns (1883-1946) tarapyndan işlenip taýýarlandy.

§3. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYGYŇ KEÝNSIAN MODELI

Eger makroykdysadyýetiň nusgawy modeli tygşytlanan serişdeleriň ululygy bilen maýa goýumlaryň ululygy gabat gelýär diýip hasap etmekden, jemi hödürlemegiň ileri tutulmagyndan ugur alan bolsa, onda Keýnsian modeli jemi hyrydarlygyň ileri tutulmagyndan ugur alýar. Keýnsian çemeleşmesi nusgawy alymlaryň göterimiň möçberi tygşytlanan serişdeleri we maýa goýumlary deňleşdirýändigi baradaky düzgünini inkär etdi.

Keýnsian modeliniň merkezi bölümi netijeli (hakyky) hyrydarlyk ýörelgesi diýlip atlandyrylýan bölüm bolup durýar, J.Keýns özüniň nazary garaýşynyň düýp manysyny şu ýörelge bilen baglapdyr. Ol bazar ykdysadyýetiniň esasy meselesiniň bazaryň göwrümi

(sygymy) we haryt hödürlemegiň artmagyna laýyklykda, onuň giňelmek mümkinçiligi bolup durýandygyndan ugur alypdyr.

Ž.B.Seýiň tersine, J.Keýns monopol ýokary bahalary bellemäge monopol meýilleriň bar şertlerinde harytlaryň jemi hödürlemegiň olara bolan jemi hyrydarlyk bilen ep-esli möçberde gabat gelmezliginiň mümkindigini tassyklapdyr. Şunuň ýaly şertlerde bahalar hyrydarlyk bilen hödürlemegiň gatnaşygynyň depginini laýyk görkezip bilmeýär, diýmek, olar makroykdysady deňagramlylygy düzgünleşdirip bilmeýärler.

J.Keýns bazar ykdysadyýeti deňagramlylygy öz-özünden dikeltmek mehanizmini ýitirdi diýen netijä gelipdir, çünki bahalaryň hereketi gowşak bolýar (aýratyn hem gysga möhletli döwürde) we önümçiligiň möçberini üýtgetmek baradaky meseläni çözmäge gözükdirmeýär. Şundan ugur almak bilen ol möhüm netijä gelýär: ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek zerurdyr, öňi bilen hem «netijeli hyrydarlygyň» zerur möçberini üpjün etmek, ýagny, monopol bahalaryň agalyk edýän şertlerinde tölege ukyply hyrydarlygy ählitaraplaýyn artdyrmak maksady bilen şu hili düzgünleşdirmek gerekdir.

Bahalaryň we zähmet hakynyň peselmeýän şertlerinde jemi çykdajylaryň azalmagy önümçiligiň hakyky möçberiniň pese gaçmagyna we işsizligiň derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär, sebäbi önümçiligiň we iş bilen üpjünçiligiň derejesi, J.Keýnsiň pikirine görä, jemi hyrydarlygy kesgitleýän jemi çykdajylaryň möçberlerine baglydyr. «Netijeli hyrydarlygyň» ýetmezçilik etmegi, onuň pikirine görä, çökgünlik ýagdaýlarynyň, işsizligiň, önümçilik kuwwatlyklarynyň doly işlemezliginiň, önümçiligiň ösüş depginleriniň pes bolmagynyň, ykdysady çökgünlikleriň we ş.m. esasynda ýatýar.

Makrodeňagramlylyga seredilende sarp etmäge bolan meýilliligi hasaba almak möhümdir. **Sarp etmäge bolan ortaça meýillilik (*ARC*)** diýlip, umumy girdejiniň şahsy sarp ediş çykdajylaryna ýa-da sarp etmek üçin peýdalanylýan paýyna (bölegine) düşünilýär. Ol şu formula boýunça hasaplanyp çykarylýar:

$$ARC = \frac{Sarp\ edi\c{s}\ V}{Girdeji} = \frac{V}{DI},$$

7. Sargyt № 2612

bu ýerde V – milli önüm; DI – salgytlar tölenenden soňky sarp etmek we tygşytlamak üçin peýdalanylýan girdeji.

Sarp etmäge bolan aňrybaş meýillilik (*MRC*) – bu ilatyň girdejisi üýtgän mahalynda sarp ediş harytlary we hyzmatlary üçin çykdajylaryň paýydyr. Ol girdejidäki üýtgemelere bölünen sarp edişdäki üýtgemelere deňdir, ýagny, bu sarp edişiň artmagynyň (azalmagynyň) girdejiniň artmagyna (azalmagyna) bolan gatnaşygydyr. Ol şu formala boýunça hasaplanyp çykarylýar:

$$MRC = \frac{Sarp\ edişdäki\ üýtgeme}{Girdejidäki\ üýtgeme} = \frac{\Delta C}{\Delta DI},$$

bu ýerde –ΔC, ΔDI – degişlilikde, sarp edişiň we girdejiniň artyşyny görkezýär.

Girdejileriň mundan beýläk hem artmagy diňe bir sarp ediş çykdajylarynyň möçberini artdyrmaga däl-de, eýsem şol bir wagtyň özünde tygşytlanýan serişdeleriň möçberini hem ýokary depginler bilen artdyrmaga mümkinçilik berýär. Şonuň üçin hem tygşytlanan serişdeler, edil sarp ediş ýaly, girdejiniň ýokarlanma funksiýasy (S = I(V)) bolmak bilen, girdejiniň artyşyna görä öňe gidýän depginler bilen ýokarlanýar, bu «esasy psihologik kanunyň» täsiri sebäpli bolup geçýär, tygşytlanan serişdeleriň egri çyzygy (*SS*) bolsa, barha tiz ýokary galýar.

Önümçiligiň deňagramly derejesini kesgitlemek üçin makroykdysady deňagramlylygyň keýnsian modelinde jemi girdejileri önümçiligiň möçberi bilen deňeşdirmek usuly peýdalanylýar (ýa-da $C+I_n = AMÖ$ – arassa milli önüm).

Jemi girdejileri önümçiligiň möçberi bilen deňeşdirmek usuly şu ululyklaryň san ähmiýetlerini, ýagny, bir tarapdan, $C+I_n$, beýleki tarapdan, AMÖ bilen deňeşdirmekden durýar. Modeli ýönekeýleşdirmek üçin bu ýerde diňe sarp edilýän harytlar we hyzmatlar üçin harajatlar, şeýle hem arassa maýa goýumlar (ulanyş tutumy (amortizasiýa) aýrylan jemi maýa goýumlar) üçin harajatlar hasaba alynýar. Şunda döwlet çykdajylary we arassa eksportyň täsiri hasaba alynmaýar.

Ykdysadyýet jemi girdejiler (sarp ediş harytlaryny we hyzmatlary satyn almak üçin çykdajylar hem-de arassa maýa goýumlar) arassa milli önüme deň bolan mahalynda deňagramlylyk ýagdaýynda bolup biler.

Önümçiligiň deňagramly möçberiniň grafigini gurmak üçin koordinat burçuň bissektrisasyny geçirmeli bolar, onda islendik nokat jemi çykdajylaryň we girdejileriň deňligini görkezer (*6-njy şekil*).



6-njy şekil. Jemi girdejileri önümçiligiň möçberi bilen deňeşdirmek usuly boýunça önümçiligiň deňagramly möçberiniň grafigi

Diýmek, önümçilik möçberi (*AMÖ*) bilen jemi girdejileriň (*C+In*) arasyndaky deňagramlylyk nokady hem şonda ýerleşmeli bolar. Grafikden görnüşi ýaly, önümçiligiň möçberi 400 pul birligine deň bolanda, jemi girdejiler hem şol ululyga deňdir (*E* nokat). Diýmek, makroykdysady deňagramlylyk bardyr.

Deňagramlylyk nokadynyň çep tarapynda ýerleşen beýleki nokatlaryň ählisi jemi sarp ediş çykdajylarynyň jemi girdejilerden artyk gelýändigini aňladar, bu bolsa önümçiligi giňeltmek üçin höwes döredýär, sag tarapda ýerleşen nokatlar bolsa – önümçiligiň möçberiniň jemi girdejilerden ýokary gelýändigini görkezýär (bu bolsa öndürijileri önümçiligi peseltmäge mejbur eder).

Şeýlelikde, deňagramlylyk şertlerinde jemi çykdajylar bilen önümçiligiň möçberiniň arasyndaky baglylygy şu formula arkaly aňladyp bolar:

$$C + I_n = AMÖ,$$

bu ýerde I_n - arassa maýa goýumlar (ulanyş tutumy (amortizasiýa) aýrylan jemi maýa goýumlar);

C – sarp edilýän harytlar we hyzmatlar üçin harajatlar bolup durýar.

§4. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMLYLYGYŇ SINTEZLENEN MODELI

Ýokarda görkezilen modelleriň her biriniň şübhesiz gowy taraplary hem, ýetmezçilikleri hem bardyr. Ykdysady nazaryýetiň mundan beýläkki ösüşinde iki modeliň hem ýetmezçiliklerini aradan aýyrmak maksady bilen, nusgawy we Keýnsian modellerini birleşdirmäge birnäçe synanyşyklaryň edilendigi bellenilýär.

Çeýe bahalaryň IS-LM modeli bilen birleşdirilen modeli diýlip atlandyrylýan model gyzyklanma döredýän synanyşyklaryň biri bolup durýar. Täze nusgawy sintez modeli nusgawy we Keýnsian modelleri boýunça zähmet bazaryndaky ýetmezçilikleri ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Modeliň esasy şertleri şulardan ybaratdyr:

Sarp ediş, tygşytlama we maýa goýum islegi funksiýalarynyň keýnsian görnüşi bardyr. Degişlilikde, jemi isleg funksiýasy keýnsian şertleriniň esasynda gurlandyr.

Zähmet bazaryndaky deňagramlylyk iş bilen doly üpjünçilik ýagdaýynda çeýe nominal zähmet hakyny göz öňünde tutýan nusgawy şertlerde emele gelýär.

Zähmetini satýanlar «pula aldanmaýarlar» we bahalaryň üýtgemegi iş bilen üpjünçilige täsir etmeýär. Şunda milli önümçiligiň möçberi önüm çykarmagyň tebigy derejesinde bellenýär, bu bolsa jemi hödürlemäniň nusgawy funksiýasyna laýyk gelýär.

Şu modelde **umumy ykdysady deňagramlylyk** şeýle bellenilýär:

1. Zähmet bazarynda iş bilen üpjünçiligiň deňagramly möçberi we hakyky zähmet hakynyň deňagramly möçberi kesgitlenýär.

2. Iş bilen üpjünçiligiň deňagramly derejesine laýyklykda önümçiligiň bellenen tehnologiýasynda önümleriň hödürleme edilýän möçberi kesgitlenýär.

3. Bilelikdäki deňagramlylyk şertlerinden (IS-LM modeli) jemi hyrydarlyk kesgitlenýär.

4. Jemi hyrydarlyk bilen jemi hödürlemäniň deňligi bahalaryň deňagramly derejesini kesgitleýär. Bahalaryň derejesi we hakyky zähmet hakynyň möçberi nominal zähmet hakynyň möçberini kesgitleýär.

5. Nominal zähmet haky hakyky zähmet hakynyň deňagramly möçberinden we bahalaryň deňagramly derejesinden ugur alnyp kesgitlenýär.

Şeýlelikde, ähli bazarlarda durnukly deňagramlylyk peýda bolýar. Eger haýsydyr bir bazarda deňagramlylyk bozulsa, onda beýleki bazarlar bu gyşarmany aradan aýrar ýaly görnüşde hereket ederler.

Şu ýagdaýa seredip geçeliň: eger jemi hyrydarlyk azalsa, önümler bazarynda artyk önümler peýda bolar, bu bolsa bahalaryň çeýe şertlerinde bahalaryň peselmegine getirer. Bahalaryň derejesiniň peselmegi hakyky kassa galyndylarynyň artmagynda ýüze çykar, bu bolsa sarp edişiň artmagyny höweslendirer. Mundan başga-da, göterim möçberi peselip başlar. Netijede, maýa goýum hyrydarlygy, diýmek, tutuşlygyna alnanda jemi hyrydarlyk ýokarlanar, bu bolsa deňagramlylygyň täzeden ýola goýulmagyna getirer.

Doly iş bilen üpjünçilik şertlerinde, sintezlenen modelde deňagramlylygy saklamak üçin ykdysadyýetde öz-özüňi düzgünleşdiriş gurallary bolýar. Ýöne bu mehanizmleriň uzak möhletleýin häsiýeti bolup, gysga möhletli döwürde deňagramlylygy dikeltmek üçin döwletiň goşulmagy zerur bolup durýar.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Ykdysady deňagramlylyk näme?

2. Bazarlaryň her birinde, ýagny önümler, pul, gymmatly kagyzlar we zähmet bazarynda deňagramlylyga nädip ýetilýär?

3. L.Walrasyň modeli nämäni aňladýar?

4. Makroykdysady deňagramlylyk «jemi hyrydarlyk – jemi hödürlemek» (IS – LM) nusgawy modelinde nähili amala aşyrylýandygy barada aýdyp beriň.

5. Ž.B. Seýiň kanunyna laýyklykda, nusgawy modelde bazaryň öz-özüni düzgünleşdirmeginde nähili ýörelgeleri göz öňüne tutmak bolar?

6. Makroykdysady deňagramlylygyň Keýnsian modeliniň manysy nämeden ybarat?

7. Sarp etmäge bolan aňrybaş meýillilik (MRC) barada aýdyp beriň.

8. Jemi girdejileri önümçiligiň möçberi bilen deňeşdirmek usuly barada näme bilýärsiňiz?

9. Makroykdysady deňagramlylygyň sintezlenen modeliniň manysy nämeden ybarat?

10. Sintezlenen model haýsy esasy şertleri bilen kesgitlenilýär?

11. Umumy ykdysady deňagramlylykda sintezlenen model nähili görnüşde bellenilýär?

IX. MAKROYKDYSADY DEŇAGRAMSYZLYK

§1. YKDYSADY AÝLAW BARADA DÜŞÜNJE

Ykdysady aýlaw ykdysady işjeňligiň üýtgäp durmalarynyň wagta görä depginini öwrenýär, olaryň sebäplerini seljerýär we ýüze çykmagynyň hem-de ösüşiniň mehanizmlerini düşündirýär.

Esasy makroykdysady görkezijileriň üýtgeýän ugurlary we häsiýeti ykdysady konýunktura (ýagdaý) diýlip atlandyrylýar. Şonuň üçin hem ykdysady aýlaw nazaryýetini ykdysady konýunktura nazaryýeti diýip hem atlandyrýarlar.

Ykdysady konýunkturanyň ýagdaýyny we hereketini häsiýetlendirmek üçin dürli görkezijiler peýdalanylýar. JMÖ-niň möçberi, iş bilen üpjünçiligiň derejesi, önümçilik kuwwatlyklarynyň işleýiş derejesi, telekeçileriň peýdasynyň möçberi we beýleki parametrler olaryň arasynda iň möhümleri bolup durýar. Ykdysady aýlaw döwrüniň barşynda makroykdysady görkezijileriň nähili üýtgeýändigine baglylykda, bu görkezijiler şulara bölünýär:

1. **Proaýlawly** üýtgeýän ululyklaryň ýokary göteriliş döwründe ýokarlanma we pese gaçýan döwründe ýokarlanma meýli bardyr.

2. **Kontraýlawly** üýtgeýän ululyklaryň ýokary göteriliş döwründe peselme we pese gaçýan döwürde ýokarlanma meýli bardyr.

3. **Aaýlawly** üýtgeýän ululyklar diýlip hereketi işewürlik işjeňliginiň döwürleri bilen gönüden-göni gatnaşygy bolmadyk üýtgeýän ululyklar atlandyrylýar.

Ykdysady parametrleriň **üç görnüşi** tapawutlandyrylýar:

● **öňe gidýän ýa-da esasy parametrler** – bu ýokary göterilişe (pese gaçma) ýetilmezinden öň aňrybaş (iň pes) derejä ýetýän parametrlerdir;

● **gijä galýan ýa-da yza galýan parametrler**, olar ýokary göterilişe (pese gaçma) ýetilenden soň aňrybaş (iň pes) derejä ýetýär;

● gabat gelýän ýa-da laýyk gelýän parametrler, olar bir wagtda we ykdysady işjeňligiň üýtgeýşine laýyklykda üýtgeýärler.

Ykdysady aýlaw döwrüniň **şertlerini** kesgitlemek üçin **üç** usulyýet çemeleşmesi tapawutlandyrylýar.

Olaryň **birinjisi** aýlaw döwürleriniň **daşarky (ekzogen)** şertler bilen baglylygyndan ugur alýar. Ikinji çemeleşme aýlaw döwürlerini **içerki (endogen)** şertler bilen düşündirýär. Üçünji çemeleşme aýlaw döwrüni daşarky we içerki şertleriň **sintezi** hökmünde kesgitleýär.

Daşarky şertler – bu ykdysady hadysalaryň döwürleýin gaýtalanyp durmagyna getirýän we şol ykdysady ulgamyň daşynda bolýan şertlerdir. Beýleki daşarky şertleriň arasynda olara şular degişlidir:

● uruşlar, rewolýusiýalar we beýleki syýasy üýtgeşmeler;

● altynyň, uranyň, nebitiň we beýleki gymmatly serişdeleriň iri ýataklarynyň açylmagy;

● täze çäkleriň özleşdirilmegi we şunuň bilen baglylykda ilatyň migrasiýasy (göçmegi), ýer ýüzüniň ilatynyň sanynyň üýtgemegi;

● jemgyýetçilik önümçiliginiň gurluş düzümini anyk görnüşde üýtgetmäge mümkinçilik berýän tehnologiýada güýçli öňegidişlikler, oýlap tapyşlar we innowasiýalar.

Ykdysady aýlaw, esasan, daşarky şertleriň bardygy bilen düşündirýän nazary garaýyşlary **eksternal nazaryýetler** diýip atlandyrmak kabul edilendir, şunda ol ykdysady aýlaw döwrüni ykdysady ulgamyň özüne mahsus bolan içerki şertleriň emele getirýän ýagdaýy hökmünde seredýän internal nazaryýetden tapawutlanýar. Bu şertler bellibir döwür aralygynda ykdysady işjeňligiň ýokary galmagyna hem, pese gaçmagyna hem sebäp bolup biler.

Esasy maýanyň (gozgalýan we gozgalmaýan emlägiň) fiziki taýdan ulanmak möhletine köp ykdysatçylar tarapyndan ykdysady aýlaw döwrüni emele getirýän möhüm içerki şertler hökmünde seredilýär.

Beýleki içerki şertleriň arasynda şular görkezilýär:

● şahsy sarp ediş, onuň azalmagy ýa-da köpelmegi önümçiligiň möçberine we iş bilen üpjünçilige täsir edýär;

● maýa goýmak, ýagny önümçiligi giňeltmäge, ony döwrebaplaşdyrmaga, täze iş ýerlerini döretmäge goýum goýmak;

● döwletiň ykdysady syýasaty, ol önümçilige, islege we sarp edişe göni we gytaklaýyn täsir etmekde ýüze çykýar.

Ykdysady aýlaw döwrüni diňe eksternal ýa-da internal nazaryýetleriň kömegi bilen düşündirmäge synanyşyklar üstünlige getirmedi. Ykdysady ulgamyň giň gerimde üýtgemegi diňe daşarky ýa-da diňe içerki şertler sebäpli bolup bilmez.

Köp sanly ykdysatçylaryň pikirine görä, daşarky şertler – bu aýlaw döwrüniň ilkibaşky itergisini (höwesi) dörediјilerdir, içerki şertler bolsa bu itergini tapgyrlaýyn üýtgemelere öwürýär. Bu çemeleşme has netijelidir.

Ykdysady aýlaw döwrüniň ýüze çykmagynda sarp ediş we maýa goýum hyrydarlygy esasy orunda durýar. Şunda sarp ediş hyrydarlygy döwürleýin durnuksyzlygyň üýtgemegine, bellibir derejede, gowşak täsir edýän bolsa, onda maýa goýum hyrydarlygy aýlawlaryň esasy hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýär.

§2. YKDYSADY AÝLAW: TAPGYRLARY WE OLARYŇ HÄSIÝETNAMALARY

Industrial jemgyýet döwründe bazar ykdysadyýetiniň ösüşi onuň döwürleýinlik ýaly aýratynlygyny ýüze çykardy. Döwürleýinlik jemgyýetçilik önümçiligi pese gaçyşyň we ýokary göterilişiň wagtal-wagtal bolup geçýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Şol sebäpli hem döwürleýinligiň mazmunyna seretmek zerurlygy ýüze çykýar.

Ykdysadyýetde döwürleýinlik diýlip önümçiligiň özüniň iň ýokary göteriliş nokadyndan beýleki bir nokadyna çenli hemişe gaýtalanyp duran hereketine düşünilýär. Ykdysadyýetiň bu nokatlary geçýän döwri **ykdysady aýlaw wagty diýlip** atlandyrylýar. Ykdysady aýlaw 7-nji şekildäki ýaly, grafigiň kömegi bilen görkezilip bilner:



7-nji şekil. Ykdysady aýlawyň grafigi

Maşyn önümçiligine we jemgyýetiň ösüşiň senagat ýoluna düşmegine getiren senagat rewolýusiýasynyň başlanan ýyly hasap edilýän 1792-nji ýyldan Birinji jahan urşunyň öň ýanyndaky 1913-nji ýyla çenli döwürde bazar ykdysadyýeti 15 aýlaw geçdi. Iki jahan urşunyň aralygynda üç aýlaw we uruşdan soňky döwürde sekiz aýlaw boldy.

Her bir aýlaw dört tapgyrdan durýar: çökgünlik (pese gaçmak), durgunlyk (depressiýa), janlanma (dikeldilmek) we ösüş (ýokarlanma), 7-nji şekilde tapgyrlaryň öz belgisi bar. Her bir tapgyra öz aýratynlyklary mahsusdyr. Olara seredip geçeliň.

I. Çökgünlik (pese gaçmak) tapgyry. Önümçilik möçberleriniň pese gaçmagy we JIÖ-niň möçberleriniň azalmagy çökgünligiň esasy ýüze çykmasy bolup durýar. Degişlilikde, kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklary doly güýjünde işlemeýär, peýda azalýar, paýnamalaryň hümmeti gaçýar, ilatyň iş bilen üpjünçilik derejesi peselýär, garyplyk artýar.

Netijede, jemi hyrydarlyk azalýar, muňa jogap hökmünde önümçilik, degişlilikde, hödürleme pese gaçýar. Umuman, bu tapgyr üçin

jemi hödürlemegiň jemi hyrydarlykdan ýokary gelmegi häsiýetlidir. Makroykdysady deňagramlylygy üpjün etmek üçin önümçiligi peseltmek zerur bolup durýar.

Pul bazarynda hem deňagramsyzlyk bolýar. Pul toplumynyň haryt toplumyndan yza galýan wagtynda puluň ýetmezçiligi ýüze çykýar, bu aýratyn hem çökgünligiň başlangyç tapgyrlarynda şeýle bolýar. Şol sebäbe görä, çökgünlik döwründe ýokarlanyp biljek ýeke-täk zat ol hem bank göteriminiň ölçegidir, sebäbi pula bolan hyrydarlyk olaryň hödürleme edilýän möçberinden ýokary bolýar.

Kärhanalaryň peýdalylygynyň pes, kähalatda bolsa ýitgi çekýän wagtynda göterimiň ýokary ölçeginiň bolmagy maýa goýum işjeňliginiň peselmegini şertlendirýär. Şonuň netijesinde tygşytlanan serişdeler bilen maýa goýumlaryň arasynda deň gelmezlik bolýar.

Şeýlelikde, çökgünlik wagtynda makroykdysady deňagramlylygyň bozulmagy ýüze çykýar, ol aşakdaky ýaly dürli modellerde görkezilýär:

- Seýiň modeli (AS > AD);
- Marksyň modeli (v+m) I > cII;
- Nusgawy model: S > I;
- Walrasyň modeli (PQ > MV).

Wagty boýunça çökgünlik, 1929-1933-nji ýyllaryň Beýik çökgünligi wagtynda bolşy ýaly, birnäçe aýdan birnäçe ýyla çekip biler.

II. Durgunlyk (depressiýa) tapgyry. Bu tapgyr çökgünlik wagtynda haryt ätiýaçlyklary gutarandan soň önümçiligiň pese gaçmagynyň kesilýändigi, ýöne häzirlikçe ösüşiň ýokdugy bilen häsiýetlendirilýär. Degişlilikde, ilatyň iş bilen üpjünçiligi pes derejede bolýar, ýöne işsizligiň derejesi ýokarlanmaýar, pes derejede bolsa-da, zähmet haky we kärhanalaryň peýdasy durnuklylaşýar, olaryň işewürlik işjeňligi ýokary bolmaýar. Durgunlyk birnäçe aýdan birnäçe ýyla çenli dowam edip biler.

III. Janlanma (dikeldilmek) tapgyry. Tapgyryň ady öz-özüni düşündirýär. Ol ykdysadyýetiň janlanmagy bilen häsiýetlendirilýär, JIÖ-niň bellibir derejede ösüşi bolup geçýär, zähmete, karza bolan isleg artýar. Iň esasy zat hem kärhanalaryň maýa goýum işi işjeňleşýär. Adatça bu tapgyr uzak dowam etmeýär, ol tiz wagtdan nobatdaky tapgyra geçýär.

IV. Ösüş (ýokarlanma) tapgyry. Bu tapgyry güýçli ösüş döwri diýip atlandyrýarlar, sebäbi ol çalt ykdysady ösüş bilen häsiýetlendirilýär. Iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy bolup geçýär, işsizlik azalýar we kähalatda käbir pudaklarda işçi güýjüniň ýetmezçiligi ýüze çykýar. Zähmet haky ýokarlanýar, jemi hyrydarlyk ýokarlanýar, satuwlaryň möçberi artýar, kärhanalaryň peýdasy ýokarlanýar. Ilatda we kärhanalarda artyk pul serişdeleri peýda bolýar, pul bazarlarynda puluň hödürlenmesi ýokarlanýar, şeýlelikde, göterimiň ölçegi ýokarlanmaýar, kähalatda bolsa peselip başlaýar. Karz hem, bellibir derejede, gymmat bolmaýar. Kärhanalaryň paýnamalarynyň hümmetiniň ýokarlanma meýli bolýar.

§3. SAMUELSON-HIKSIŇ YKDYSADY AÝLAW MODELI

Samuelson-Hiksiň modeli – diňe iki ykdysady subýektiň, ýagny öý hojalyklarynyň we kärhanalaryň bar bolan önümler bazaryny öz içine alýan hereketli keýnsian modelidir. Bahalaryň derejesi we göterim möçberi durnukly diýlip hasap edilýär. Häzirki döwürde sarp ediş möçberi ondan öňki döwrüň girdejisi bilen kesgitlenýär:

$$C_t = C_0 + C_y Y_{t-1},$$

bu ýerde C_0 aýratyn (özbaşdak) sarp ediş; C_y sarp etmäge bolan aňrybaş meýillilik.

Jemi isleg funksiýasynyň şu görnüşi bardyr:

$$Y_t^d = C_0 + C_y Y_{t-1} + J_t^a,$$

bu ýerde $C_y Y_{t-I}$ - öý hojalyklarynyň sarp edişi; J_t^a – telekeçiligiň maýa goýumlary.

Eger-de ylmy-tehniki ösüşiň täsiri bilen aýratyn (özbaşdak) maýa goýumlar ýokarlanýan bolsa, onda jemi hyrydarlyk we girdeji hem ýokarlanýar. Girdejiniň artmagy indusirlenen (döredilen) maýa goýumlaryň üýtgemegine sebäp bolýar.

Şeýlelikde, multiplikatoryň täsiri akseleratoryň hereket etmegine getirýär. Formallaşdyrylan görnüşde öý hojalyklarynyň islegini şunuň ýaly görkezip bolar:

$$C_0 + C_y Y_{t-1},$$

telekeçiligiň hyrydarlygy bolsa J^a_t + J.

Akseleratoryň formulasyna laýyklykda J^{in}_m н $= \propto (Y_{t-1} - Y_{t-2})$ bu ýerde $\propto$ – akseleratoryň koeffisiýenti.

Diýmek, jemi isleg funksiýasy şunuň ýaly görkezilip bilner:

$$Y^d_t = C_y Y_{t-1} + J^a_{vt} + \propto (Y_{t-1} - Y_{t-2}) + A_t,$$

bu ýerde A_t – aýratyn sarp edişiň we aýratyn maýa goýumlaryň jemidir.

Ykdysady ulgamyň özüni alyp barşy $\propto$ we C_y baglydyr. Hiksiň pikirine görä, bu parametrleriň ululygy güýçli özgermäni däl-de, üýtgemeleri getirip biler ýaly görnüşde bolýar, sebäbi olar çäklendirmelere gabat gelýär. Iş bilen doly üpjünçilik ýokarky çäklendiriji bolup durýar. Ulanyş (amortizasiýa) tutumlarynyň ululygy aşaky çäklendiriji bolup çykyş edýär.

Şeýlelikde, Hiksiň konsepsiýasy iki sany esasy elemente esaslanýar:

- ýokarky päsgelçiligiň ýa-da «potologyň» we aşaky päsgelçiligiň ýa-da «poluň» bolmagy, olar girdejiniň artmagynyň we pese gaçmagynyň jemi prosesleriniň tükeniksiz dowam etmegine mümkinçilik bermeýär;
- girdejiler her gezek «potologa» ýa-da «pola» ýetende, ol ters ugur boýunça hereket edip başlaýar.

§4. KALDORYŇ YKDYSADY AÝLAW MODELI

Kaldoryň modelinde ykdysady işjeňligiň döwürleýin üýtgemelerini endogen şertler bilen düşündirmäge synanyşyk edilýär, bu şertler görnüşinde ykdysady konýunktura aýlawyndaky dürli tapgyrlarda maýany we maýa goýumlaryny emele getirmek prosesleri çykyş edýärler.

Kaldoryň modeli diňe önümler bazaryny beýan edýär, şunda önümler bazarynda diňe öý hojalyklary we kärhanalar bolýar.

Kaldor maýanyň möçberiniň we maýa goýum hyrydarlygynyň ululygynyň girdejiniň funksiýalaryna ugurlaýyn bagly bolup durman,

eýsem onuň logiki (S - görnüşli) egri çyzyklar bilen beýan edilmelidigini teklip etdi.

Kaldoryň pikirine görä, maýa goýumlaryň we maýanyň möçberi ykdysady konýunktura baglylykda üýtgeýär: pese gaçma şertlerinde maýa goýum hyrydarlygy milli girdejiniň ösüşi babatynda üýtgäp durmaýar, sebäbi erkin önümçilik kuwwatlyklary bolýar.

Şu şertlerde ýokary göteriliş döwründe maýa goýumlara bolan isleg girdeji babatynda has çeýe bolýar, emma milli girdeji (MG) doly iş bilen üpjünçilik ululygyna ýeten mahalynda maýa goýumlaryň çeýeligi ýene-de pes bolýar, sebäbi maýa goýumlary amala aşyrmak göterim möçberiniň we zähmet hakynyň ýokarlanmagy netijesinde ep-esli çykdajylar bilen baglydyr.

Girdejiniň dürli ähmiýetlerinde – ortadan pes we orta derejeden ýokary bolan mahalynda maýa bolan aňrybaş meýilliligiň netijesinde maýanyň möçberi hem şonuň ýaly üýtgemeleriň täsirine düşýär, ýöne girdejiniň orta derejesinde ol, bellibir derejede, ýokary däldir.

Maýanyň we maýa goýumlaryň möçberiniň üýtgäp durmalary önümler bazarynda deňagramly ýagdaýdan gyşarmalara we deňagramlylygyň bozulmagyna ykdysadyýetiň degişli garaýşynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar, bu hem döwürleýin üýtgemeler mehanizmini döredýär.

Önümler bazarynda deňagramlylyk maýa goýumlaryň we maýanyň möçberleriniň deň bolan şertinde emele gelýär: $J(y,t) = S(y,t)$. Emma Kaldoryň modelinde şunuň ýaly deňagramlylyga diňe gysga möhletli hasabat deňlik hökmünde ýetilip bilner.

Gysga möhletli deňagramlylyk durnukly bolmaýar: $S > J$ bolýan birinji ýagdaýda önümler bazarynda artykmaç harytlaryň emele gelmegine getirýär, bu bolsa önümçiligiň mundan beýläk hem peselmegine ýardam eder, $J > S$ bolýan ikinji ýagdaýda bolsa, bu önümler bazarynda gytçylygy emele getirer, bu bolsa önümçiligiň mundan beýläk hem ösmegine ýardam eder.

Netijede, durnukly deňagramlylyk durnuksyz deňagramlylyga öwrüler. Milli girdejiniň ululygy $y_0<yc$ deňlemeden pes bolanda maýanyň möçberi maýa goýumlaryndan ýokary bolup başlar we önümler bazarynda ýüze çykan artykmaçlyk ykdysadyýetiň durnukly

deňagramlylyga ýetýän wagtyna çenli önümçiligiň peselmegine täsir eder.

Konýunkturanyň pes bolan ýagdaýynda maýanyň möçberi azalyp başlar, bu bolsa *S(y,t)* aşak süýşmegine sebäp bolar. Taýýar önümiň ätiýaçlygynyň azalmagy önümleriň ýetmezçiligine getirip biler, ol maýa goýumlara bolan hyrydarlygy işjeňleşdirýär we *J(y,t)* ýokarlygyna süýşüp başlar. Doly utgaşmagyň netijesinde durnukly ykdysady deňagramlylygyň ýerine durnuksyzlyk gelýär.

Konýunkturanyň janlanýan mahalynda milli girdejiniň ululygynyň y_0 ähmiýetden islendik tötänleýin ýokary bolmagy önümler bazarynda ýetmezçilige sebäp bolar we ykdysady ulgam ýetmezçiligiň aradan aýrylýan $y_0=ys$ ýagdaýyna tarap hereket eder.

Şeýlelikde, Kaldor ykdysadyýetiň ykdysady konýukturanyň ýokary işjeňlikden pes iňjeňlige we pes derejeden ýene-de ýokary derejä çenli doly döwründen geçişini düşündirýän mehanizmini beýan edýär.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Ykdysady konýunktura näme?
2. Ykdysady konýunktura haýsy görkezijileri bilen kesgitlenýär?
3. Ykdysady aýlawa nähili şertler täsir edýär?
4. Ykdysady aýlawyň daşarky şertleri barada gürrüň beriň.
5. Ykdysady aýlawyň içerki şertleri barada gürrüň beriň.
6. Ykdysadyýetde döwürleýinlik diýip nämä düşünýärsiňiz we ykdysady aýlaw haýsy tapgyrlardan ybarat?
7. Ykdysady aýlawyň çökgünlik we durgunlyk tapgyrlary barada aýdyp beriň.
8. Ykdysady aýlawyň janlanma we ösüş tapgyrlary barada düşünje beriň.
9. Samuelson-Hiksiň ykdysady aýlaw modelinde jemi isleg funksiýasy nähili amala aşyrylýar?
10. Hiksiň konsepsiýasynyň esasy elementleri barada aýdyp beriň.
11. Kaldoryň modelinde ykdysady işjeňligiň döwürleýin üýtgemeleriniň endogen şertleri barada düşündiriň.
12. Ykdysady konýukturanyň ýokary işjeňlikden pes iňjeňlige we pes derejeden ýene-de ýokary derejä çenli geçişini düşündirýän Kaldoryň mehanizmi barada gürrüň beriň.

X. YKDYSADY ÖSÜŞ WE ONUŇ MODELLERI

§1. YKDYSADY ÖSÜŞ BARADA DÜŞÜNJE

Ykdysadyýet – hereketli ulgamdyr. Onuň hereketi ykdysady ösüş (YÖ) arkaly ýüze çykýar. **Ykdysady ösüş** diýlip ykdysadyýetiň uzak wagtlap durnukly ösüşine, ýagny, uzak möhletli döwürde gysga möhletli aralyklarda deňagramlylyk ýagdaýynyň bozulmazdan, milli girdejiniň we jemi milli önümiň öňegidişlikli ýokarlanmagyna düşünilýär.

Ykdysady ösüş iki usul bilen ölçenilýär:

- JIÖ-niň ýyllyk ösüş depginleri;
- ilatyň jan başyna düşýän JIÖ-niň ýyllyk ösüş depginleri.

Ikinji usul ileri tutulýan usul bolup durýar. Ykdysady ösüşi ölçemegiň esasy görkezijileri hökmünde şular peýdalanylýar:

- ösüş koeffisiýenti – öwrenilýän döwrüň görkezijileriniň binýatlyk döwrüň görkezijilerine gatnaşygy;
- ösüş depgini – 100%-e köpeldilen ösüş koeffisiýenti;
- artyş depgini - ösüş depgini aýyrmak 100%;

Ykdysady ösüşiň iki görnüşi görkezilýär:

- ekstensiw;
- intensiw.

Ekstensiw görnüş goşmaça serişdeleri peýdalanmak arkaly amala aşyrylýar, şunda ortaça zähmet öndürijiligi üýtgemeýär. Ykdysady ösüşiň ekstensiw görnüşi önümçilik şertleriniň öňki tehniki esasda ulanylyşyny artdyrmagy göz öňünde tutýar (işgärleriň sanyny artdyrmak, maýa goýumlary, sarp edilýän çig maly we ş.m. köpeltmek).

Intensiw görnüş önümçiligiň we tehnologiýanyň has öndürijilikli şertlerini peýdalanmak bilen baglydyr, ýagny serişdeleriň sarp edilýän möçberlerini artdyrmagyň hasabyna däl-de, olaryň netijeliligini ýokarlandyrmagyň hasabyna bolup geçýär. Ykdysady ösüşiň intensiw görnüşi önümçilik şertleriniň hil taýdan kämilleşdirilmegini, has netijeli peýdalanylmagyny, ylmyň, tehnikanyň, tehnologiýanyň gazananlarynyň ornaşdyrylmagyny, önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagyny we ş.m. aňladýar.

Hakyky hojalyk iş tejribesinde arassa ekstensiw we arassa intensiw görnüş bolmaýar, çünki olar biri-biri bilen baglanyşykly ulanylýar. Şonuň üçin hem ösüşi şertlendirilen ol ýa-da beýleki şertleriň paýyna baglylykda, ykdysady ösüşiň, esasan, ekstensiw we intensiw görnüşi barada gürrüň edýärler.

Ykdysady ösüş prosesi onuň şertleriniň özara hereketini öz içine alýar. Makroykdysadyýetde ykdysady ösüş şertleriniň üç topary görkezilýär:

- teklip şertleri (adam serişdeleriniň, tebigy serişdeleriň, esasy maýanyň bolmagy, tehnologiýanyň derejesi);
- isleg şertleri (bahalaryň derejesi, sarp ediş çykdajylary, maýa goýum çykdajylary, döwlet çykdajylary, eksportyň arassa möçberi);
- paýlama şertleri (serişdeleriň önümçilik işine çekilmeginiň rejeliligi we dolulygy, ykdysady dolanyşyga çekilýän serişdeleriň peýdalanylyşynyň netijeliligi).

Uzak möhletli deňagramlylyk şertlerine we ykdysady ösüşiň durnuklylygyna seljerme geçirmek ykdysady ösüşiň amatlylylyk görkezijileriniň kesgitlenmegini talap edýär. Ykdysady ösüşiň amatlylygy, bir tarapdan, ykdysady ösüş depginleriniň hereketliligi bilen, beýleki tarapdan bolsa ösüş çeşmeleriniň arasynda jemgyýetçilik ösüşiniň bähbitlerine aňrybaş derejede laýyk gelýän gatnaşygy tapmakda jemlenýär.

Dürli ugurlara degişli ykdysatçylaryň arasynda ykdysady ösüşiň zerurdygy babatynda garşylyklaýyn pikirler iş ýüzünde ýokdur. Emma ykdysady ösüşi gazanmagyň has netijeli usullary babatynda dürli garaýyşlar bardyr. Meselem, ykdysatçylaryň bir topary esasy maýa goýumlary artdyrmagy teklip edýärler, beýlekileri ylmy barlaglary we işläp taýýarlamalary höweslendirmegi goldap çykyş edýärler,

8. Sargyt № 2612

üçünjileri bolsa işgärleriň has ýokary hünär derejesiniň üpjün edilmegini goldaýarlar.

Ykdysady ösüşiň netijeleri hökmünde oňyn we ýaramaz netijeler agzalýar. Ýaramaz netijeleri gowşatmak maksady bilen, ykdysady ösüşi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek meselesi goýulýar.

§2. YKDYSADY ÖSÜŞIŇ ŞERTLERI

Ykdysady ösüşiň önümçiligiň ösüşi bilen häsiýetlendirilýändigi sebäpli, ol ýurtda önümçilik şertleriniň bolmagyna we olaryň peýdalanylyşyna bagly bolup durýar. Bu görnüp duran ýagdaý ykdysady ösüşiň dürli önümçilik funksiýalarynyň esasynda goýlandyr.

Önümçilik funksiýasy nusgasyny ilkinji bolup amerikan ykdysatçylary Ç.Kobb hem-de P.Duglas teklip etdiler. Olaryň modeli milli önümçiligiň (Y) möçberleriniň artmagynyň zähmete (L) we maýa (K) funksional baglylygyny görkezýär, şoňa görä-de, ol iki şertli model diýlip atlandyrylýar:

$$Y = A \cdot L \cdot K,$$

bu ýerde Y – önümçilik möçberi;

L – zähmet harajatlary;

K – maýa harajatlary;

A – harajatlaryň, ýagny zähmet we maýa harajatlarynyň laýyklyk koeffisiýenti.

Bu funksiýa ikinji jahan urşundan öňki ýyllarda teklip edilipdi.

Soňra XX asyryň 50-nji ýyllarynda R.Solouwuň önümçilik funksiýasy peýda boldy. Onda Kobbyň-Duglasyň önümçilik funksiýasynyň üsti ýene bir örän möhüm şert bilen, ýagny tehniki ösüş bilen ýetirilýär. Bu funksiýa laýyklykda, tehniki ösüş bolmadyk ýagdaýynda ykdysady ulgam diňe üznüksiz önümçiligiň mümkin bolan durnukly ýagdaýyna ýetýär.

Häzirki zaman şertlerinde önümçiligiň üçünji, ýagny tebigy şertini hasaba alman bolmaz. Şonuň üçin hem ykdysady ösüşiň üç şertli ösüşi has takyk bolup görünýär, onda önümçiligiň ähli üç şerti, şeýle hem ylmy-tehniki ösüş hasaba alynýar:

$$Y = A \cdot L \cdot K \cdot N \cdot e,$$

bu ýerde N – tebigy şert;

e – ylmy-tehniki ösüşiň depgini.

Ykdysady ösüşiň üç şertli nusgasynyň aňyrsynda näme ýatýandygyna seredip geçeliň.

1. **Zähmet şerti.** Oňa şular goşulýar:

● işleýänleriň sany, şol sanda işe täze alynýan işgärler;

● iş wagtynyň dowamlylygy, ýagny işlenen adam-sagatlaryň jemi, şol sanda iş wagtynyň hereketliligi;

● işgärleriň hünär derejesi, şol sanda onuň üýtgeýşi;

● zähmetiň intensiwligi, ýagny zähmet harajatlarynyň jemi, şol sanda onuň üýtgeýşi.

2. **Maýa şerti.** Oňa şular goşulýar:

● esasy önümçilik gaznalarynyň möçberi, onuň üýtgeýşi;

● önümçilik serişdeleriniň hili, olaryň öndürijiligi, kuwwatlylygy, ygtybarlylygy;

● önümçilik serişdeleriniň peýdalanylýan wagty, enjamlary çalyşma koeffisiýenti;

● önümçilik tehnologiýasy önümçilik serişdelerinden peýdalanmagyň usuly hökmünde we onda tehniki ösüşiň ýüze çykyşy.

3. **Ýer şerti.** Oňa şular goşulýar:

● önümçilige çekilen oba hojalyk meýdanlary, tokaý meýdanlary, şol sanda olaryň artyşy (azalyşy);

● ykdysadyýete çekilen gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň möçberi, onuň hereketliligi;

● tebigy serişdeleriň (ýer, tokaý, magdan we ş.m. serişdeleriň) hili;

● tebigy gurşawyň hili, tebigy-howa şertleri.

4. **Önümçiligiň gurluş düzümi,** öňi bilen, birinji, ikinji, üçünji şertleriniň arasyndaky gatnaşykdyr. Ahyrky önümi berýän ikinji we üçünji şertleriniň tutýan ýokary orny, birinji şertleriniň tutýan ýokary ornuna garanyňda, ýokary ösüş berýär. Ykdysady ösüş nukdaýnazaryndan, ýurduň ahyrky önümi öndürmekde ýöriteleşmek bilen, çig maly daşary ýurtlardan satyn almagy gowudyr. Aýratyn hem ylmy köp talap edýän önümleriň öndürilmegi ep-esli ösüş berýär.

5. **Önümçiligi guramak şerti**, önümçilik şertleriniň arasynda hil we mukdar laýyklygyny, olaryň işiniň ýeterlik bolmagyny, iş bilen üpjünçiligi, olary peýdalanmagyň intensiwligini we ş.m. üpjün edýär.

Bu şert şulara bagly bolup durýar:

● adamlaryň erkine we islegine bagly bolan subýektiw şertlere. Olara şulary degişli edip bolar: dolandyryşyň hili, işgärleri taýýarlaýyş ulgamy, peýdalanylýan höweslendirmeler, döwletiň syýasaty;

● adamlaryň erkine we islegine bagly bolmadyk obýektiw şertlere, ilki bilen, jemgyýetiň hojalyk mehanizmine, şol sanda ýurduň halkynyň däplerine, häsiýetine.

6. **Ýurduň içindäki ykdysady konýunktura we daşarky bazarlaryň ýagdaýy.**

Bu şertler köp babatda önümçiligi giňeltmäge ýa-da tersine, ony peseltmäge höwes döretmek bilen, öndürilýän önüme bolan islegi kesgitleýär.

Umuman alnanda, ykdysady ösüşiň şertleriniň çylşyrymly toplumyny iki bölekde jemläp bolar: **zähmet harajatlary** *(L)* we **onuň öndürijiligi** *(p)*:

$$Q = L \cdot p.$$

Zähmet öndürijiligi önümçilik şertleriniň üçüsiniň hili, zähmetiň we önümçiligiň guralyşy bilen kesgitlenýär. Önümçilikde ulanylýan şertleriniň sany we hili, öz gezeginde, maýa goýumlara – jemgyýete zerur bolan önümçilik şertlerine serişde goýulmagyna baglydyr.

§3. SOLOUWUŇ YKDYSADY ÖSÜŞ MODELI

Solouwuň ykdysady ösüş modeli – ykdysady ösüşiň täze nusgawy modeli bolup, ol tygşytlanan serişdeleriň, zähmet serişdeleriniň ösüşiniň we ylmy-tehniki ösüşiň ilatyň ýaşaýyş derejesine we onuň depginine täsir ediş mehanizmini ýüze çykarýar.

Model XX asyrda (1956-njy ýylda) işlenip taýýarlanyldy we ol ýönekeý model bolup durýar, sebäbi onda diňe öý hojalyklary we kärhanalar görkezilýär.

R.Solou öz modelinde täze nusgawy ykdysady mekdebiň şu şertlerini peýdalanypdyr: kämil bäsdeşlik, bahalaryň çeýeligi, doly iş

bilen üpjünçilik, önümçilik serişdeleriniň özara biri-birini çalyşmagy, maýanyň peselýän öndürijiligi, gerimden (ululykdan) durnukly peýda almak, serişdeleriň çykyp gitmeginiň durnukly ölçegi, maýa goýumlarynyň bolmazlygy.

Solouwuň modelinde Kobbyň-Duglasyň önümçilik funksiýasy peýdalanylýar, bu ýerde zähmet we maýa substitutlar bolup durýarlar. Ykdysady ulgamyň deňagramly ýagdaýynyň zerur şerti bolup jemi hyrydarlygyň we jemi hödürlemäniň deňligi çykyş edýär.

Solouwuň modeli ykdysady hereketliligi häsiýetlendirýän şu deňlemelerden durýar.

1. Önümler bazaryndaky hödürlemäniň möçberi gerimden (ululykdan) durnukly peýda alynýan önümçilik funksiýasyny beýan edýär:

$$Y_t = F\,(K_t L_t) \qquad (1)$$

islendik oňyn (položitel) Z üçin şu dogrudyr: $ZY_t = F(ZK_t, ZL_t)$ (2)

Aýdalyň, Z^{J}_{Lt} şonda alýarys: $\frac{Y_t}{L_t} = F\,[\frac{K_t}{Z_t}, J]$, (3)

bu ýerde $\frac{Y_t}{L_t}$ - öndürijilik *(y)*; $\frac{K_t}{Z_t}$ - maýa bilen üpjünçilik (serişde bilen üpjünçilik) *(K)*.

Deňleme (3) bir işgäre hasaplanyňda önümçilik möçberiniň bir işgäre düşýän maýa funksiýasy bolup durýandygyny görkezýär.

Başlangyç funksiýany gaýtadan ýazýarys: $y = f\,(k)$. (4)

Funksiýa zähmet öndürijiliginiň maýa bilen üpjünçiligiň arasyndaky özara baglanyşygy görkezýär.

2. Solouwuň modelinde sarp edijiler we maýa goýumçylar tarapyndan haryda bildirilýän hyrydarlyk, ýagny döwlet sargydy bolmazdan hususy bölek bilen arassa eksportyň arasyndaky hyrydarlyk görkezilýär:

$$Y^{d}_{t} = C + J, \qquad (5)$$

Şunda $i = \frac{J_t}{L_t}$ - bir işgäre düşýän maýa goýumlar; $c_t = \frac{C_t}{L_t}$ - bir işgäriň sarp edýäni.

3. J bilen S deňlik deňagramlylygyň şerti bolup çykyş edýär. Sarp edişi şunuň ýaly görkezip bolar: $C_t = (J – S)\, y_t$, (6)
bu ýerde S – tygşytlama (toplama) ölçegi.

Diýmek: $y_t = C_t + i_t = (J - C)\, y_t + i_t$. (7)

Şundan: $i = C_y$ gelip çykýar. (8)

Deňagramlylyk şertlerinde maýa goýumlar tygşytlanan serişdelere deňdir we girdejä deň ölçeglidir.

4. Ýurduň ilaty durnukly depginden köpelýär:

$$R_t = R_0\, (J+n)^t, \tag{9}$$

bu ýerde n – ilat sanynyň durnukly köpeliş depginidir.

Önümçilik şertleri bazarynda bahalaryň çeýeligi netijesinde ykdysadyýetde durnukly iş bilen üpjünçilik saklanýar, ýagny işleýänleriň sany ýurtda ilat sanynyň köpeliş depgininden artýar:

$$L_t = L_0\, (J+n)^t. \tag{10}$$

Maýa bilen üpjünçiligiň durnukly bolup galmagy üçin maýa hem ilatyň köpeliş depgininde artmalydyr:

$$\frac{\Delta y}{y} = \frac{\Delta L}{L} + \frac{\Delta K}{K} = n. \tag{11}$$

Nusga tehniki ösüşiň goşulmagy başky önümçilik funksiýasyny üýtgedýär:

$$Y = F\,(K, L\ x\ E),$$

bu ýerde E – zähmetiň netijeliligini görkezýän üýtgeýän ululykdyr.

Işçi güýjüniň n depginde köpelýändigi, peýdanyň bolsa q depginde artýandygy sebäpli, zähmetiň netijeli birlikleriniň umumy sany $n+q$ depginde ýokarlanar.

Amatly toplaýyş ölçegi (kadasy) şu şerte laýyk gelmelidir: $MRK=d$, ýagny maýanyň aňrybaş önümi serişdeleriň çykyp gitme ölçegine deňdir, eger ilat sanynyň artyşyny we tehniki ösüşi nazara alsaň, onda $MRK=d+n+q$ bolar.

Amatly toplaýyş ölçegi (kadasy) (n) sarp edişiň aňrybaş derejesi bolan deňagramly ykdysady ösüşi üpjün edýär.

§4. DOMARYŇ YKDYSADY ÖSÜŞ MODELI

E.Domaryň ykdysady ösüş modeli – ykdysady ösüşiň ýönekeý keýnsian modeli bolup, jemi hyrydarlygyň we önümçilik kuwwatlyklarynyň wagt boýunça jemi hödürlemäniň artmagynda maýa goýumlaryň iki hili wezipesini öwrenýär.

E.Domar uzak döwür üçin gysga möhletli keýnsian deňagramlylygynyň şertlerini giňeltmek bilen, uzak möhletli döwürde iş bilen doly üpjün etmek meselesini öňe sürdi. E.Domaryň XX asyryň 40-njy ýyllarynda teklip eden modeli şu şertlerden ugur alypdy:

- modelde diňe deňeçerlenen önümleriň bazary görkezilýär;
- önümçilik tehnologiýasy W.Leontýewiň önümçilik funksiýasy bilen berilýär;
- önümçilik şertleriniň biri-birini çalyşmagy göz öňünde tutulmaýar;
- zähmet bazarynda bahalaryň çeýe bolmazlygy sebäpli ýüze çykan artykmaç teklip bar;
- maýanyň çykyp gitmegi göz öňünde tutulmaýar, maýanyň ortaça öndürijiligi (Y/K) we tygşytlamalar ölçegi (S_y) durnukly;
- önüm çykarmak diňe bir serişdä – maýa bagly bolup durýar.

Şunda Domar eger ykdysady ulgam iş bilen doly üpjünçiligiň bolmagynda deňagramly ýagdaýda bolýan bolsa, onda deňagramlylygy saklamak üçin jemi hyrydarlyk önümçilik potensialynyň artyşy ýaly depginde ýokarlanmalydyr diýen düzgünden ugur alypdyr.

Model hödürlemek, hyrydarlyk we deňagramly ösüş diýen üç deňlemeden durýar. Hödürlemäniň deňlemesi şu şerte esaslanýar: $J_t\text{-}I = \Delta K_t\text{-}I = K_t - K_{t-1}$, ýagny şu döwürde amala aşyrylýan maýa goýumlar geljekde maýany artdyrýar.

Maýanyň ortaça öndürijiliginiň $(d = Y/K)$ hemişelik ululyk bolup durýandygy üçin t döwürde önümler bazaryndaky hödürlemek şu formula boýunça beýan edilýär: $\Delta Y_t^d = б \, x \, K_t = б \, J_{t-1}$.

Önümlere bolan islegiň artyşy t döwürde multiplikatoryň esasynda kesgitlenýär: $\Delta Y_t^d = \dfrac{\Delta J}{S_y}$,

bu ýerde S_y – tygşytlamaga bolan aňrybaş meýillilik.

Deňagramly ösüş deňlemesi – bu hyrydarlyk bilen hödürlemäniň deňagramly artmagydyr.

Hyrydarlyk bilen hödürlemäniň deňlemelerini hasaba almak bilen, hereketli deňagramlylyk şertini alarys: $\Delta Y_t^d = \frac{\Delta J}{S_y}$.

Deňlemeden önümçilik kuwwatlyklarynyň doly peýdalanylmagyny saklamak üçin maýa goýumlary maýanyň ortaça öndürijiligini (d) we tygşytlamaga bolan aňrybaş meýillilige (S_y) köpeltmegiň jemine deň bolan depginde artdyrmak zerurdyr.

Deňagramlylyk şertlerinde $S=J$, $S=S_y$, S_y – *const* bolsa, onda

$$\delta S_y = \frac{\Delta Y_t}{Y_{t-1}},$$

d - const bilen önümçilik tehnologiýasy berilýän bolsa, onda girdejiniň derejesi maýa goýumlaryň derejesine deň ölçegli ululyk bolup durýar.

Önümçilik şertleriniň arasynda biri-birini çalyşmagyň bolup geçmeýändigi üçin, $\frac{\Delta L}{\Delta L_{t-1}} = \frac{\Delta K}{\Delta K_{t-1}}$.

Doly iş bilen üpjünçilikde hereketli deňagramlylyk şertini giňeldip bolar:

$$\frac{\Delta J}{J_{t-1}} = \frac{\Delta Y}{Y_{t-1}} = \frac{\Delta K}{\Delta K_{t-1}} = \frac{\Delta L}{\Delta L_{t-1}} = \delta S_y.$$

Şeýlelikde, önümler bazarynda deňagramlylygy we iş bilen doly üpjünçiligi saklamak üçin kabul edilen şertlerde maýa goýumlaryň möçberini bellenen depginde yzygiderli artdyrmak gerek.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Ykdysady ösüş näme?
2. Ykdysady ösüş haýsy görkezijileri bilen ölçenilýär?
3. Ykdysady ösüşiň ekstensiw we intensiw görnüşleri barada aýdyň.
4. Ykdysady ösüş şertleriniň haýsy toparlaryny bilýärsiňiz?
5. Amerikan ykdysatçylary Ç.Kobbyň hem-de P.Duglasyň teklip eden önümçilik funksiýasynyň modeli barada düşünje beriň.
6. Solouwuň önümçilik funksiýasynyň Kobb-Duglasyň önümçilik funksiýasyndan aratapawudy nämede?
7. Ykdysady ösüş modeliniň üç şertli ösüşi barada gürrüň beriň.
8. Solouwuň ykdysady ösüş modeli nämäni aňladýar?
9. Ykdysady hereketliligi häsiýetlendirýän deňlemelerden ybarat bolan Solouwuň modeline düşündiriş beriň.
10. Domaryň ykdysady ösüş modeline nähili şertler girizilen?
11. Domaryň modeliniň hödürlemek, hyrydarlyk we deňagramly ösüş deňlemeleri barada aýdyp beriň.

XI. MAÝA GOÝUMLARY WE MAÝA GOÝUM HYRYDARLYGYNYŇ KONSEPSIÝASY

§1. MAÝA GOÝUMLARY: DÜŞÜNJE, GÖRNÜŞLER, ŞERTLER

Ösen ýurtlarda jemi hyrydarlygyň ululygynyň ýarsyndan gowragy sarp ediş çykdajylaryna düşýän bolsa, onda maýa goýum üçin çykdajylaryň paýy jemi çykdajylaryň 20%-den az bolup durýar. Şeýle-de bolsa, ykdysadyýetde maýa goýuma bolan hyrydarlygy kesgitleýän şertlere seljerme geçirmegiň ägirt uly ähmiýeti bardyr.

Birinjiden, jemi çykdajylaryň 15-20%-i onuň hereketliligine seljerme geçirmek üçin ýeterlik derejede uly möçberdir.

Ikinjiden, maýa goýumlaryň özi ykdysadyýetiň öňegidişlikli ösmegini üpjün edýär.

Onsoňam, maýa goýuma bolan hyrydarlyk jemi hyrydarlygyň iň bir durnuksyz, has üýtgäp durýan düzüm bölegidir, bu bolsa oňa seljerme geçirmek işine birinji derejeli ähmiýet berýär. Maýa goýum işiniň aýratynlygy maýa goýumlaryň geljek döwürde maýanyň ätiýaçlygyny artdyrmak maksady bilen, serişdeleriň häzirki döwürdäki akymy bolup durýandygyndan ybaratdyr.

Maýa goýumlar – peýda almak maksady bilen, döwlet maýasyny we hususy maýany ýurduň içinde hem-de daşary ýurtlarda ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna uzak möhletli goýumlar bolup durýar.

Makroykdysadyýetde maýa goýumlar diýlip hakyky maýa goýumlara – hususy kärhana ýa-da döwlet tarapyndan ol ýa-da beýleki önümleriň önümçiligine goýulýan düýpli goýumlara düşünilýär.

Maýa goýumlaryň üç görnüşi görkezilýär:

● Önümçilik maýa goýumlary (jaýlar, desgalar, enjamlar).

● Ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna maýa goýumlar (ýaşamak üçin jaýlary satyn almak ýa-da kärendä tabşyrmak).

● Ätiýaçlyklara maýa goýumlar (çig mal, materiallar, tamamlanmadyk önümçilik, taýýar önümler).

Jemi we arassa maýa goýumlar tapawutlandyrylýar.

Jemi (brutto) maýa goýumlar – bu köne enjamy çalyşmak (amortizasiýa) we önümçiligi giňeltmek üçin maýa goýumlary artdyrmak bolup durýar.

Arassa (netto) maýa goýumlar – bu esasy maýanyň ulanyş tutumy (amortizasiýasy) aýrylan jemi maýa goýumlardyr.

Maýa goýum hyrydarlygy iki bölekden durýar:

● Könelen maýany dikeltmäge bolan hyrydarlykdan;

● Arassa hakyky maýany artdyrmaga bolan hyrydarlykdan.

Maýa goýum hyrydarlygy – bu jemi hyrydarlygyň iň bir hereketdäki we üýtgäp durýan bölegidir, ol obýektiw şertlere (ykdysady ýagdaýy: arassa peýdanyň garaşylýan ölçegi, göterim möçberi) we subýektiw şertlere (telekeçileriň çözgüdine) baglydyr.

Maýa goýumlaryna bolan hyrydarlygyň möçberini kesgitleýän şertlere baglylykda olary aýratyn (özbaşdak), ýagny jemi hyrydarlygyň (milli girdejiniň) artmagy sebäpli bolup geçmeýän we indusirlenen, ýagny jemi hyrydarlygyň (milli girdejiniň) artmagy sebäpli ýüze çykan maýa goýumlara bölýärler.

Maýa goýumlaryň jemi hyrydarlyga (milli girdejä) edýän täsiri multiplikator we akselerator nazaryýetlerinde görkezilýär.

§2. MODELLER: MULTIPLIKATOR MODELI WE AKSELERATOR MODELI

Multiplikator (latynça *multiplico* – köpeldýän, artdyrýan diýmek, iňlisçe *multiplier*) – bu milli girdejiniň maýa goýumlaryň üýtgemegine baglylygyny görkezýän koeffisiýent ýa-da köpeldijidir.

Maýa goýumlaryň artmagy tebigy ýagdaýda milli önümi artdyrýar. Emma milli önümiň artmagy maýa goýumlaryň köpelişine deň ölçegli bolmaýar-da, eýsem has ýokary depginlerde bolup geçýär.

Maýa goýumlaryň girdejä şonuň ýaly täsir etmegi «multiplikator täsiri» adyny aldy.

Bu täsiriň düýp manysy maýa goýumlaryň her gezekki artmagynyň iş bilen üpjünçiligiň, girdejiniň we sarp edişiň diňe bir degişli derejede ýokarlanmagyna däl-de, eýsem birnäçe esse ýokarlanmagyna sebäp bolýandygyndan ybaratdyr:

$$\Delta AMÖ = k \cdot \Delta I\,,$$

bu ýerde $\Delta AMÖ$ – arassa milli önümiň artyşy; k – multiplikator (koeffisiýent-köpeldiji); ΔI – maýa goýumlaryň artyşy.

Şundan k = $\Delta AMÖ$ /ΔI gelip çykar.

Şunuň ýaly baglylykdan ugur almak bilen, J.Keýns maýa goýumlaryň artmagy öz-özünden iş bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagyna we AMÖ-niň deň ölçegli artmagyna alyp barýar diýip hasap edipdir. Şunda multiplikatoryň ululygy deňölçeglilik koeffisiýenti bolup durýar. Onuň hususy we döwlet maýa goýumlarynyň giňeldilmegi baradaky talaby hem şundan gelip çykýar, onuň pikiriçe maýa goýumlar önümçiligiň, iş bilen üpjünçiligiň umumy ýokarlanmagyna we şahsy sarp edişiň artmagyna getirmelidir.

Maýa goýum multiplikatory maýa goýumlaryň bir pul birligine köpelmegi netijesinde önümçiligiň möçberiniň näçe pul birligine köpeljekdigini görkezýär. Bu koeffisiýent maýa goýumlaryň şu hili artmagynyň näderejede tutuş netijeli hyrydarlygy artdyrýandygyny görkezýär.

Multiplikator modelini maýa goýumlaryň ýurduň milli girdejisiniň üýtgemegine edýän täsiriniň kesgitlemesi hökmünde häsiýetlendirip bolar. Bu nusga maýa goýumlaryň netijeliligini görkezýär we ykdysadyýetdäki hakyky baglanyşyklary häsiýetlendirmek üçin peýdalanylyp bilner.

Multiplikatoryň ähmiýeti kärhanalaryň maýa goýum meýilnamalaryndaky uly bolmadyk üýtgemeleriň AMÖ-niň deňagramly derejesinde has uly üýtgemelere getirip biljekdigini görkezýändiginden ybaratdyr. Munuň üstesine-de, multiplikasiýa täsiri AMÖ-niň deňagramly derejesiniň ýokarlanmagyna (eger goşmaça maýa goýumlar artýan bolsa) tarap hem, onuň azalmagyna (maýa goýumlaryň azalmagy bolup geçýän bolsa) tarap hem hereket edýär.

Şeýlelikde, ykdysadyýetdäki baglanyşyklar ulgamynyň şunuň ýaly görnüşi bolýar: aýratyn (özbaşdak) çykdajylar multiplikatoryň täsiri netijesinde milli girdejiniň artmagyna, diýmek, tygşytlanan serişdeleriň köpelmegine getirýär. Emele gelen tygşytlamalar işewürlik işjeňliginiň janlanýan şertlerinde goşmaça maýa goýumlaryň çeşmesi bolup hyzmat edip bilerler, olary döredilen ýa-da **indusirlenen** maýa goýumlar diýip atlandyrmak kabul edilendir, sebäbi olar ýokarlanan girdejä bagly bolýarlar. Döredilen maýa goýumlar, öz gezeginde, ilkibaşky, ýagny aýratyn (özbaşdak) maýa goýumlar bilen bilelikde, ykdysady ösüşi güýçlendirýär, ony çaltlandyrýar, bu bolsa akselerator täsiri (*accelerator* – çaltlandyryjy) adyny aldy.

J.Klark tarapyndan 1917-nji ýylda teklip edilen **akselerator modeli** (indusirlenen maýa goýumlar) maýa goýum çykdajylarynyň hereketliligi bilen jemi çykarylan önümdäki (milli girdejidäki) üýtgemeleriň arasyndaky bellibir baglylygyň bardygyna esaslanýar.

Akselerator maýa goýumlaryň artmagynyň girdejiniň, sarp ediş isleginiň ýa-da taýýar önümiň, bellibir derejede, artmagyna bolan gatnaşygy bolup durýar we şu formula bilen aňladylýar:

$$V = \frac{\Delta Jt}{Y_t{-}1{-}Y_t{-}2_t{-}1},$$

bu ýerde ΔJ – maýa goýumlar; Y - girdeji; t – wagt.

Akselerator önümleriň (girdejiniň, islegiň) artmagynyň «indusirlenen» maýa goýumlara, ýagny sarp ediş çykdajylaryň derejesiniň artmagy netijesinde emele gelen täze maýa bolan gatnaşygyny görkezýär.

Akseleratoryň hereket ediş ýörelgesi iki esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

● Harytlara bolan sarp ediş isleginiň artmagy önümçilik kuwwatlyklarynyň artmagyna getirýär.

● Sarp ediş çykdajylarynyň peselmegi peýdany azaldyp biler, bu bolsa maýa goýumlaryň möçberiniň peselmegine getirer.

Makroykdysady nusgalarda akselerator multiplikator (köpeldiji) bilen birleşýär, daşary ýurtlarda ykdysadyýeti düzgünleşdirmek üçin giňden peýdalanylýar.

§3. MAÝA GOÝUM HYRYDARLYGYNYŇ TÄZE NUSGAWY KONSEPSIÝASY

Alymlaryň täze nusgawy konsepsiýasyna laýyklykda, telekeçiler maýanyň amatly möçberini gazanmak maksady bilen, maýa goýumlary amala aşyrýarlar. Şonuň üçin hem maýa goýuma bolan isleg funksiýasyny şunuň ýaly görkezip bolar:

$$J^{œ} - \beta\,(K^{\circ} - K'); \; 0 < \beta < 1;$$

bu ýerde $J^{œ}$– aýratyn (özbaşdak) maýa goýumlaryň *t* döwürdäki möçberidir; K′ – maýanyň hakyky möçberi; K° – maýanyň amatly möçberi; β - *t* döwürde bar bolan maýanyň amatly ýagdaýa golaýlaşma derejesini häsiýetlendirýän koeffisiýent.

Maýanyň amatly möçberini kesgitlemek:

- Maýanyň amatly möçberi bar bolan şertlerde aňrybaş tehnologiýany üpjün edýär.
- Kämil bäsdeşlik şertlerinde maýanyň aňrybaş önümi *(c)* ulanyş tutumynyň ölçeginden *(d)* we serişdeleri maýa hökmünde peýdalanmagyň alternatiw harajatlaryndan ybarat bolan maliýe aktiwleri boýunça göterim möçberinden *(i)* durýan renta çykdajylaryna deň bolan mahalynda peýda aňrybaş derejede bolýar.

Peýda aňrybaş derejede bolýar, eger $c = d + i$.

Maýanyň amatly möçberini kesgitlemek üçin Kobbyň-Duglasyň önümçilik funksiýasyny peýdalanýarys.

$$Y = K^{\infty}\, x\, L^{i-2}; \; 0 < \infty < 1,$$

bu ýerde ∝– önüm çykarmaga maýanyň goşandy kesgitlenýän parametr bolup durýar.

Maýanyň aňrybaş derejesiniň şertleri peýdalanylanda maýanyň amatly görkezijisi şuňa deň bolar:

$$K^{0} = \frac{\infty Y}{d+i}\,.$$

Eger renta çykdajylarynyň bellenen ähmiýetinde önümçilik tehnologiýasy üýtgese, onda K° ähmiýeti hem üýtgär. Eger ylmy-tehniki ösüş sebäpli, maýanyň aňrybaş öndürijiligi ýokarlansa, onda K° hem ýokarlanar (göterim möçberiniň üýtgewsiz galmagynda).

Diýmek, maýa goýum hyrydarlygy maýa aňrybaş öndürijiliginden ýokarlanýan funksiýa we göterim möçberinden azalýan funksiýadyr (ulanyş tutumynyň (amortizasiýanyň) bellenen ähmiýetinde).

Bu konsepsiýanyň artykmaç taraplaryna şulary degişli edip bolar:

● maýa goýum hyrydarlygynyň ykdysady konýunkturanyň ýagdaýynyň we önümçilik tehnologiýasynyň derejesiniň obýektiw syn edilýän parametrlerine baglylygynyň formallaşdyrylmagy;

● maýa goýum hyrydarlygynyň göterim möçberine ýakyn baglylygy nusgawy mekdebiň maýa goýumlaryň göterim möçberi boýunça ýokary derejede üýtgeýändigi baradaky esas goýujy ýörelgesini nygtaýar.

Şol bir wagtda maýa goýuma bolan hyrydarlygynyň wagtlaýyn häsiýetiniň maýa goýumlaryň hakyky depginine we ulanylýan maýanyň möçberine doly derejede laýyk gelmeýändigini bellemek gerek.

§4. MAÝA GOÝUM HYRYDARLYGYNYŇ KEÝNSIAN KONSEPSIÝASY

Maýa goýum hyrydarlygynyň keýnsian modeliniň esasynda maýa goýum işine gatnaşyjylaryň maýa goýmak baradaky çözgütler kabul edilýän mahalynda esaslanýan zatlaryny kesgitleýän şertleri seljermek ýatýar. Bu şertleriň aglabasy maýa goýum işiniň uzak möhletli häsiýetiniň netijesi bolup durýar. Olaryň käbirine seredeliň.

●Maýa goýum işiniň subýektleri maýa goýmak baradaky çözgütleri kabul etmegiň barşyna ýokary derejede näbellilik getirýän birnäçe ýagdaýlara gabat gelýärler.

● Maýa goýmak baradaky çözgüdiň kabul edilmegi köp babatda dürli töwekgelçilikleriň täsirinde bolýar.

● Maýa goýum işiniň subýektleri çözgütler kabul edilende aglaba ýagdaýda formal görkezijilere garanyňda, içki duýgulardan we maýa goýum ýagdaýyna berilýän bahadan köp ugur alýarlar.

● Maýa goýum işiniň subýektleri dürli döwürleriň gymmatlyklaryny deňeşdirip görmek zerurlygyna gabat gelýärler.

Soňky ýagdaý maýa goýum hyrydarlygynyň formal nusgasyny gurmak nukdaýnazaryndan has möhüm bolup durýar. Maýa goýumçy, maýa goýum taslamasyna pul goýmak bilen, bellibir derejede, peýda almagy göz öňünde tutýar, ýagny taslamadan alynjak girdejiler goýlan maýadan ýokary bolmalydyr.

Maýa goýumçy maýa goýum taslamalaryndan arassa girdejiniň akymyna **diskontirlemegiň** kömegi bilen baha berýär. *(t)* ýyldan soň bellibir möçberdäki puly almak mümkinçiligini bu pul möçberini *(1 + R)t* bölmek bilen kesgitläp bolar, bu ýerde *R* – diskont möçberidir.

Eger aşakdaky ýaly deňsizlik dogry bolsa, islendik maýa goýum taslamasy ykdysady taýdan maksadalaýykdyr:

$$K° < \frac{П_1}{(1+R)} + \frac{П_2}{(1+R)2} +....+ \frac{П_n}{(1+R)n},$$

bu ýerde $K°$– maýa goýum taslamasy üçin talap edilýän goýumlar; $П_1$, $П_2$, $П_n$ - *1,2, ...n* - pursatlarda taslamadan gelýän arassa girdejili akymlary; *R* – diskont ölçegi.

Şu deňsizligi deňlige öwürýän diskont ölçeginiň ähmiýeti maýanyň aňrybaş netijeliligi *(R°)* diýlip atlandyrylýar. Maýa goýum hyrydarlygy maýa goýum taslamalaryny girdejililik görkezijisi boýunça saýlap almak bilen baglydyr. Maýa goýumçylar maýa goýum taslamalarynyň arasyndan saýlap almak bilen, olarda R° has ýokary bolan taslamalara üns berýärler.

Maýa goýumçylar diňe bir maýa goýumçylaryň goýumlarynyň girdejililigini däl, eýsem maýa goýum taslamalarynyň her biriniň töwekgelçilik derejesini hem göz öňünde tutýarlar. Maýa goýum çykdajylary diňe peýdanyň ölçegi tygşytlanan serişdeleriň göteriminden ýokary bolan halatynda artdyrylmalydyr.

Göterim möçberi – maýa goýumçylary höweslendirmäge täsir edýän möhüm şertdir; ol baýlygy pul görnüşinde saklamakdan ýüz öwrülendigi üçin tölenýän hak-heşdek bolup durýar.

Alternatiw aktiwler boýunça göterimiň gündelik möçberi näçe pes bolsa, maýa goýum hyrydarlygyň möçberi şol derejede ýokary

bolar. Şonuň üçin hem maýa goýum hyrydarlygyny göterim möçberinden peselip gaýdýan funksiýa hökmünde görkezip bolar:

$$J_a = J_i\,(R° - i)\,,$$

bu ýerde J_i – maýa goýuma bolan aňrybaş meýillilik;

R°- maýanyň aňrybaş netijeliligi.

Maýa goýuma bolan aňrybaş meýillilik (J_i) göterim möçberi bir nokat peselen ýagdaýynda maýa goýumlaryň näçe birlik ýokarlanýandygyny görkezýär. Eger göterim möçberi *(i)* peselse, onda maýa goýuma bolan aňrybaş meýillilik ýokarlanýar.

Daşary ýurtly ykdysatçylaryň maýa goýumlaryň göterim möçberiniň üýtgemegi babatynda duýgurlyk meselesi boýunça garaýyşlary meňzeş däl. Keýns we onuň yzyna eýerijiler maýa goýumlaryň möçberi köp babatda göterim möçberine däl-de, *R°-e* baglydyr diýip hasap edýärler.

Maýanyň aňrybaş netijeliligi - bu ykdysady çaklaýyş kategoriýasydyr, sebäbi hasaplamalaryň esasyna maýa goýum taslamalarynyň hakyky girdejililigi däl-de, *R*°-iň üstünden garaşylýan girdejililigi alynýar. Bu baha berme görkezijisi hem anyk göterim möçberi däldir, bu girdejililigiň içerki ölçegidir.

§5. MAÝA GOÝUMLARYŇ MÜMKINÇILIGINI ULANMAK MESELESI

Türkmenistan garaşsyzlyga eýe bolmak arkaly gysga taryhy döwürde syýasy, ykdysady we durmuş ulgamlarynda, dünýä bileleşiginiň döwletleri bilen deňhukukly gatnaşyklarda uly üstünlikleri gazandy.

Muňa Türkmenistanda maýa goýumlary babatda giň möçberli syýasatyň ýöredilmegi degerli ýardam berdi, şol syýasatda milli hojalygy düýpgöter täzeden guramak, bazar ykdysadyýetine degişli özgertmeleri amala aşyrmak, ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek we durmuş-ykdysady taýdan ösüşiň ileri tutulýan ugurlary göz öňünde tutulýardy.

Maýa goýumlary babatdaky şol syýasat esasy ugurlaryň ikisi: kärhanalaryň öz serişdeleriniň, döwlet gaznalarynyň, hususy toplumyň serişdeleriniň hasabyna hem-de gös-göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna ykdysadyýete gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberlerini artdyrmak arkaly amala aşyrylýardy.

Türkmenistanda maýa goýumlary babatdaky syýasaty işjeňleşdirmek maksady bilen, ykdysadyýetde daşary ýurt innowasion tehnologiýalarynyň, dolandyryş boýunça tejribäniň, maddy we maliýe gorlarynyň çekilmegine we netijeli ulanylmagyna gönükdirilen çäreleriň birnäçesi durmuşa geçirildi.

Maýa goýumlary bilen bagly işjeňlik maýa goýumlarynyň möçberiniň artdyrylmagy we ykdysady ösüşiň geriminiň giňelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň yzygiderli ykdysady ösüşinde, ilkinji nobatda, ýurduň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlaryna – ýangyç-energetika we obasenagat toplumlaryna, durmuş, ulag ulgamlaryna, ýeňil we azyk senagatyna gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberini elmydama artdyryp durmak göz öňünde tutulýar.

Milli ykdysadyýeti giň gerim bilen ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanyň garaşsyzlyk döwründe maýa goýumlary, ilkinji nobatda, uly möçberli desgalaryň gurulmagyna gönükdirildi, şolaryň arasyndan eksport üçin niýetlenen Türkmenistan – Eýran ýangyç geçirijisini; Merkezi Aziýadan Pars aýlagyna tarap gös-göni çykylmagyna mümkinçilik döreden Tejen – Sarahs – Maşat demir ýoluny; Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýoluny; Türkmenistan – Hytaý gazgeçirijisini; Döwletabat – Sarahs – Hangeran aralygynda Türkmenistandan Eýrana tarap ikinji gazgeçirijini; «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegini we başga-da ençeme wajyp ähmiýetli desgalary görkezmek bolar.

2010-njy ýyldan başlap, döwletiň maýa goýumlaryna degişli işinde gorlaryň artdyrylýandygyny äşgär edýän ýagdaý görünýär, şol gorlar maýa goýumlarynyň möçberleriniň ýokary depginler bilen artdyrylmagyna we ýurduň yzygiderli ýagdaýda ösüş gazanmagyna ýardam berdi (*3-nji tablisa*).

9. Sargyt № 2612

3-nji tablisa

Maýa goýum möçberiniň ösüş düzümi we depgini, %

Görkezijiler	Ýyllar				
	2010	**2011**	**2012**	**2013**	**2014**
Maýa goýum möçberi, mln. manat	29131	36985	48407	51835	54978
Ösüş depgini:					
2010-njy ýylda	100	127	166	178	189
2011-nji ýylda		100	131	140	149
2012-nji ýylda			100	107	114
2013-nji ýylda				100	106
2014-nji ýylda					100
Maýa goýum möçberi-jemi					
Şol sanda: döwlet	67,0	72,6	77,6	68,6	67,2
Döwlete degişli däl	33,0	27,4	22,4	31,4	32,8
Çeşmeler: (22, 73 s.); (23, 90 s.).					

Görkezilen maglumatlar 2010-2014-nji ýyllarda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlarynyň möçberiniň 1,9 esseden gowrak artandygyny äşgär edýär. 2011-nji ýylda maýa goýumlarynyň ösüş depginleri şondan öňki ýyldaka garanyňda 27%-e, 2012-nji yylda – 31%-e, 2013-nji ýylda –7%-e, 2014-nji ýylda – 6%-e barabar boldy. Umuman alnanda, bu maglumatlardan 2010--2014-nji ýyllarda maýa goýumlarynyň ýokary ösüş depginleri bilen artdyrylandygy görünýär, munuň özi döwlet gaznalarynyň, şeýle hem merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň hasabyna gönükdirilýän serişdeleriň artmagy bilen şertlendirilendir.

Maýa goýumlaryny, esasan, Türkmenistanyň önümçiligiň we önümçilige dahylsyz ulgamyň ösdürilmegine gönükdirmek göz öňünde tutuldy. 2000-nji ýylda önümçiligiň kuwwatynyň artdyrylmagyna maýa goýumlarynyň 76,2%-i, durmuş ulgamyna bolsa – 23,8%-i gönükdirildi (*4-nji tablisa*).

4-nji tablisa

Ykdysadyýetiň pudaklary we ugurlary boýunça maýa goýum möçberiniň düzümi, %

Görkezijiler	Ýyllar				
	2000	2005	2010	2013	2014
Maýa goýum möçberi – jemi	100	100	100	100	100
Ugurlary:					
Önümçilik	76,2	75,5	63,0	66,2	61,2
Önümçilik däl	23,8	24,5	37,0	33,8	38,8
Pudaklar:					
Senagat	45,6	37,7	36,1	41,6	35,8
ondan:					
Elektroenergetika	0,4	3,4	3,4	1,5	3,1
Ýangyç	33,5	26,2	29,0	32,9	28,8
ondan:					
Nebit gazyp alýan	6,9	14,1	22,7	17,4	15,8
Nebiti gaýtadan işleýän	16,9	1,3	0,4	0,5	1,4
Gaz	9,7	10,8	5,9	15,0	11,6
Ýeňil	3,1	2,5	1,0	1,5	1,0
Azyk	3,5	1,6	0,2	0,5	0,3
Oba hojalyk	8,8	8,2	2,9	2,3	1,8
Ulag we aragatnaşyk	12,0	21,4	14,2	14,9	18,3
Gurluşyk	2,8	2,8	6,1	5,1	3,0
Ýaşaýyş jaý gurluşygy we jemagat hojalygy	12,9	14,0	20,2	15,9	21,7
Beýleki	17,9	15,9	20,5	20,2	19,4
Çeşmeler: (20, 85 s.); (22, 75 s.); (23, 93-95 s.).					

Görkezilen maglumatlar seljerilýän döwürde (2000-2014-nji ýyllarda) önümçilige (76,2-61,2%) we önümçilige dahylsyz ulgama (23,8-38,8%) gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberleriniň iki hili ýagdaýa – birinjide peselýän we ikinjide artýan görnüşe eýe bolup durýandygyny äşgär edýär. 2014-nji ýylda önümçilige dahylsyz ul-

gama maýa goýumlarynyň umumy möçberiniň 38,8%-i gönükdirildi, munuň özi durmuş-medeni maksatly desgalaryň (mekdepleriň, saglygy goraýşa, bedenterbiýä we sporta degişli desgalaryň we ş.m.) sanynyň artdyrylmagy, şäherleriň we şäherçeleriň abadanlaşdyrylmagy bilen baglydyr.

Seljerilýän döwürde maýa goýumlary bilen bagly işleriň netijeleri ähli maýa goýumlarynyň 70%-den gowragynyň ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynda ulanylandygyny hem-de durmuş ulgamyna, ilkinji nobatda, bilim, medeniýet, saglyk ulgamlaryna we ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyna we jemagat hojalygyna (12,9 – 21,7%) gönükdirilendigini görkezýär.

Şeýlelikde, maýa goýumlary üznüksiz önümçiligiň barşynda wajyp ähmiýete eýe bolup, ykdysady ösüşiň çaltlandyrylmagyna hem-de ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça strategiki wezipeleri berjaý etmegiň barşynda durmuşa degişli möhüm meseleleriň çözülmegine ýardam berýär.

Daşary ýurt maýa goýmuny çekmek Türkmenistanyň gurluş maýa goýum babatdaky strategiýasynyň wajyp ähmiýetli bölegi bolup durýar. Şoňa görä-de, Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary bilen gatnaşyklar «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny arkaly düzgünleşdirilýär, şol Kanunda daşary ýurtly maýadarlary işe çekmek maksady bilen, ýeňillikli salgyt salmak göz öňünde tutulýar, şeýle hem özbaşdak hojalyk işleri üçin önümleri (işleri, hyzmatlary) ygtyýarnamasyz eksport etmäge hukuk berilýär.

Türkmenistanyň maýa goýumlary babatdaky syýasaty ähli özgertmeleriň barşynyň dolandyrylmagynyň üpjün edilmegine, ýurtda diwersifikasiýa edilen we döwrebaplaşdyrylan, yzygiderli ýagdaýda ösýän ykdysadyýetiň döredilmegine gönükdirilendir. Türkmenistanyň maýa goýumlary babatdaky syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

• **nebit-gaz pudagynda** türkmen ýangyç serişdelerini dünýä bazaryna çykarmak boýunça diwersifikasiýa edilen ulgamy döretmekden hem-de nebitiň we gazyň tebigy gorlaryny netijeli ulanmakdan;

• **himiýa senagatynda** himiýa degişli önümçilikleri mundan beýläk-de ösdürmekden hem-de himiki we mineral-çig mallaryň çeşmesini geljekde-de iş ýüzünde özleşdirmekden;

• **dokma senagatynda** pagta süýüminiň gaýtadan işlenilýän möçberlerini artdyrmakdan, şeýle hem içerki we daşarky bazary doldurmak üçin bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmekden;

• **obasenagat toplumynda** dänäniň öndürilmegini we gaýtadan işlenilmegini, pagtaçylygyň, şeýle hem oba hojalyk önümleriniň mundan beýläk-de işlenip taýýarlanylmagyny we gaýtadan işlenilmegini artdyrmak boýunça maýa goýumly syýasaty ýöretmekden;

• **gurluşyk ulgamynda** daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan önümçilik we durmuş-medeni maksatly dürli binalaryň gurulmagyndan.

Şeýlelikde, maýa goýumlary boýunça oňaýly ýagdaýy döretmek, maýa goýumlarynyň çeşmelerini diwersifikasiýa etmek, durmuş--ykdysady gurluşy döwrebaplaşdyrmak, uly möçberli taslamalary we maksatnamalary amala aşyrmak, maýa goýumlarynyň durmuş we inženerçilik infrastrukturasyna gönükdirilmegini ileri tutmak esasy ugurlara öwrüldi.

Türkmenistan aşakda görkezilen ugurlar boýunça **daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine** has uly gyzyklanma bildirýär:

• «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň özleşdirilmegine;

• «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin *rejelenen görnüşdäki* milli Maksatnamasynyň» amala aşyrylmagyna;

• «Demirgazyk – Günorta» halkara ulag geçelgesiniň düzümine goşulýan demir ýoluň türkmen böleginiň gurulmagyna;

• ulanylýan gaz geçirijileriň durkunyň täzelenilmegine;

• Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan;

Hazarýaka we Hazarüsti gaz geçirijileriniň gurluşygyna;

• maşyn-gurluşygynyň, nebit-himiýa we dokma senagatynyň ösdürilmegine;

• obasenagat toplumynyň ösdürilmegine;

• durmuş ulgamynyň we beýlekileriň ösdürilmegine.

Umuman alnanda, Türkmenistan maýa goýumlary babatda özüne çekiji ýurt bolup durýar, çünki ol ýangyç-energetika toplumynda we ykdysadyýetiň gorlara dahylsyz ulgamlarynda-da örän uly mümkinçiliklere eýedir, bular önümçilikde eýýäm toplanan uly kuwwat, zähmet serişdeleri, şeýle hem işewürligi üstünlikli amala aşyrmak üçin oňaýly infrastrukturaly pudaklaryň toplumy bilen sazlaşykly utgaşyp, mundan beýläk-de ykdysady taýdan yzygiderli ösüş gazanmak üçin amatly şertleri döredýär.

Şeýlelikde, halkara ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna bütinleý goşulyp, ýurduň hojalyk durmuşyny internasionallaşdyrmagyň barşynda ýüze çykýan elementleriň biri diýlip hasaplanýar.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Maýa goýumlar näme we olaryň tapawutlary nämeden ybarat?
2. Maýa goýumlaryň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
3. Maýa goýumlaryny olara bolan hyrydarlygyň möçberini kesgitleýän şertlere baglylykda nähili bölýärler?
4. Multiplikatoryň nähili kesgitlemesini bilýärsiňiz we ol näme üçin niýetlenen?
5. Akseleratoryň nähili kesgitlemesini bilýärsiňiz we onuň esasynda nähili hereket ediş ýörelgesi amala aşyrylýar?
6. Makroykdysady modellerde akselerator multiplikator (köpeldiji) bilen ykdysadyýeti düzgünleşdirmek barada aýdyp beriň.
7. Maýanyň amatly möçberini kesgitlemek ýörelgesi barada düşündiriň.
8. Maýa goýum hyrydarlygynyň täze nusgawy konsepsiýasyna haýsy artykmaç taraplary degişli?
9. Maýa goýum hyrydarlygynyň Keýnsian modeliniň esasyny haýsy şertler kesgitleýär?
10. Maýa goýum hyrydarlygynyň Keýnsian konsepsiýasyny umumylaşdyryň.
11. Türkmenistanda garaşsyzlyk döwründe maýa goýumlaryň uly möçberi nähili desgalaryň gurulmagyna gönükdirildi?
12. Türkmenistanyň maýa goýumlary babatdaky syýasaty nähili esasy ugurlardan ybarat?

XII. ZÄHMET BAZARY, IŞ BILEN ÜPJÜNÇILIK WE IŞSIZLIK

§1. ZÄHMET BAZARY WE ADAM MAÝASYNYŇ EMELE GETIRILIŞI

Zähmet bazary ýa-da başgaça aýdylanda – işçi güýjüniň bazary, jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň möhüm we köp taraply ýaýrawydyr. Zähmet bazarynda işçi güýji öz bahasyny tapýar, işgäri hakyna tutmagyň, şol sanda iş hakynyň derejesi, zähmet şertleri, hünär bilimini almagyň, kär babatynda kämilleşmeginiň şertleri kesgitlenýär, iş bilen üpjünçiligiň kepillikleri durmuşa geçirilýär. Bu meseleleri Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynyň «Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary» babynda aýdyň beýan edýär.

Zähmet bazarynda ilatyň iş bilen meşgullanmagyndaky, onuň esasy düzüm böleklerindäki, ýagny pudaklaýyn, kär-hünär, demografik düzümindäki üýtgeşmeler, jemgyýetçilik zähmet bölünişigindäki ilerlemeler, işçi güýjüniň işjeňligi, işsizligiň derejesi öz beýanyny tapýar.

Tutuşlygyna alnanda hyrydarlyk we hödürlemek kanunyna tabyn bolmak bilen, zähmet bazary öz işleýiş mehanizminiň ýörelgelerine laýyklykda özboluşly bazar bolup durýar. Ol haryt bazaryndan birnäçe görnüşleri boýunça tapawutlanýar. Bu ýerde diňe bir makro we mikroykdysady şertler däl, eýsem işçi güýjüniň bahasyny aňladýan iş hakyna mydama gös-göni dahylly bolup durmaýan durmuş we durmuş-psihologik şertler hem kadalaşdyryjylar hökmünde çykyş edýärler.

Ykdysady durmuşda zähmet bazarynyň ösüşine işçi güýjüniň hödürlenilişine-de, oňa bildirilýän hyrydarlyga-da täsir edýän şertleriň ençemesi hereket edýär. Meselem, işçi güýjüniň hödürlenilişi, ilkinji nobatda, demografik şertler, ýagny çaga dogluş derejesi, zähmet çekmäge ýaramly ilatyň ösüş depgini, ilatyň ýaş-jyns düzümi bilen kesgitlenýär.

Demografik şertlerden başga-da, zähmet bazarynyň ýagdaýyna zähmet çekmäge ýaramly ilatyň dürli demografik we etniki toparlarynyň ykdysady taýdan işjeňligi täsir edýär. Mysal üçin, zenanlaryň durmuş işjeňliginiň güýçlenmegi netijesinde olaryň işçi güýjüniň düzümine has köp çekilmegi işçi güýjüniň hödürlenilişini ýokarlandyrýar.

Ykdysady ösüşiň depginleri, ykdysadyýetdäki düzümleýin üýtgeşmeler we üznüksiz önümçilik tapgyrynyň ýagdaýy işçi güýjüne hyrydarlyk babatynda iş bilen meşgullygyň esasy ösüş şertleri bolup çykyş edýär. Ondan hem başga, häzirki wagtda işçi güýjüne bildirilýän islege innowasion ilerlemeler täsir edýär.

Adam maýasy baradaky nazaryýetiň ýüze çykmagy we ösmegi ylmy-tehniki we maglumat rewolýusiýasy mahalynda jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler bilen şertlendirilendir. Şonda adam, onuň ylym-bilim mümkinçilikleri durmuş we ykdysady ilerlemäniň aýgytlaýjy şertine öwrülýär. Adam maýasy düşünjesi häzirki zaman ykdysadyýet ylmynda giňden ulanylýar hem-de bazar hojalygynyň nazaryýetinde we iş tejribesinde esasy orunlaryň birini eýeleýär.

Adam maýasy düşünjesiniň ulanylmagy ykdysady ösüşiň şertleri, zähmet bazarynyň rejeli işlemegi, girdejileriň paýlanmagy, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, telekeçilik işiniň delillendirilişi bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmegine täzeçe çemeleşmäge mümkinçilik berdi.

Adam maýasy diýlip, adatça adamda bar bolan saglygyň, bilimleriň, endikleriň, ukyplaryň, delillendiriş sypatlarynyň onuň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna ýardam berýän we girdejileriniň (iş hakynyň) artmagyna täsir edýän goruna düşünilýär.

Adam maýasy dogabitdi bolup hem bilýär, durmuş şertleriniň täsiri astynda emele gelip hem bilýär. Şonda olaryň arasyndaky serhet şertlidir. Meselem, adamyň saglygy, fiziki güýji, ukyplary we zehini

dogabitdi başlangyja-da, fiziki we psihologik türgenleşige, okamaga we ş.m.-e esaslanýan kemala geliş başlangyjyna-da eýedir.

Adam maýasynyň emele getirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylar işgärleriň özleri, iş berijiler we döwlet tarapyndan çykarylýar. Adam maýasyny kemala getirmek üçin edilýän çykdajylaryň arasynda bilime, saglygy goraýşa, işgäriň hereketjeňligine, ýagny iş ornuny çalyşmagyna çykarylýan harajatlar tapawutlandyrylýar.

Adam maýasyna şahsyýetiň öz bütin ömrüniň dowamynda emele gelýän ynsan sypatlarynyň gory hökmünde seredilýär. Adam maýasyna çykarylýan harajatlar soňlugy bilen işgärlere girdeji getirýär. Uzak wagtyň dowamynda alynýan girdejileriň we onuň üçin çykarylýan harajatlaryň degşirilip görülmegi rejeli pikir ýöredýän subýekt tarapyndan adam maýasyna çykdajy etmegiň maksadalaýyklygy barada netije çykarylmagynyň esasynda durýar.

Şeýlelikde, ykdysady nukdaýnazardan adam maýasy – bu girdeji gazanmagyň adamda emele gelen ukybynyň ölçegidir.

§2. ZÄHMET SERIŞDELERI WE ILATYŇ IŞ BILEN ÜPJÜNÇILIGI

Ilat – bu taryhy taýdan emele gelen we ynsan ýaşaýşynyň barşynda tebigy suratda täzelenip durýan adamlaryň köplügidir hem-de ol her bir anyk ýurduň tebigy-geografik gurşawynyň çäklerindäki bellibir jemagat umumylygy bolup durýar.

Ilatyň düzüminde onuň zähmete ukyply bölegi, ýagny işe ukyply ýaşdaky, öz akyl we fiziologik häsiýetleri boýunça zähmet çekmäge ukyply adamlaryň köplügi aýratyn bölünip çykarylýar.

Zähmete ukyply ilatdan zähmet çeşmeleri emele gelýär, olar eýýäm dürli görnüşli harytlary öndürmäge gatnaşýan ýa-da şoňa taýýar adamlardyr.

Zähmet çeşmeleriniň düzüminde aňly-düşünjeli işi jemgyýet üçin girdeji getirýän ykdysady taýdan işjeň ilat hem-de hak tölenýän işiň gözlegindäki işsizler bölünip çykarylýar.

Türkmenistandaky iş bilen meşgul ilatyň umumy düzüminde 2014-nji ýylda iň köp bölek (42,9%) oba hojalygynyň, onuň yzyn-

dan senagatyň (12,1%), gurluşygyň (9,3%), bilimiň, medeniýetiň we sungatyň (7,3%) paýyna düşdi.

2014-nji ýylda ýurt boýunça iş bilen meşgul ilatyň kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri boýunça bölünişiginde döwlet kärhanalaryna we guramalaryna 24,9%, hususy telekeçilikde 46,7%, daýhan birleşiklerine 23,2% we şahsy kömekçi hojalyklara 16,9% degişli boldy.

Iş bilen meşgul adamlara bellibir döwürde zähmet işi bilen meşgullanan 16 ýaşdan uly adamlaryň hemmesi degişli edilýär. Olar şu toparlara bölünýär:

- hakyna tutulyp, şertnamalar we ylalaşyklar boýunça, pul we zat görnüşindäki iş hakyny alyp işleýänler;
- öz-özüni iş bilen üpjün edýänler, peýda ýa-da maşgala girdejisini gazanmak üçin bellibir döwürde haýsydyr bir işi ýerine ýetirmek bilen hakyna tutulmazdan işleýänler, öz işini ýola goýan adamlar (iş berijiler, öz hasabyna önümçilik kooperatiwlerini, daýhan hojalyklaryny ýöredýänler);
- ýekebara telekeçiler.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ilaty iş bilen üpjün etmekde zähmet biržalarynyň uly ähmiýeti bardyr. Olar, bir tarapdan, kärhanalardan we guramalardan işçi güýjüne bolan sargytlary, beýleki tarapdan, işe ýerleşmek isleýän raýatlardan hünäri boýunça işe durmak baradaky arzalary kabul etmek bilen, işçi güýjüniň hyrydarlyk we hödürlemek esasynda paýlanmagyna mümkinçilik döredýärler.

§3. IŞSIZLIK, ONUŇ GÖRNÜŞLERI WE GÖRKEZIJILERI

Işsizlik – bu durmuş-ykdysady hadysadyr. Bu ýagdaýda jemgyýetde zähmete ukyply ilatyň bir bölegi ulanylman galýar.

Işsiz adam – zähmete ukyply, emma özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, işini ýitiren ýa-da iş gözläp ýören adama diýilýär.

Ykdysadyýetde işsizligiň zyýanyny kesgitleýän ýörite ykdysady kanun hereket edýär. «Oukeniň kanuny» – bu kanun boýunça işsizlik öz kadasyndan 1% artsa, onda ykdysady ösüş 2,5-3% peselýär. Ol ykdysadyýetiň ösüşini seljermek üçin ulanylýar.

Işsizligiň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar:

● döwürleýin häsiýetdäki işsizlik – önümçilik pese düşüp, iş orunlaryna ýerleşmäge isleg bildirýänleriň sanynyň iş orunlarynyň sanyndan köp bolan mahalynda ýüze çykýar;

●friksion (ütgeýän) – bu işsizlik işgärleriň sebitler boýunça, şonuň ýaly-da käri we ýaşy bilen baglylykda bir ýerden başga ýere geçmegi (ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi, täze hünär almagy, okamagy, çagasyna seretmegi we ş.m.) bilen baglanyşyklydyr;

●düzümleýin işsizlik – işe ukyply ilatyň bir böleginiň önümçiligiň düzüminiň üýtgedilmegi, täze hünär almak zerurlygy bilen baglylykda işini wagtlaýyn ýitirmegi;

●ykdysadyýetiň ýagdaýy zerarly ýüze çykýan işsizlik – bu ykdysadyýetdäki umumy pese gaçyş bilen baglylykda iş tapmak mümkinçiliginiň bolmazlygy zerarly ýüze çykýar.

Işsizligiň görkezijileri:

● işsizlik derejesi – işsizleriň sanynyň işçi güýjüniň sanyna bolan göterim hasabyndaky gatnaşygy;

● işsizligiň dowamlylygy.

Işsizligiň durmuş-ykdysady netijeleri:

● ykdysady ýitgiler we jemi içerki önümiň ösüş derejesiniň peselmegi;

● adamlaryň girdejileriniň we ýaşaýyş derejesiniň aşak düşmegi, ilatyň arasynda jenaýatçylygyň we ölüm-ýitimiň köpelmegi;

● işsizlik uzaga çeken mahalynda işgärleriň hünär ukyplarynyň kütelmegi.

Berkarar döwletimiziň bartyýarlyk döwründe Türkmenistanda goşmaça iş ýerlerini döretmek maksady bilen, milli ykdysadyýeti has hem ösdürmek, ilatyň milli harytlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýurtda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge giňden ýardam berilýär. Türkmenistanda telekeçilik işi we onuň guramaçylyk-hukuk kadalary işlenilip düzüldi. Ýagny, «Telekeçilik işi hakynda», «Eýeçilik hakynda», «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

Telekeçilik – raýatlaryň peýda almak maksady bilen harytlary öndürmek we ýerleşdirmek, hyzmatlary ýerine ýetirmek boýunça alyp barýan hususy işidir. Kärendeçi, işçi, dolandyryjy, kärhananyň

eýesi we ş.m. telekeçi bolup bilýär. Telekeçilik işi bilen serişdeleriň eýesiniň özi ýa-da başga bir ygtyýar berlen adam meşgullanýar.

Telekeçiniň esasy alamatlary:

- ykdysady özbaşdaklyk;
- özüni ödeýjilik we peýdalylyk;
- özüni maliýeleşdirmek;
- maddy taýdan gyzyklandyrmak;
- ykdysady jogapkärçilik;
- pul bilen gözegçilik etmek.

§4. IŞÇI GÜÝJI, ZÄHMET WE ONUŇ ÖNDÜRIJILIGI

Işçi güýji – adamyň zähmet çekmäge bolan ukyby, onuň önümçilikde ulanylýan fiziki güýjüniň we akyl-paýhas mümkinçilikleriniň köplügi. Işçi güýjüniň mümkinçilikleri zähmet çekilen mahalynda hasyl bolýar, şonuň üçin hem kähalatlarda önümçiligiň adamyň ýagdaýy hökmündäki «işçi güýji» düşünjesi we işçi güýjüniň önümçiligiň maddy şertleri bilen birikdirilmegini aňladýan hadysa hökmündäki zähmet düşünjesi garyşdyrylýar.

Zähmete adamlaryň ýaşamak üçin zerur önümleri döretmek boýunça maksada gönükdirilen işi hökmünde kesgitleme bermek bolýar. Zähmetiň iňňän möhüm görkezijisi onuň önüm berijiligini aňladýan zähmet öndürijiligidir. Bu görkeziji zähmetiň wagt hasabyndaky birligine düşýän önümiň ýa-da girdejiniň mukdary bilen ölçelýär.

Zähmet öndürijiligine şu esasy şertler täsir edýär:

- işgärleriň bilimliligi, kär derejeleri we hünärliligi;
- önüm öndürijileriň öz zähmetiniň netijelerine gyzyklanyş derejesi;
- zähmetiň esasy serişdeler bilen üpjün ediliş derejesi;
- ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň we olaryň gazananlarynyň önümçilikde ulanylyş derejesi;
- önümçilik serişdelerini peýdalanmagyň netijeliligi;
- zähmetiň önjeýliligi, dartgynlylygy, iş wagtynyň ýitgileriniň kemeldilmegi;

● tebigy şertler (tebigy baýlyklar, toprak, howa şertleri we ş.m.).

Ykdysadyýetiň ösmegi bilen jemgyýetde zähmet öndürijiligi ýokarlanýar. Adamlar önümleriň birligine düşýän zähmet harajatlarynyň azalýan mahalynda barha köp önüm öndürýärler. Şonda adamlaryň önümçilikdäki gös-göni siňdirýän zähmeti (häzirki zähmet) geçen döwürleriň zähmeti arkaly öndürilen maşynlar tarapyndan barha gysylyp çykarylýar. Netijede, zähmetiň tehniki serişdeler bilen üpjün edilişiniň barşynda zähmet harajatlarynyň düzümi üýtgeýär: geçen döwrüň zähmetiniň paýy ýokarlanýar, häzirki zähmetiň paýy bolsa azalýar.

§5. ZÄHMET BAZARYNYŇ DÖWLET TARAPYNDAN KADALAŞDYRYLYŞY

Döwlet zähmet bazaryny göni we gytaklaýyn usullary, şol sanda kadalaşdyryjy-kanunçylyk, salgyt, karz, býujet gurallaryny ulanmak arkaly düzgünleşdirýär.

Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň iň möhüm ýörelgelerine şular degişlidir:

● durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň häsiýetiniň tutuş ykdysadyýeti ilerleýjilikli ösdürmegiň hem-de serişdeleriň ähli görnüşleriniň peýdalanylyş netijeliligini ýokarlandyrmagyň talaplaryna laýyk gelmegi;

● işçi güýjüniň hil sypatlarynyň üýtgedilmegine öňdebaryjy tehnologik we maglumat ulgamlarynyň talaplaryna laýyklykda ýardam berilmegi;

● işgärleriň has mätäçlik çekýän we bäsdeşlige ukyby pes bolan toparlary üçin durmuş goragynyň üpjün edilmegi;

● zähmet bazaryny düzgünleşdirmek arkaly ykdysady, durmuş we syýasy durnuklylygyň üpjün edilmegi.

Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy şu esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar.

1. Harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilişini giňeltmek boýunça maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi, täze iş orunlarynyň döredilmegi, ykdysadyýetiň döwlete degişli we hususy böleklerinde, ylaýta-da

ownuk telekeçilikde iş bilen meşgullyk derejesini ýokarlandyrmagyň we işleýänleriň sanyny artdyrmaklygyň höweslendirilmegi.

2. Işçi güýjüniň täze talaplara laýyklykda taýýarlanylmagynyň we gaýtadan taýýarlanylmagynyň, işgärleriň hünärini ýokarlandyrmagyň we täze hünärleri özleşdirmeginiň guralmagy.

3. Eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalar tarapyndan işçi güýjüniň çekilmegine itergi berilmegi.

4. Işsizligiň durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça maksatnamalaýyn çäreleriň görülmegi.

Zähmet bazaryny düzgünleşdiriş ulgamynda zähmet biržalary we iş bilen üpjün ediş gulluklary aýratyn orny eýeleýärler. Olar işçi güýjüniň bazarynda iş gözleýänler bilen iş berijileriň arasyndaky araçylyk wezipesini ýerine ýetirýärler, işsizleri hünär taýdan ugrukdyryş we gaýtadan taýýarlaýyş işlerini amala aşyrýarlar, işsizlere kömek pullarynyň berilmegini guraýarlar. Şonuň ýaly-da, olar zähmet bazarynyň ýagdaýyny öwrenýärler.

Häzirki wagtda Aşgabat şäherinde hem-de ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda zähmet biržalary işleýär.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Zähmet bazary barada durmuşdan alnan mysallaryň üsti bilen düşündirmäge synanyşyň.
2. Zähmet bazarynyň ösüşine haýsy şertler täsir edýär?
3. Adam maýasy diýip nämä düşünýärsiňiz?
4. Ilat diýmek näme? Onuň manysyny gysgaça düşündiriň.
5. Zähmet serişdeleri diýip nämä düşünýärsiňiz?
6. Türkmenistanda iş bilen meşgullanýan adamlar nähili toparlara bölünýär?
7. Işsizlik diýmek näme? Onuň manysyny düşündiriň.
8. Işsizligiň görnüşleri we görkezijileri barada gürrüň beriň.
10. Işçi güýji diýmek näme?
11. Zähmet öndürijiligine nähili düşünýärsiňiz? Onuň manysyny gysgaça düşündiriň.
12. Zähmet öndürijiliginiň derejesine haýsy şertler täsir edýär?
13. Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan nähili kadalaşdyrylyşy amala aşyrýandygy barada gürrüň beriň.

XIII. HÜMMETSIZLENMEK WE HÜMMETSIZLENMEGE GARŞY SYÝASAT

§1. HÜMMETSIZLENMEGIŇ DÜÝP MANYSY WE ESASY GÖRNÜŞLERI

Hümmetsizlenmek – özgertmeleriň düýpli meselesi bolup durýar. Hümmetsizlenmek – çylşyrymly durmuş-ykdysady ýagdaý bolmak bilen, ol milli girdejini we milli baýlygy gaýtadan paýlamak üçin peýdalanylýar. Hümmetsizlenmek üznüksiz önümçilik döwrüniň aýratynlyklary, hojalyk ýörelgeleriniň ösüşi, ykdysady we durmuş özgertmeleri, ýurdy gülläp ösýän döwlete öwürmek üçin berk esasyň döredilmegi bilen örän ýakyndan baglydyr.

Hümmetsizlenmek diýmek näme? Şu günki günde bu adalganyň örän köp görnüşdäki kesgitlemeleri bardyr. Şonuň üçin bu adalga biz iki hili, ýagny dar we giň manylarda seredýäris:

- Sözüň dar manysynda **hümmetsizlenmek** – bu bahalaryň umumy derejesiniň ýokarlanmagydyr: bu elbetde, ähli bahalaryň hökmany ýagdaýda ýokarlanýandygyny aňlatmaýar. Hakykatdan hem hümmetsizlenmegiň iň kemçilikli ýerleriniň biri bahalaryň deňeçer däl görnüşde ýokarlanmak meýli bolup durýar. Käbir bahalar birden galýar, beýlekileri has aram depginler bilen ýokarlanýar, üçünjileri bolsa asla galmaýar.
- Sözüň giň manysynda «hümmetsizlenmek» (latynça *inflatio* – çişirme) – jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň barşynda dolanyşyk ulgamynyň pul serişdeleri bilen hojalygyň hakyky isleglerinden artyk doldurylmagynda we olaryň gymmatynyň gaçmagynda ýüze çykýan bozulmalardyr.

Hümmetsizlenmegiň görnüşleri şu esasy görkezijilere baglylykda tapawutlanýar.

1. Döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň möçberine baglylykda açyk we gizlin hümmetsizlenmek tapawutlandyrylýar.

Gizlin hümmetsizlenmek döwlet tarapyndan berk düzgünleşdirilýän şertlerde hereket edýär we harytlaryň hem-de hyzmatlaryň ýetmezçiliginiň ýokarlanmagynda ýüze çykýar.

Açyk hümmetsizlenmek bazar ykdysadyýetine mahsus erkin bahalaryň bolan şertlerinde hereket edýär.

2. Bahalaryň ýokarlanma depginine baglylykda aram, çalt ýokarlanýan we örän ýokary hümmetsizlenme tapawutlandyrylýar.

Aram hümmetsizlenmek – bu ýyllyk depgini bir san bilen ölçenilýän, ýagny 10%-e çenli bolan hümmetsizlenmedir. Aram hümmetsizlenmede bahalaryň ýokarlanyşy haýal we öňünden bilip bolýan ýagdaýda bolup geçýär, ýöne bahalar zähmet hakyna garanyňda çalt ýokarlanýar.

Çalt ösýän hümmetsizlenmek – depgini iki ýa-da üç belgili san bilen ölçenilýän, 20-den 200%-e çenli bolan hümmetsizlenmedir. Ol ýurtda karz-pul syýasatynyň düýpli bozulandygyna şaýatlyk edýär. Pul özüniň gymmatyny ýitirýär, şonuň üçin hem adamlar diňe gündelik geleşikleri geçirmek üçin zerur bolan az möçberdäki puly saklaýarlar. Maliýe bazarlary durgunlyk ýagdaýyna düşýär ýa-da maýa daşary ýurtlara çykarylýar.

Ýokary derejeli hümmetsizlenmek (giperinflýasiýa) – aýda 50%-den ýokary bolan, ýyllyk ösüşi dört belgili sana ýetýän hümmetsizlenmedir. Örän ýokary hümmetsizlenmek baýlygyň gaýtadan paýlanmagyna örän güýçli täsir edýär. Ol pula ynamsyzlygy döredýär, şonuň netijesinde alyş-çalşa kem-käsleýin gaýdyp gelmek we puldan haryt görnüşinde (natural) zähmet hakyny tölemäge geçmek bellenilýär.

3. Öňünden görülme derejesine baglylykda garaşylýan hümmetsizlenmek we garaşylmadyk hümmetsizlenmek tapawutlandyrylýar.

Garaşylýan hümmetsizlenmek ýitgileriň öňüni almaga ýa-da olary azaltmaga mümkinçilik berýär. Garaşylmadyk hümmetsizlenmek kesgitlenen girdejileriň ähli görnüşleriniň peselmegine we girdejiniň karz berýänler bilen karz alýanlaryň arasynda gaýtadan paýlanmagyna getirýär.

4. Hümmetsizlenmäni döredýän şertlere baglylykda hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi we çykdajylaryň hümmetsizlenmegi tapawutlandyrylýar.

Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi – bu hümmetsizlenmegiň jemi hyrydarlygyň artykmaçlygy sebäpli ýüze çykýan görnüşidir, şeýle ýagdaýda önümçilik onuň yzyndan ýetip bilmeýär, ýagny hyrydarlyk hödürlemekden ýokary gelýär. Artykmaç isleg bahalaryň güýçli ýokarlanmagyna alyp barýar. Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi jemi hyrydarlygyň aýratynlykda ýokarlanýan mahalynda bolup geçýär.

Çykdajylaryň hümmetsizlenmegi – bu hümmetsizlenmegiň önümçiligiň çykdajylarynyň ýokarlanmagy sebäpli ýüze çykýan görnüşidir. Çykdajylaryň ýokarlanmagy – bu nominal zähmet hakynyň we çig malyň we energiýanyň bahasynyň galmagydyr. Önümiň birine düşýän çykdajylaryň ýokarlanmagy peýdany we önümçiligiň möçberini peseldýär, netijede, tutuş ykdysadyýetiň derejesinde harytlaryň we hyzmatlaryň hödürlenmegi pese gaçýar. Hödürlemegiň şunuň ýaly pese gaçmagy, öz gezeginde, bahalaryň derejesini ýokarlandyrýar.

§2. HÜMMETSIZLENMEGIŇ DURMUŞ-YKDYSADY NETIJELERI

Hümmetsizlenmek önümçilikdäki durmuş-ykdysady gapma-garşylyklar, jemgyýetçilik önüminiň hakyky möçberiniň arasyndaky disproporsiýa we onuň gymmaty sebäpli döreýär. Onuň gönüden-göni sebäpleri jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberinde we gurluş düzüminde bolup geçýän obýektiw özgerişlikler, monopoliýalaryň syýasaty we ýurtdaky işler bolup durýar. Hümmetsizlenmegiň milli önümçiligiň hakyky möçberiniň köpelmegi ýa-da azalmagy bilen bilelikde bolup geçýändigi ýa-da bolup geçmeýändigi barada gapma-garşy pikirler bar. Şunuň bilen baglylykda aşakdakylary belläp geçmek gerek:

- eger ykdysadyýet önümçiligiň we iş bilen üpjünçiligiň ýokary derejesine ýetmäge çalyşýan bolsa, onda hyrydarlygyň hümmetsizlenmek konsepsiýasy aram hümmetsizlenmegiň zerur bolup durýandygyny göz öňünde tutýar;

10. Sargyt № 2612

● çykdajylaryň ýokarlanmagy bilen şertlendirilen hümmetsizlenmek konsepsiýasy milli önümçiligiň we iş bilen üpjünçiligiň hakyky möçberiniň peselmegi bilen bilelikde bolup ýa-da geçip biler;

● hümmetsizlenmegiň adatdan daşary ýokary ösüş depginleri milli önümçiligiň we iş bilen üpjünçiligiň möçberine güýçli zyýan ýetiriji täsir edýär.

Hümmetsizlenmegiň zyýanly durmuş-ykdysady netijelerinden çekinip we onuň döwlete birnäçe heläkçilikli täsirini ykrar etmek bilen, ony düzgünleşdirmek we öňüni almak üçin hümmetsizlenmege garşy bellibir çäreleri tapmak zerurlygy ýüze çykýar.

Meseläniň şu jähetine seretmek üçin hümmetsizlenmegiň iki görnüşiniň – çaklanylýan we çaklanylmaýan hümmetsizlenmegiň arasyny açalyň. Çaklanylýan hümmetsizlenmek – bu ykdysady subýektleriň hümmetsizlenmegiň amala aşmazyndan öňki garaşmalarynda we özlerini alyp baryşlarynda göz öňünde tutulýan hümmetsizlenmekdir. Başgaça aýdylanda – bu adamlaryň ol ýa-da beýleki derejede taýýar bolan hümmetsizlenmesidir. Çaklanylmaýan hümmetsizlenmek – bu ilat üçin garaşylmadyk ýagdaý bolan hümmetsizlenmedir. Şunuň ýaly hümmetsizlenmede bahalaryň derejesiniň hakyky ösüş depgini garaşylýan derejeden ýokary bolýar.

Çaklanylýan hümmetsizlenmegiň aşakdakylar ýaly netijeleri bolýar:

● ilatyň boýnuna dakylýan we kanunçylyk taýdan tassyklanmadyk hümmetsizlenmek salgydyň peýda bolmagyna getirýär. Hümmetsizlenmek näçe ýokary bolsa, bu çykdajylar hem şol derejede ýokary bolýar;

● bahalar we zähmet hakynyň möçberi dürli derejelerde üýtgeýär, bu bolsa bellibir (otnositel) bahalaryň üýtgemegini aňladýar. Şu ýagdaý girdejileriň we baýlygyň ilatyň dürli toparlarynyň arasynda gaýtadan paýlanmagyna hem, tutuş milli hojalyga hem täsir edýär;

● ykdysady netijeliligi peseldýär, sebäbi baha duýduryşlaryny (signallaryny) ýoýýar. Eger bahanyň hümmetsizlenmegi satyn alyjylara bellibir (otnositel) bahalaryň üýtgeýşine we bahalaryň umumy derejeleriniň üýtgeýşine baha bermäge mümkinçilik berýän bolsa,

onda ýokary derejedäki hümmetsizlenmek şunuň ýaly baha bermegi kynlaşdyrýar;

● öndürijileriň ýokary hilli haryt öndürmäge bolan gyzyklanmalary peselýär, bellibir derejede, arzan harytlaryň çykarylyşy azalýar.

Çaklanylmaýan (garaşylmaýan) hümmetsizlenmegiň esasy netijeleri şulardan ybaratdyr:

● girdejiniň we baýlygyň ilatyň dürli toparlarynyň arasynda gaýtadan paýlanylmagy. Baýlygyň paýlanýan ulgamynda hümmetsizlenmegiň esasy täsiri adamlaryň (indiwidleriň) eýeçiligindäki aktiwleriň we passiwleriň dürli görnüşleriniň arasyndaky tapawutlar bilen düşündirilýär;

● ilatyň, aýratyn hem kesgitli girdejileri bolan toparlaryň (pensionerleriň, talyplaryň, býujet ulgamynyň işgärleriniň) hakyky girdejileriniň peselmegi;

● ilatyň banklarda saklanýan serişdeleriniň gymmatynyň gaçmagy, sebäbi goýumlar boýunça göterimler tygşytlanan serişdeleriň hakyky möçberleriniň peselen derejesiniň öwezini dolmaýar.

Çaklanylmaýan hümmetsizlenmek ýurtda milli baýlygyň we emlägiň paýlanyş mehanizmini düýpli üýtgedýär we şeýlelikde, olaryň peýdalanylyşynyň netijeliligini peseldýär. Uzaga çekýän hümmetsizlenmegiň öz-özünden çaltlanma howpy bolýar, munuň bolsa örän güýçli hümmetsizlenmegi döretmek we tutuş maliýe-ykdysady ulgamy dargamaga getirmek howpy bardyr. Şu sebäbe görä hem hümmetsizlenmegiň öňüni almak meselesi döwletleriň makroykdysady wezipeleriniň biri bolup durýar.

Şeýlelikde, depgini birden çaltlanýan hümmetsizlenmegiň öňüni almak maksady bilen, degişli çäreler görülmelidir, bu çäreler bahalaryň ýokarlanmagyny we dolanyşykdaky pul toplumyny çäklendirmegi, karz syýasatynyň işjeňleşdirilmegini, berk býujet syýasatynyň alnyp barylmagyny, import edilýän arzan oba hojalyk önümlerini we beýleki önümleri çekmek maksady bilen, gümrük paçlaryny peseltmegi öz içine almalydyr. Hümmetsizlenmegiň depginleriniň çaltlanýan şertlerinde hümmetsizlenmäge garşy milli maksatnama ileri tutulmalydyr.

§3. HÜMMETSIZLENMÄGE GARŞY SYÝASAT

Hümmetsizlenmäge garşy syýasat – bu bahalaryň umumy derejesini durnuklaşdyrmaga, güýçli hümmetsizlenmek ýagdaýyny gowşatmaga gönükdirilen makroykdysady syýasat bolup durýar.

Hümmetsizlenmäge garşy syýasat hümmetsizlenmek ýagdaýlaryna garşy göreş bilen baglanyşykly çäreler ulgamyny göz öňünde tutýan strategiýa we taktika arkaly amala aşyrylýar.

Hümmetsizlenmäge garşy göreş boýunça anyk çäreleri saýlap almak hümmetsizlenmegiň häsiýeti bilen şertlendirilendir, onuň her bir ýurt üçin özüne mahsus aýratynlygy we çuňlugy bolýar. Hümmetsizlenmegiň häsiýetine (monetar, gurluş) baglylykda oňa garşy göreş üçin çäreler toplumy kesgitlenýär. Hümmetsizlenmegiň durmuş-ykdysady netijelerini we onuň döwlete edýän heläkçilikli täsirini togtatmak üçin ony düzgünleşdirmäge synanyşyk edilýär we hümmetsizlenmäge garşy çäreler toplumy göz öňünde tutulýar. Olara seredip geçeliň.

1. Möhüm azyk we çig mal harytlarynyň bahalaryna gözegçiligi saklap galmak bilen, harytlaryň bellibir görnüşleriniň bahalaryny erkinleşdirmek. Ýurtda bahalary döwürleýin, gysga möhletli «doňdurmak» bazarda harytlaryň gytçylygynyň haýal etmän ýüze çykmagyna we bahalar goýberilenden soň hümmetsizlenmek ýagdaýynyň çaltlanmagyna getirýär.

2. Ýurtda zähmet haklaryny, pensiýalary, talyp haklaryny we ilatyň beýleki pul girdejilerini ýüz göterim indeksirlemek geçirilmelidir. Bahalaryň galşyna görä, süýşürintgi goýumlaryna gaýtadan baha bermek (indeksirlemek) we kadaly göterim möçberlerini bellemek zerurdyr. Hümmetsizlenmek şertlerinde kärhanalaryň esasy we dolanyşyk gaznalarynyň, ulanyş tutumlarynyň we beýleki özbaşdak gaznalaryň gymmatyna döwürleýin gaýtadan baha bermegi geçirmek gerek (önümçilik indeksasiýasy).

3. Bazarda ýerlenilmedik, dolanyşyk üçin artykmaç bolan pullar goşmaça tygşytlanan serişdeleri (gaýra goýlan isleg) emele getirýärler, olar ilat tarapyndan nagt pul görnüşinde toplanýar ýa-da süýşürintgiler banklaryndaky goýumlar görnüşinde saklanylýar.

Ilatyň tygşytlan pullary hümmetsizlenmegiň hakyky depginleriniň derejesinde we goýumlaryň möhletliligine bagly göterimler bilen süýşürintgi goýumlary üçin göterimleri bellemek arkaly höweslendirilmelidir. Ilatyň toplaýan pullary (eger haryt bahalarynyň umumy derejesi üýtgemeýän bolsa), haryt (töleg hyzmatlary goşmak bilen) we pul dolanyşygyny deňeçerlemek, pul ulgamynyň durnuklylygyny, manadyň satyn alyş güýjüniň üýtgewsizligini üpjün etmek üçin ol ýa-da beýleki maliýe usullary bilen dolanyşykdan alynmalydyr.

4. «Ýumşak» karz syýasaty diýilýän amala aşyrylmalydyr, ýagny banklar tarapyndan pul emissiýasynyň serişdelerinden kärhanalara yzygiderli ýokarlanýan çykdajylary ýapmak, zähmet hakyny indeksirlemek we öz gaznalaryna gaýtadan baha bermek, içerki pul birliginiň yzygiderli dewalwasiýasynyň netijesinde peýda bolan ýaramaz hümmet tapawudyny maliýeleşdirmek üçin karz berilmelidir. Bank karzlarynyň göterim möçberleri hümmetsizlenmegiň hakyky depginlerini göz öňünde tutmalydyr, ýagny, bahalaryň derejesiniň ýokarlanyşyna görä ýokarlanmalydyr.

5. Maliýe gözegçiliginiň gowy işlenen mehanizmini girizmek bilen manadyň gymmatyny güýçlendirmek gerek, bu döwlet býujetiniň ýetmezçiligini azaltmaga we hümmetsizlenmegiň depginlerini peseltmäge ýardam eder. Manadyň daşary ýurt puluna baglylygy meselesini esaslandyrylmadyk maliýe serişdelerini goýbermezden we karz bermezden berk monetar syýasaty saklap galmak bilen çözüp bolar. Manat diňe daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyklary hasaba almak bilen dolanyşykda bolmalydyr.

6. Tölege ukyply islegiň hereketini saklamak maksady bilen, zähmet hakyny we ilatyň ähli girdejilerini ýokarlandyrmagyň wagtlaýyn gadagan edilýändigini yglan etmek ýa-da şahsy girdejileri regressiw indeksirlemegi (hümmetsizlenmegiň depginlerinden pes derejede ýokarlandyrmagy) girizmek. Zähmet hakyny ýokarlandyrmagy gadagan etmek hümmetsizlenmegiň öňi alnandan we pul dolanyşygy sagdynlaşandan soň dessine ýatyrylmalydyr.

7. Döwletiň ýitgili kärhanalara yzygiderli goldaw bermegi zerur bolup durmaýar, sebäbi býujetden bölünip berilýän dürli dotasiýalar we subsidiýalar diňe ilat üçin örän möhüm bolan çäkli kärhanalara, olaryň maliýe ýagdaýyna düýpli we çuň seljerme geçirilenden soň

berlip bilner. Şonuň bilen bir wagtda kärhanalar daşary ýutlardan getirilýän önümleri, çig maly, materiallary, harytlaryň ähli görnüşlerini şol ýurtlara önümleri we harytlary satmakdan alnan pul möçberiniň çäklerinde satyn almalydyrlar.

8. Puly emissiýa etmek zerurlygyny örän azaltmaly, bu ozal emissiýanyň hasabyna geçirilen döwlet býujetiniň çykdajyly maddalarynyň maliýeleşdirilişini azaltmaga getirer. Döwlet býujetiniň ýetmezçiligini bank (täjirçilik) karzlary, içerki karz serişdeler bilen ýa-da ony içerki döwlet bergisine öwürmek ýoly bilen üzmeli.

9. Býujetiň girdeji bölegini gowulandyrmak üçin daşary ýurt maýa goýumçylary we sarp ediş bazarynyň harytlaryny getirýän we ýerleýän ýurduň raýatlary bolup duran telekeçiler üçin goşulan baha degişli salgydy bellibir döwürde peseltmeli; peýdadan alynýan salgydyň möçberleri peseldilende bu babatda berilýän ýeňilliklerden peýdalanylyşyna berk gözegçilik etmeli; ýuridik şahslaryň emlägine salynýan salgydyň möçberini ýokarlandyrmaly we şol bir wagtyň özünde ulanyş tutumlaryny indeksirlemegi we esasy gaznalara gaýtadan baha bermegi geçirmeli, bu bolsa kärhanalaryň maýa goýum üçin maliýe serişdelerini artdyrar; peýdany önümiň tölegi boýunça däl-de, iberilen wagty boýunça kesgitlemeli, bu salgyt salynýan dolanyşyk hasaplananda iberilen önümi hasaba almaga mümkinçilik berer; fiziki şahslara salgyt salmagyň şkalasyna hümmetsizlenmegi hasaba almak bilen gaýtadan seretmeli; beýleki kärhanalaryň işine işewür gatnaşmakdan alynýan girdejilere, diwidendlere we göterimlere ikitaraplaýyn salgyt salmagy ýatyrmaly.

10. Milli pul ýurduň içinde çalşylýan bolmalydyr, ýagny kärhanalar tarapyndan hem, raýatlar tarapyndan hem ähli banklarda resmi hümmet boýunça erkin çalşylyp bilinmelidir. Manat onuň daşary ýurt pullaryna gatnaşyk hümmeti hakyky we üýtgewsiz bolar ýaly dewalwasiýa edilmelidir.

Göz öňünde tutulýan hümmetsizlenmäge garşy çäreler ulgamynyň maslahat beriji häsiýeti bardyr. Bu çäreleriň esasy maksady – hümmetsizlenmegiň depginleriniň ýokarlanmagyny ýatyrmaga (ýa-da düýpli peseltmäge) ýardam etmek bolup durýar: şunda içerki bazarda tölege ukyply deňagramlylyk emele geler, harytlaryň köpelmegi bolup geçer, pul dolanyşygy kadalaşar we bularyň äh-

lisi, gürrüňsiz, bazar mehanizmini emele getirmäge, ýurduň milli ykdysadyetiniň durnuklaşmagyna oňyn täsir eder.

Şeýlelikde, hümmetsizlenmegi dolandyrmak döwletiň ykdysady syýasatynyň möhüm meselesi bolup durýar. Şunuň ýaly dolandyrmak gerimi örän köpdürli bolan hümmetsizlenmäge garşy syýasatyň işlenip taýýarlanylmagyny we durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýar, ýöne ony durmuşa geçirmegiň usullaryna garamazdan, mesele strategiýany amala aşyrmak usuly bilen ýa-da hümmetsizlenmäge garşy syýasat taktikasy usuly bilen çözülip bilner.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Sözüň dar manysynda hümmetsizlenmek diýmek näme?
2. Sözüň giň manysynda hümmetsizlenmek diýmek näme?
3. Hümmetsizlenmek näme üçin peýdalanylýar we onuň durmuş-ykdysady meseleler bilen baglylygy nähili?
4. Hümmetsizlenmegiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
5. Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi we çykdajylaryň hümmetsizlenmegi barada aýdyp beriň.
6. Çaklanylýan we çaklanylmaýan hümmetsizlenmek diýmek näme?
7. Çaklanylýan hümmetsizlenmegiň durmuş-ykdysady netijeleri barada gürrüň beriň.
8. Çaklanylmaýan hümmetsizlenmegiň durmuş-ykdysady netijeleri barada gürrüň beriň.
9. Hümmetsizlenmäge garşy syýasat diýmek näme?
10. Hümmetsizlenmäge garşy çäreler toplumy barada syn beriň we hümmetsizlenmäniň peselmeginiň ugurlary barada aýdyp beriň.

XIV. YKDYSADYÝETIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY

§1. YKDYSADYÝETI KADALAŞDYRMAKDA DÖWLETIŇ WEZIPESI

Döwlet ykdysady ösüşi kadalaşdyrmakda özüniň möçberi boýunça çäkli, emma ähmiýeti boýunça örän möhüm işini strategik meýilnamalaşdyryş, pul-karz, salgyt, gümrük, býujet-maliýe, maýa goýum, ylmy-tehniki, tehnologiki, durmuş-medeni we daşary syýasatlary arkaly, şonuň ýaly-da kanunçylyk namalarynyň we hökümetiň kararlarynyň hojalyk subýektleri we raýatlar, ýuridiki we fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen amala aşyrýar.

Ýurdumyzda durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň esaslary Türkmenistanyň Prezidenti, ykdysady ylymlaryň doktory, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda beýan edilýär.

Döwletiň ýurtdaky hojalyk işinde bitirýän hyzmaty onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen ýüze çykýar. Jemgyýetiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini kadalaşdyrmak boýunça döwletiň iň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

- jemgyýetiň we milli ykdysadyýetiň ösüşiniň strategik meýilnamalarynyň hem-de hukuk esaslarynyň işlenip düzülmegi we tassyklanmagy;

● strategik maksatlara ýetmekde makroykdysady häsiýetdäki uzak möhletli ileri tutmalaryň kesgitlenmegi;

● milli önümiň düzümini kämilleşdirmek maksady bilen, girdejileriň we baýlyklaryň gaýtadan paýlanmagy, serişdeleriň paýlanyşyna düzedişler girizilmegi;

● bazar ulgamynyň we bäsdeşlik gurşawynyň işleýşine goldaw berilmegi, monopoliýalara garşy kanunçylygyň üsti bilen bäsdeşligiň goralmagy;

● bazar mehanizminiň käbir bölekleriniň hereketiniň çäklendirilmegi;

● iş bilen üpjünçiligiň we puluň hümmetsizlenmeginiň derejelerine gözegçilik etmek arkaly ykdysadyýetiň durnuklylaşdyrylmagy;

● bazaryň we jemgyýetiň bähbitlerini nazara almak bilen merkezi we ýerli döwlet edaralary tarapyndan bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynyň kadaly işlemeginiň üpjün edilmegi;

● jemgyýetiň ekologiýanyň ýagdaýyny gözegçilikde saklamagy;

● telekeçilik we täjirçilik düzüm birlikleriniň strategik we ykdysady meýilnamalaşdyrylyşynyň döwlet dolandyryşy bilen gös-göni baglanyşykly işiniň kadalaşdyrylmagy.

Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň baş maksady – jemgyýetde ykdysady, durmuş we syýasy durnuklylygy üpjün etmekden, onuň üýtgeýän şertlere uýgunlaşdyrylmagyndan ybarat.

Şol anyklaşdyrylan maksatlar hem ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

§2. YKDYSADYÝETIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞYNYŇ OBÝEKTLERI WE GÖRNÜŞLERI

Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri – – ýurduň durmuş-ykdysady ýaşaýşynyň öz-özünden çözülmeýän ýa-da uzak geljekde çözülmegi mümkin bolan kynçylyklaryň we meseleleriň ýüze çykýan ýa-da ýüze çykyp biljek ýaýrawlary, pudaklary, sebitleri hem-de ýagdaýlary, hadysalary we şertleri, şol bir

wagtyň özünde şol meseleleriň aradan aýrylmagy ykdysadyýetiň kadaly işlemegi we durmuş durnuklylygy saklamak üçin örän zerurdyr.

Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri aşakdakylardan ybarat:

- ykdysadyýetdäki üznüksiz önümçilik aýlawy;
- milli hojalygyň pudaklaýyn we sebitleýin düzümi;
- maýa toplamagyň şertleri;
- ilatyň iş bilen üpjünçiligi;
- pul aýlanyşygy;
- töleg balansy;
- ylmy barlaglar we düýpli innowasion işläp düzmeler;
- bäsdeşligiň şertleri;
- durmuş gatnaşyklary we durmuş üpjünçiligi;
- işgärleriň taýýarlanylmagy we gaýtadan taýýarlanylmagy;
- tebigy gurşaw;
- daşary ykdysady aragatnaşyklar.

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy görnüşleri hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýär:

1. Aýry-aýry harytlara we hyzmatlara bu hajatlar üçin niýetlenen býujet maliýeleşdirişiniň möçberleri bilen çäklendirilen jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin, şolaryň öndürilmegine salynýan döwlet salgytlary.

2. Dürli harytlaryň we hyzmatlaryň, ozaly bilen hem önümçilik-tehniki önümleriň we möhüm azyklyk oba hojalyk önümleriniň döwlet tarapyndan satyn alynmagy.

3. Hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde harytlar we hyzmatlar boýunça salgyt salyş we gümrük tölegleri.

4. Hojalyk subýektlerinden, ýuridiki we fiziki şahslardan býujete gelip düşýän serişdeleriň hasabyna döwlet maliýeleşdirişi.

5. Hojalyk subýektleriniň, aýratyn hem hususy, telekeçilik subýektleriň ykdysady işine kanunçylykda kesgitlenen derejede döwletiň göni gatyşmagy.

6. Hojalyk subýektleriniň ykdysady işine bazar gatnaşyklarynyň düzgünlerine laýyklykda gytaklaýyn täsir etmegi.

§3. YKDYSADYÝETIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞYNYŇ USULLARY

Döwlet durmuş-ykdysady hadysalary kadalaşdyrmak bilen, özüniň ykdysady wezipelerine, maddy mümkinçiliklerine, kadalaşdyrylyşyň toplanan tejribesine baglylykda üýtgäp we kämilleşip durýan usullaryň toplumyndan peýdalanýar.

Ykdysady usullar bazar gatnaşyklarynyň häsiýetine, onuň giňeldilmegine we kämilleşdirilmegine, jemi hyrydarlyga, jemi hödürlemäge, maýanyň toplanyş derejesine, ykdysadyýetiň düzüminiň üýtgedilmegine, ykdysady ösüşiň aýry-aýry şertleriniň önjeýli peýdalanylmagyna daýanyp, täsir edilmegini göz öňünde tutýar. Şu maksat bilen döwlet (*8-nji şekil*) görkezilen ugurlary ulanýar:

- maliýe syýasatyny;
- pul-karz syýasatyny;
- ykdysady we durmuş taýdan maksatnamalaşdyrylyşy;
- çaklaýyş we meýilnamalaşdyryşy.

Maliýe syýasaty ykdysady we durmuş maksatlara ýetmekde býujet we salgyt mehanizmleriniň peýdalanylmagyna daýanýar.

Pul-karz syýasaty bazar mehanizminiň düzüm böleklerine, ozaly bilen-de, pul aýlanyşygyna Merkezi bank tarapyndan gytaklaýyn täsir etmek usulynyň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

Hökümetiň ykdysady syýasaty hojalyk subýektleriniň özlerini alyp baryş kadalarynyň we düzgünleriniň bellibir derejede ykdysady usullar arkaly berkidilmegini üpjün edýär. Bu bolsa aşakdaky kadalaşdyrylyşyň usullary bilen amala aşyrylýar.

Karz syýasatynda:

● bank ätiýaçlyk gorlarynyň kadalaşdyrylmagy;

● bank göterimleri boýunça hasaba alyş derejeleriniň bellibir çäklerde düzgünleşdirilip bellenmegi;

● pul bazarynda amallaryň geçirilmegi.

Býujet syýasatynda:

● döwlet çykdajylarynyň kadalaşdyrylmagy;

● döwletiň söwda amallarynyň geçirilmegi;

● döwletiň içinde zaýomlarynyň goýberilmegi;

● döwletiň telekeçilige goldaw bermegi.

Salgyt syýasatynda:

●raýatlaryň we ýuridiki şahslaryň emlägine salgyt salnyşynyň kadalaşdyrylmagy;

● ýerli salgytlaryň girizilmegi.

Durmuş syýasatynda:

● iş hakynyň iň az möçberiniň bellenmegi;

● pensiýalaryň, kömek pullarynyň we beýleki durmuş häsiýetli tölegleriň möçberleriniň kadalaşdyrylmagy.

Daşary ykdysady syýasatda:

● gümrük paçlarynyň, puluň alyş-çalyş hümmetiniň kanunçylyk tertibinde bellenmegi;

● daşary ýurt zaýomlarynyň alynmagy, maýa goýumlarynyň çekilmegi we daşary ýurt puly babatyndaky çäklendirmeleriň girizilmegi.

Döwlet kadalaşdyrylyşynyň sanalyp geçilen usullarynyň köpdürlüligi olaryň toplumlaýyn ulanylmagynyň zerurlygyny, şeýle hem bazarlaryň (harytlaryň we hyzmatlaryň bazary, pul bazary, zähmet bazary, daşary söwda bazary) özara baglanyşygy deňagramly ykdysady ösüşe täsir edilen mahalynda özaralarynda sazlaşdyrylan çäreleriň ulanylmagyny talap edýär.

Şeýlelikde, döwlet kadalaşdyrylyşynyň usullarynyň toplumlaýyn ulanylmagy milli ykdysadyýet derejesindäki bazary öwreniş işiniň ýola goýulmagyny şertlendirýär. Bu çäre öz häsiýeti boýunça işjeňligi sebäpli, ýagny ykdysady ýagdaýyň üýtgemegi bilen onuň ugurlary we ulanylýan usullarynyň mynasybeti hem özgerýär.



8-nji şekil. Ykdysady kadalaşdyryjy usullar

§4. DÖWLETIŇ ESASY ILERI TUTÝAN MAKSATLARY

Döwletiň durmuş-ykdysady ösüş strategiýasy ileri tutulýan şu esasy maksatlaýyn sepgitleriň eýelenmegine syrygýar:

● ýurduň milli howpsuzlygy;

● içerki syýasy durnuklylyk we jemgyýetiň jebisleşmegi;

● önümçiligiň we telekeçilik işiniň ösdürilmegini maliýeleşdirmek üçin eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalaryň we ilatyň içerki süýşürintgileriniň hem-de daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilişiniň derejeleri ýokary bolan, açyk hojalyk gatnaşyklaryna daýanýan ykdysady ösüş;

● ýurduň raýatlarynyň saglygy, bilimi we abadançylygy;

● ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ýangyç-energetika serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy;

● infrastrukturanyň (aýratyn hem ulagyň we aragatnaşygyň) ösdürilmegi;

● esasy wezipeleri netijeli ýerine ýetirmäge ukyply we dolandyryş işgärleriniň hünär taýýarlyklary boýunça döwlet dolandyryşynyň ýola goýulmagy.

Jemläp aýdylanda, bu ileri tutulýan esasy maksatlara Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda ýetilmegi Garaşsyz, okgunly ösýän, syýasy taýdan durnukly Türkmenistan döwletine milli bitewülik, durmuş adalatlylyk, ösen ykdysadyýete mahsus bolan we ähli ilatynyň ýaşaýyş derejesi ýokary bolan, häzirki zaman derejesinde medeniýet taýdan ösen jemgyýeti döretmäge mümkinçilik berýär.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda döwletiň orny barada gürrüň beriň.
2. Jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşini kadalaşdyrmak boýunça döwletiň wezipeleri barada gürrüň beriň.
3. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň baş maksady nämeden ybarat? Ony Türkmenistanyň mysalynda düşündirmäge synanyşyň.
4. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň haýsy obýektlerini bilýärsiňiz?
5. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň nähili görnüşleri bolýar?

6. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň haýsy usullary ulanylýar?

7. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmakda ulanylýan ugurlar barada aýdyp beriň.

8. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň ugurlarynyň we usullarynyň üýtgemegine näme täsir edýär?

9. Ileri tutulýan maksatlar diýip nämä düşünýärsiňiz?

10. Ileri tutulýan maksatlar amala aşyrylanda Türkmenistan nähili sepgitlere ýetmeli?

11. Döwletiň esasy ileri tutýan maksatlaryny sanaň.

XV. MALIÝE ULGAMY WE SALGYT-BÝUJET SYÝASATY

§1. MALIÝE ULGAMY WE ONUŇ WEZIPELERI

Eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, telekeçilik guramalarynyň, şonuň ýaly-da ilatyň girdejileriniň, jemgyýetiň mundan beýläkki ösüşini üpjün etmäge pul serişdeleriniň goruny döretmek üçin döwlet býujetine we ýerli býujetlere geçirilýän salgytlaryň we ýygymlary emele getirmek bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklaryň köplügi ýurduň maliýe ýagdaýyny aňladýar. Bu ýagdaýy pul serişdeleriniň döwlet derejesinde onuň maliýesi hökmünde çykyş edýän merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik gaznalarynyň hereketi kesgitleýär.

«Maliýe» düşünjesi goşmaça önümiň goşmaça gymmat görnüşindäki puluň öndürilmegi we aýlanmagy, ýurduň hajatlary we adamlaryň jemgyýetçilik we şahsy isleglerini kanagatlandyrmak üçin paýlanmagy hem-de peýdalanylmagy babatyndaky gatnaşyklaryň köplüginiň mazmunyny aňladýar.

Maliýe birnäçe wezipäni ýerine ýetirýär:

● **toplaýyş wezipesi** – serişdeleriň jemlenmeginden we döwletiň işlemeginiň maddy binýadyny döretmekden ybarat;

● **düzgünleşdiriş wezipesi** – hojalyk subýektleriniň işini höweslendirmekden ybarat;

● **paýlaýyş wezipesi** – býujetiň, durmuş ätiýaçlandyryşyň we ş.m. üsti bilen pul serişdeleriniň emele getirilmegi;

● **gözegçilik wezipesi** – salgytlaryň dogry alnyşynyň we olaryň niýetlenişi boýunça peýdalanylyşynyň üpjün edilmegi.

Aralarynda mydama pul akymlary bolup geçýän esasy subýektler aşakdakylardan ybaratdyr:

● döwlet we onuň edaralary;

● kärhanalar, birleşmeler we ş.m.;

● ilat, hususan hem – öý hojalyklary.

Maliýe ulgamy ähli özara baglanyşykly düzüm birlikleriniň, ýagny ýuridiki we fiziki şahslaryň pul girdejileriniň bir bölegine dürli salgytlar we ýygymlar görnüşinde döwlet gaznasyna yzygiderli düşüp durmagyny hem-de jemgyýetiň öňünde durýan maksatlara ýetilmegini, şonuň ýaly-da wezipeleriň çözülmegini üpjün etmek üçin milli howpsuzlygy, döwlet diwanynyň saklanmagyny, durmuş maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegini, ýurduň ykdysadyýetiniň, ylmynyň we tehnikasynyň, medeniýetiniň, sungatynyň we onuň halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegini maliýeleşdirmekde olaryň maksada laýyk paýlanmagyny we peýdalanylmagyny guramak bilen meşgullanýan dolandyryş edaralarynyň köplügidir.

Maliýe ulgamynyň düzümine şular girýär:

● ähli derejelerdäki býujetleriň, ýagny döwlet býujetiniň, edara ediş birlikleriniň, ýerli häkimiýet edaralarynyň býujetleriniň köplügi;

● durmuş, emläk we şahsy ätiýaçlandyryş boýunça býujetden daşary gaznalar;

● döwletiň gyzyl pul ätiýaçlyk gorlary;

● eýeçiligiň hem-de hojalyk ýöretmegiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň we guramalaryň pul gorlary.

Olaryň her biriniň umumy maliýe ulgamyndaky tutýan bölegi onuň düzümini häsiýetlendirýär.

Ýurduň maliýe ulgamy döwletiň, hojalyk subýektleriniň we ilatyň özara baglanyşykly maliýeleriniň köplügi hökmünde kesgitlenip bilner.

Maliýe ulgamyna şu wezipeler ýüklenýär:

● girdejileri almagyň we harçlamagyň meýilnamalarynyň düzülmegi;

● pul akymlarynyň hereketiniň guralmagy;

● maliýe ulgamy döwlet derejesinde bellibir maksatlara ýetilmegine nazarlandyrylan mahalynda döwletiň maliýe syýasatynyň durmuşa geçirilmegine ýardam berilmegi.

11. Sargyt № 2612

Ykdysadyýeti düzgünleşdirmek babatynda döwletiň maliýe syýasatynyň iki sany jäheti bar.

● Olaryň birinjisi girdejileri almaklygyň we çykdajylary amala aşyrmagyň maliýe gurallarynyň kömegi bilen ykdysadyýetiň düzgünleşdirilmegidir. Oňa fiskal syýasat diýilýär.

● Bu meseläniň ikinji jäheti býujet işiniň düzgünleşdirilmegidir. Şonda býujetiň deňagramlylygy býujet syýasatynyň üsti bilen gazanylýar, ýagny döwletiň çykdajylarynyň ugurlary, düzümi, aýry-aýry maddalaryň maksadalaýyk esaslandyrylmagy arkaly ykdysady düzgünleşdiriş çäreleri geçirilýär.

§2. SALGYTLAR WE SALGYT SALMAGYŇ ÝÖRELGELERI

1. Salgytlar we olaryň toparlara bölünişi

Salgytlar – bu fiziki we ýuridiki şahslaryň, ähli hojalyk subýektleriniň öz girdejileriniň bellibir bölegini döwlet býujetiniň we ýerli býujetleriň girdejilerini doldurmak üçin döwletiň salgyt ulgamynyň üsti bilen geçirýän hökmany tölegleridir.

Salgyt ulgamy – döwlet býujetine we ýerli býujetlere salgytlary we ýygymlary döwletiň maliýe serişdelerini jemlemegiň olara mahsus bolan görnüşlerde we usullarda guralmagy bilen meşgullanýan edaralarynyň köplügidir.

Salgytlaryň esasy görnüşleri şu aşakdaky alamatlar boýunça toparlara bölünýär.

Salgyt salmagyň obýektleri boýunça:

● girdejilere salynýan salgytlar;

● emläge salynýan salgyt;

● bellibir harytlary we hyzmatlary satyn alyjylaryň çykdajylaryna salynýan salgytlar.

Alnyş usullary boýunça:

● **göni salgytlar.** Olar girdeji gazanýanlaryň ýa-da emläk eýeleriniň özlerinden alynýar (girdeji salgydy, eýeçilige salynýan salgyt we beýlekiler);

● **gytaklaýyn salgytlar.** Olar bellibir harytlaryň nyrhyna goşulýar hem-de satylan mahalynda sarp edijilerden alynýar (meselem, aksizler).

Möçberiniň kesgitleniş usuly boýunça salgyt salmagyň deňölçegli we ilerleýjilikli ulgamlary öz aralarynda tapawutlandyrylýar.

Deňölçegli ulgam mahalynda salgytlaryň girdejilere, çykdajylara ýa-da emlägiň gymmatyna bagly bolmadyk üýtgewsiz göterim ölçegi bolýar.

Ilerleýjilikli ulgam mahalynda salgytlaryň ölçegi girdejiler ýa-da emlägiň möçberi köpeldigiçe ýokarlanýar.

Salgyt girdejileriniň gelip düşýän býujet derejesi boýunça umumy döwlet salgytlaryna we ýerli salgytlara bölünip çykarylýar.

Peýdalanylyş tertibi boýunça döwletiň bitewi gaznasyna düşýän umumy salgytlar hem-de bellibir niýetlenişi bolan maksatlaýyn ýa-da ýörite salgytlar öz aralarynda tapawutlanýar.

2. Salgyt salmagyň ýörelgeleri

Ideal salgyt ulgamy diýilýäniniň häsiýetnamalaryna seredip geçeliň. Kesgitlemä laýyklykda, **salgyt salyş ulgamy** – ýurtda salgytlaryň alnyşyny üpjün edýän kadalaryň, düzgünleriň we olary durmuşa geçirýän edaralaryň köplügidir.

Salgyt ulgamynyň nähili bolmalydygy baradaky sowala aşakda sanalyp geçilýän alty sany ýörelge jogap bolup durýar, emma munuň özi dünýä ýurtlarynda hakykatda hereket edýän salgyt ulgamlarynyň şol ýörelgelere doly gabat gelýändigini aňlatmaýar.

1. Netijelilik ýa-da bitaraplyk ýörelgesi salgytlaryň bazardaky erkin bäsdeşlik şertlerine laýyk gelýän gatnaşyklary mümkin boldugyça ýoýulmaly däldir (döwlet tarapyndan gatyşylmagy esasly hasap edilýän daşarky täsirleriň nazara alynýan halatlaryndan başga).

2. Çeýelik ýörelgesi salgyt salyş ulgamynyň ykdysady ýagdaýyň üýtgemegine duýgurlygyny ýüze çykarmagy bilen baglanyşyklydyr.

3. Dolandyryş babatynda ýönekeýlik ýörelgesi salgyt ulgamynyň tutuşlygyna alnanda edara ediş babatyndaky çykdajylarynyň az bolmagy, onuň aýdyňlygy we salgyt tölemekden boýun gaçyrmagyň kyn bolmagy bilen häsiýetlenýändigini aňladýar.

4. Şahsyýetiň ileri tutulmak ýörelgesi salgyt ulgamynyň her bir raýat üçin deň şertleriň döredilmegine däl-de, deň mümkinçilikleriň berilmegine gönükdirilmelidigi bilen baglanyşyklydyr.

5. Syýasy jogapkärçilik ýörelgesi salgyt töleýjileriň hut özleriniň salgyt töleýändiklerini we şondan gelip çykýan jogapkärçilige akyl ýetirmelidiklerini aňladýar.

6. Adalatlylyk ýörelgesi salgyt töleýjileriň bir topary üçin salgydyň aşa agyr, beýleki toparlary üçin ýeňil bolmazlygyny aňladýar.

§3. DÖWLET BÝUJETI WE ONUŇ WEZIPELERI

Makroykdysady düzgünleşdirişiň iňňän möhüm guraly bolup, pul-karz syýasaty bilen bir hatarda, döwletiň salgyt-býujet syýasaty çykyş edýär.

Salgyt-býujet syýasaty – munuň özi döwlet çykdajylaryny we salgyt salnyşyny üýtgetmek arkaly işewürlik ýagdaýyna döwletiň täsir etmegidir. Ol milli girdejiniň derejesine, şeýle hem, önümçiligiň möçberine, iş bilen üpjün ediş derejesine, şonuň ýaly-da nyrhlaryň derejesine täsir edýär. Salgyt-býujet syýasaty, hususan, işsizlik we puluň hümmetsizlenmegi bilen baglylykda ykdysady ýagdaýyň ýaramaz tarapa üýtgemegine garşy gönükdirilendir.

Döwlet býujeti – bu döwlet işiniň onuň ähli pul serişdelerini we girdejilerini hem-de olaryň jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlary boýunça paýlanyşyny beýan edýän maliýe meýilnamasydyr. Ol döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň jemidir. Ol hem Türkmenistanda önümçiligiň ösüşiniň esasy netijelerini (*5-nji tablisa*) kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

5-nji tablisa

Türkmenistanda önümçiligiň ösüşiniň esasy netijeleri

Görkezijiler	**Ýyllar**				
	Ölçeg birligi	**2000**	**2005**	**2010**	**2014**
1	**2**	**3**	**4**	**5**	**6**
Jemi içerki önüm	mln. manat	8642	25258	64362	123934

1	2	3	4	5	6
Senagat önümçiliginiň möçberi	mln. manat	3348	9289	26034	58677
Oba hojalyk önümçiliginiň möçberi	mln. manat	1574	4398	7299	10480
Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlary	mln. manat	1814	3838	29131	54978
Döwlet býujetiniň girdejileriniň jemi içerki önüme gatnaşygy	%	14,0	14,5	15,8	17,9
Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň jemi içerki önüme gatnaşygy	%	14,2	14,3	13,8	17,0
Döwlet býujetiniň jemi içerki önüme görä defisiti (-), profisiti (+)	%	- 0,2	+ 0,2	+ 2,0	+ 0,9
Çeşmeler: (21, 9 s.; 23, 13 s.).					

Býujetiň çykdajylary öz düzümi boýunça şu ugurlara gönükdirilýär:

- jemgyýetçilik we durmuş hyzmatlary;
- umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary;
- ykdysady işler bilen baglanyşykly döwlet hyzmatlary.

Döwlet býujetiniň girdejileri, ilkinji nobatda, merkezi we ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan alynýan salgytlardan we ýygymlardan emele gelýär.

Býujetiň defisiti. Döwlet býujetiniň çykdajylary we onuň girdejileri mydama gabat gelip durmaýar. Eger çykdajylar girdejilerden köp bolsa, onda býujet defisiti ýüze çykýar. Tersine bolanda, ýagny girdejiler çykdajylardan agdyk gelse, oňa **býujet profisiti** ýa-da agdyk gelmesi diýilýär.

Şonuň ýaly-da döwlet býujetiniň hakyky, düzümleýin we döwürleýin gaýtalanýan (aýlawlaýyn) defisiti öz aralarynda tapawutlandyrylýar.

Hakyky defisit – munuň özi býujetiň hakyky girdejileri bilen çykdajylarynyň arasyndaky otrisatel tapawutdyr.

Düzümleýin defisit – bu býujetiň girdejileri bilen çykdajylarynyň arasyndaky milli girdejiniň iş bilen doly meşgullanmagy üpjün edýän derejesi üçin hasaplanan tapawutdyr.

Döwürleýin gaýtalanýan (aýlawlaýyn) defisit – döwlet býujetiniň hakyky we düzümleýin defisitiniň arasyndaky tapawut.

Býujet işi döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň deňagramlaşdyrylan ýagdaýda bolmalydygyny göz öňünde tutýar.

Döwletiň çykdajylarynyň girdejilerden agdyk gelmegi şu sebäplere görä ýüze çykýar:

- jemgyýetçilik durmuşynyň, durmuş ösüşiň düzgünleşdirilmegi kanunçylyga laýyklykda, döwlete degişli bolan ýaýrawlarynda onuň ähmiýetiniň ýokarlanmagy;
- döwlet diwanynyň işgär sanynyň köpeldilmegi;
- hojalyk ýörediş şertleriniň üýtgäp durmagy, ykdysady çökgünlik hadysalarynyň täsiri we ş.m.

§4. DÖWLET BÝUJETI WE ONUŇ ÝAGDAÝLARY

Makroykdysadyýetiň nazaryýetinde býujeti deňagramlylaşdyrmak ýagdaýynyň çözülmegine üç sany çemeleşme tapawutlandyrylýar:

1. Ýyllyk deňagramlylaşdyrylýan býujet, ýagny şonda girdejileriň we çykdajylaryň arasynda tapawut emele gelmeýär.

2. Döwürleýin esasda deňagramlylaşdyrylýan býujet. Bu çemeleşmäniň esasy aýratynlygy ony ýylda deňagramlylaşdyryp durmagyň zerur däldiginden ybarat. Esasy zat onuň ykdysady aýlawyň barşynda (mysal üçin, 5–7 ýylyň dowamynda) döwürleýin deňagramlylaşdyrylmagydyr.

3. Býujetiň deňagramlylaşdyrylmagyna wezipeleýin çemeleşmek (wezipeleýin maliýe). Bu çemeleşmäniň tarapdarlary makroykdysady syýasatyň baş maksadynyň nämeden, ýagny býujeti deňagramlylaşdyrmakdan ýa-da ykdysadyýeti deňagramlylaşdyrmakdan ybaratdygy baradaky sowaly öňe sürýärler. Şonuň üçin dünýäniň köp ýurtlarynda salgyt-býujet syýasatynyň düzgünleriniň işlenip düzülýändigi tötänden däldir. Salgyt-býujet syýasatynyň esasy kysymlaryna şulary degişli etmek mümkin:

Deňagramlylaşdyrylan býujet ýa-da düzgünleşdirilýän defisit. Oňa aşakdaky aýratynlyklar mahsusdyr:

● umumy girdejiler bilen çykdajylaryň arasynda deňagramlylygyň üpjün edilmegi ýa-da býujet defisitiniň jemi içerki önümiň möçberine görä, bellibir derejede çäklendirilmegi;

● düzümleýin (ýa-da aýlawyň döwürlerine baglylykda sazlaşdyrylan) girdejiler bilen çykdajylaryň arasynda deňagramlylygyň üpjün edilmegi ýa-da býujetiň düzümleýin defisitiniň jemi içerki önümiň möçberine görä, bellibir derejede çäklendirilmegi;

● girdejileriň we çykdajylaryň häzirki geçirilýän amallaryň hasaby boýunça deňagramlylaşdyrylmagy. Şonda döwlet karzlary (zaýomlary) diňe maýanyň çykyp gitmegini maliýeleşdirmek üçin rugsat edilýär.

Döwlet karzlaryny (zaýomlaryny) amala aşyrmagyň düzgünleri:

● döwlet karzlarynyň içerki çeşmelerden amala aşyrylmagynyň gadagan edilmegi;

● döwlet karzlarynyň Merkezi bankda amala aşyrylmagynyň gadagan edilmegi ýa-da şeýle zaýomlaryň döwletiň geçen döwürlerdäki girdejileriniň (ýa-da çykdajylarynyň) bellibir bölegine deň möçberde çäklendirilmegi.

Bergi we ätiýaçlyk gory babatyndaky düzgünler:

● umumy (ýa-da sap) döwlet borçnamalarynyň möçberiniň jemi içerki önümiň bellibir bölegine deň möçberde çäklendirilmegi;

● býujetden daşary ätiýaçlyk gorlarynyň (mysal üçin, durmuş ätiýaçlandyryş gaznasynyň) möçberiniň peýdadan ýyllyk geçirmeleriň bellibir bölegine deň möçberde kesgitlenmegi.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Maliýe diýip nämä aýdylýar?
2. Maliýe haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
3. Maliýe ulgamyna degişli subýektleri sanaň.
4. Salgyt diýip nämä düşünýärsiňiz?
5. Salgytlaryň görnüşleri haýsy alamatlar boýunça toparlara bölünýär?
6. Döwlet býujeti düşünjesiniň manysyny düşündiriň.
7. Türkmenistanda önümçiligiň ösüşiniň esasy netijeleri barada gürrüň beriň.
8. Döwlet býujetiniň çykdajylary nämeden ybarat?
9. Döwlet býujetiniň girdejilerine haýsy çeşmeler degişli?
10. Döwlet býujetiniň esasy ýagdaýlaryny düşündiriň.

XVI. PUL-KARZ ULGAMY WE PUL-KARZ SYÝASATY

§1. PUL-KARZ ULGAMY WE ONUŇ WEZIPELERI

Önümçiligiň we telekeçiligiň ösmegine pul-karz ulgamy uly täsir edýär. Ol ýurtda pul aýlanyşygyny guramagyň görnüşi bolup çykyş edýär. Pul ulgamynyň iň möhüm düzüm böleklerine aşakdakylar degişli:

1) **milli pul birligi** – onda harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlary aňladylýar. Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan milli pul birligi hökmünde **manat** dolanyşyga girizildi. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bolsa manadyň **denominasiýasy**, ýagny onuň nominal hümmetiniň üýtgedilmegi geçirildi. Şonuň netijesinde milli pul birliginiň narisatel hümmeti güýçlendi, töleg dolanyşygy ýeňilleşdi;

2) kanunçylyga laýyklykda nagt dolanyşykda töleg serişdesi bolup hyzmat edýän **kagyz pullaryň we şaýy pullaryň ulgamy;**

3) pul emissiýasynyň ulgamy, ýagny puly aýlanyşyga goýbermegiň kanunçylyk bilen berkidilen tertibi;

4) pul dolanyşygyna dahylly meseleleri alyp barýan **döwlet edaralary.**

Pul dolanyşygy ulgamynyň iki sany esasy kysymy bar:

- metal pullaryň dolanyşyk ulgamy;
- karz pullaryň we kagyz pullaryň dolanyşyk ulgamy.

Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertlerde karzlaşdyrmak uly ähmiýete eýe bolýar, sebäbi edara-kärhanalar, guramalar, telekeçiler we şahsy taraplar dürli amallary ýerine ýetirmek üçin banklar bilen aragatnaşykda bolýarlar. Türkmenistanyň kada-kanunlaryna

laýyklykda banklar wagtlaýyn ulanylmaýan (boş) pul serişdelerini belli maksatlara niýetlenen, anyk möhlete, karzy yzyna göterim bilen gaýtarmak we üpjünçilik şerti bilen mätäç bolan müşderilere ulanmaga berýärler. Ykdysady edebiýatda şol pul serişdelerine karz (ssuda) diýilýär.

«Karz» diýen söz latyn sözünden terjime edilende **«ynanç»** diýen manyny aňladýar. Şol sebäpli bankyň esasy ýerine ýetirýän wezipesi karz (ssuda), ýagny wagtlaýyn boş pul serişdelerini jemlemek we ony isleg bildirýän ynamly, abraýly ýuridiki we fiziki taraplara karz ýörelgeleri esasynda bermek arkaly peýda almak.

Häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde «karz» diýlip puluň telekeçilere yzyna gaýtaryp bermek, peýdalanylandygy üçin karz alyjy tarapyndan karzlaşdyryja göterim tölemek şerti bilen bellibir möhletli hereketine düşünilýär.

Bazar ykdysadyýetinde karz möhüm wezipeleriň birnäçesini ýerine ýetirýär.

Birinjiden, karz jemgyýetçilik önümçiliginiň çygryny ýurtdaky bar bolan nagt pullaryň mukdary bilen kesgitlenýän çäkden has giňeldýär;

Ikinjiden, karz gaýtadan paýlaýyş wezipesini ýerine ýetirýär. Şol mynasybetli hususy süýşürintgiler, kärhanalaryň erkin pul serişdeleri, döwletiň girdejileri ssuda maýasyna öwrülýär we ykdysadyýetiň düşewüntli ýaýrawlaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

Üçünjiden, karz aýlanyşyk çykdajylarynyň tygşytlanmagyna ýardam edýär. Onuň ösüşiniň barşynda bank hasaplaryndan we goýumlaryndan peýdalanmagyň dürli serişdeleri ýüze çykýar, nagt däl pul dolanyşygy öňürdip ösýär, pul akymlarynyň aýlanyş tizligi ýokarlanýar.

Dördünjiden, karz maýanyň bir ýere jemlenmegini we merkezleşmegini çaltlandyryş wezipesini ýerine ýetirýär. Ol bäsdeşlik göreşinde işjeň peýdalanylýar, kärhanalaryň biri-birlerine goşulyşmak hadysasyna itergi berýär.

Bazar hojalygynda karzyň görnüşleri dürli-dürlüdir.

Täjirçilik karzy – kärhanalar, birleşikler we beýleki hojalyk subýektleri tarapyndan biri-birlerine haryt görnüşinde gaýra süýşürmek arkaly berilýär.

Bank karzy – maliýe-karz edaralary (banklar, gaznalar, assosiasiýalar) tarapyndan islendik hojalyk subýektlerine pul serişdeleri berilýär.

Sarp ediş karzy – fiziki şahslara bellibir möhlet bilen uzak wagtlap ulanylýan sarp ediş harytlaryny satyn almak üçin pul serişdeleri berilýär.

Ipoteka karzy – gozgalmaýan emlägi girewe goýmak arkaly uzak möhletli ulanylmaga pul serişdeleri berilýär.

Döwlet karzy – döwlet pul serişdeleriniň karz berijisi bolup, ilat ýa-da hususy telekeçiler bolsa karz alyjy bolup çykyş edýän mahalyndaky karz gatnaşyklarynyň ulgamy.

Halkara karzy – pul serişdeler dürli ýurtlaryň halkara maliýe--pul gatnaşyklary ýaýrawyndaky hereketini gurşap alýar. Şonda karz berijiler we karz alyjylar bolup, banklar, hususy kärhanalar, döwlet, halkara guramalary we ş.m. çykyş edýär.

§2. KARZ-BANK ULGAMY

Häzirki zaman karz-bank ulgamy uzak döwürdäki taryhy ösüşiň we karzlaşdyryş edaralarynyň bazar ykdysadyýetiniň hajatlaryna uýgunlaşmagynyň netijesi bolup durýar. Institusional nukdaýnazardan karz-bank ulgamy döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmek üçin işjeň peýdalanylýan pul-maliýe edaralarynyň toplumydyr.

Häzirki zaman karz ulgamynda iki sany esasy dereje, ýagny Merkezi bank, täjirçilik banklary we ýöriteleşen karz-maliýe edaralary tapawutlandyrylýar.

Karz ulgamynyň **birinji derejesi** Merkezi bank bolup, ol möhüm wezipeleriň birnäçesini ýerine ýetirýär. Şol wezipeleriň arasynda aşakdakylary aýratyn görkezmek bolar:

- bank biletleriniň aýlanyşyga goýberilmegi (emissiýa wezipesi);
- döwletiň gyzyl pul ätiýaçlyk gorlarynyň saklanmagy;
- beýleki karz edaralarynyň ätiýaçlyk gorlarynyň saklanmagy;
- ykdysadyýetiň pul-karz düzgünleşdirilişiniň amala aşyrylmagy;
- täjirçilik banklarynyň karzlaşdyrylmagy we döwlet edaralaryna kassa hyzmatlarynyň edilmegi;

● hasaplaşyklaryň we pul geçirme amallarynyň geçirilmegi;

● karzlaşdyryş edaralarynyň işine gözegçilik edilmegi.

Karz ulgamynyň **ikinji derejesine** täjirçilik banklary degişli bolup, olar fiziki we ýuridiki şahslar hökmündäki müşderiler bilen gös-göni iş salyşýarlar. Täjirçilik banklarynyň hyzmatlarynyň arasynda şu görnüşler bölünip çykarylýar:

● göni karzlaşdyryş, ýagny gaýtaryp bermek, töleglilik we möhletlilik şertlerinde ssuda berilmegi;

● bank maýa goýumlary, ýagny bank tarapyndan paýnamalaryň, obligasiýalaryň satyn alynmagy;

● lizing, ýagny dürli görnüşdäki emlägiň we enjamlaryň bankyň arada durmagyndaky kärendesi;

● faktoring, ýagny müşderiniň algysynyň hasapdaky pulunyň haýal etmän ýa-da bergi üzüldigiçe inkasso edilmegi;

● trast amallary, ýagny müşderiniň maýasyny dolandyrmak boýunça amallar.

Karz ulgamynyň ýöriteleşen karz-maliýe edaralary – pensiýa gaznalary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, maýa goýum we ipoteka banklary, karz-süýşürintgi assosiasiýalary we ş.m. degişlidir. Olar özlerinde köp möçberlerdäki pul serişdelerini jemleýändikleri üçin pul syýasatyna uly täsir edýärler.

Ykdysadyýetiň kadaly işlemegi üçin bank ulgamynyň durnukly bolmagy zerurdyr. Bank ulgamynyň işlemeginiň bozulmagyna getirýän sebäplere şular degişlidir:

● milli puluň hümmetiniň durnuksyz bolmagy;

● Merkezi bankyň şowsuz karz-pul syýasaty;

● paýhassyz salgyt syýasaty;

● depozitleri ätiýaçlandyryş ulgamynyň bolmazlygy.

Karz-bank ulgamyny durnuklylaşdyrmagyň çärelerine şular degişlidir:

● bank kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi;

● iň aşak bank ätiýaçlyklarynyň derejesiniň we hasaba alyş stawkasynyň derejesiniň laýyk getirilmegi;

● karz-bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ösdürilmegi we karz bazarynyň sygymynyň düzgünleşdirilmegi.

§3. BANKLAR WE OLARYŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN AMALLARY

Häzirki zaman ykdysadyýetinde bank kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň wagtlaýyn boş pul serişdelerini özüne çekmek hem-de jemläp, töleglilik we möhletlilik şertleriň esasynda karz bermek, şonuň ýaly-da töleg geçirmek, puly we gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýbermek boýunça amallary ýerine ýetirýän maliýe-karz edarasydyr.

Türkmenistanyň ösen bank ulgamynyň emele gelmegini çaltlandyrmak, şeýle-de «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny» tassyklady.

Bu maksatnamada ýurduň bank ulgamyny tapgyrlaýyn ösdürmek hem-de pul-karz we walýuta syýasatyny döwrelaýyk amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Ykdysady ulgamda üstünlikli geçirilen özgertmeler, ýagny milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygynyň ýeke-täk hümmetine geçirilmegi we denominasiýanyň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň maliýe durnuklylygyny gazanmaga we maýa goýum işjeňliginiň tijenmegine getirdi hem-de Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamyny mundan beýläk-de özgertmäge esas döretdi. Bank kanunçylygyny kämilleşdirmek maksady bilen, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

Türkmenistanda häzirki döwürde Türkmenistanyň Merkezi banky we bellige alnan karz edaralarynyň 13 sanysy hereket edýär; şol sanda 7 sany döwlet täjirçilik banky, 4 sany paýdarlar täjirçilik banky, 2 sany daşary ýurt maýasynyň gatnaşygyndaky banklar (banklaryň ýerlerdäki şahamçalarynyň sany 147, daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş nokadynyň sany 183, olaryň 11 sanysy gije-gündiziň dowamynda)

işleýär, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna Türkmenistanyň «Rysgal» paýdarlar-täjirçilik banky (ykdysadyýetiň hususy bölegine degişli) we Türkmenistanyň «Döwlet ösüş banky» açyldy.

Türkmenistanyň banklary ýerine ýetirýän amallary boýunça döwlet täjirçilik banklardan, paýdarlar täjirçilik banklardan, daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryndan we daşary ýurt wekilliklerden düzülýär.

Banklar passiw we aktiw amallary ýerine ýetirýärler. Passiw amallar arkaly olar pul serişdeleri (resurslary) ýygnaýarlar. Aktiw amallaryň üsti bilen bolsa, olary ýerleşdirýärler.

Bankyň serişdeleri (resurslary) onuň öz serişdeleriniň we çekilen serişdeleriň hasabyna emele gelýär.

Bankyň öz serişdeleri – paýdarçylyk we ätiýaçlyk maýasy, şonuň ýaly-da paýlanmadyk peýda.

Bankyň resurslarynyň esasy bölegi goýumlar (depozitler), şonuň ýaly-da kontokorrent we baglanyşdyryjy hasaplardaky pullar görnüşinde bolýar.

Depozitler (goýumlar) bankyň müşderileriniň süýşürintgilerden başga ähli möhletli we möhletsiz goýumlarydyr. Olar iki görnüşde, ýagny «talap edilýänçä» diýilýän we «möhletli hasaplar» görnüşinde bolýar.

Kontokorrent (italýan sözi bolup, «gündelik» hasap diýmegi aňladýar) – bankyň müşderi bilen ähli amallarynyň hasaby ýöredilýän bitewi hasap.

§4. PUL-KARZ SYÝASATYNYŇ GURALLARY

Pul-karz syýasaty Merkezi bank tarapyndan karzyň we pul aýlanyşygynyň ýagdaýyna meýilleşdirilen täsir etmek arkaly işewürlik derejesini düzgünleşdirmek maksady bilen geçirilýän özara baglanyşykly çäreleriň toplumydyr.

Merkezi bank pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmekde esasy hyzmaty bitirýär. Şunlukda, ol ykdysady ösüş üçin amatly şertleri üpjün etmäge ymtylýar we ykdysady ösüşiň depginlerini düzgünleşdirmek, döwürleýin gaýtalanýan üýtgäp durmalary ýumşatmak, puluň hümmetsizlenmegini bökdemek, daşary ykdysady aragatnaşyklaryň deňagramlylygyny gazanmak ýaly anyk maksatlara eýerýär.

Döwletiň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň iňňän möhüm gurallary şulardyr:

1. Maýa goýumlarynyň ösüşini çäklendirmek. Merkezi bank täjirçilik banklary tarapyndan amala aşyrylýan karz goýumlarynyň ösüşini çäklendirýär. Ol bellibir wagtyň dowamynda karz amallarynyň üstünden geçýän pullaryň ýokarlanmagynyň täjirçilik banklary üçin göterim kadalaryny belleýär.

2. Hasaba alyş-diskont we lombard syýasatlary. Olar ulanylan mahalynda Merkezi bank ýurduň beýleki banklarynyň esasy karzlaşdyryjysy bolup çykyş edýär. Ol banklardaky aýlanyşykda duran wekseller gaýtadan hasaba alnan mahalynda karzlary berýär, munuň özi diskont syýasaty bolýar; banklaryň gymmatly kagyzlarynyň girewine alnyp, karz berilmegi bolsa lombard syýasatydyr.

Karzlar boýunça Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýän göterim derejesine resmi hasaba alyş-diskont ýa-da lombard göterim derejesi diýilýär. Hasaba alyş derejesini üýtgetmek arkaly Merkezi bank jemi hyrydarlyga we jemi hödürlemä täsir edýär.

3. Açyk bazardaky amallar – ätiýaçlyklary döwletiň karz ulgamyna goşmak ýa-da ol ýerden yzyna almak maksady bilen ýurduň Merkezi banky tarapyndan gymmatly gaznaçylyk kagyzlarynyň açyk bazarda satyn alynmagy ýa-da satylmagy.

4. Iň aşak çäk ätiýaçlyklar syýasaty. Iň aşak çäk ätiýaçlyklar täjirçilik banklaryna ýurduň Merkezi bankyndaky hasaplarda saklamak tabşyrylan bellibir pul möçberleridir.

Hökmany ätiýaçlygyň möçberini ýokarlandyryp, Merkezi bank täjirçilik banklaryň işewürlik mümkinçiliklerini birneme bökdeýär, azaltmak bilen bolsa, ony höweslendirýär.

5. Meýletin ylalaşyklar. Olar ýurduň Merkezi banky bilen öz islegi boýunça işini bellibir çäklendirmeleriň astynda goýýan täjirçilik banklarynyň arasynda baglaşylýar.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Döwletiň pul ulgamynyň düzüm böleklerine haýsy edaralar degişli?
2. Karz diýip nämä aýdylýar?
3. Karz haýsy esasy wezipeleri ýerine ýetirýär?
4. Karzyň görnüşlerini sanaň.
5. Bank nähili hyzmatlary ýerine ýetirýän edara?
6. Türkmenistanyň bank ulgamynda nähili kanunlar we maksatnamalar kabul edilipdir?
7. Türkmenistanyň bank ulgamy barada aýdyp beriň.
8. Bank nähili amallary ýerine ýetirýär?
9. Pul-karz syýasatynyň gurallary haýsylar?

XVII. DÖWLETIŇ DURMUŞ SYÝASATY

§1. DURMUŞ SYÝASATYNYŇ MAKSATLARY WE ESASY UGURLARY

Durmuş syýasaty dar manyda hökümet tarapyndan jemgyýetiň dürli gatlaklaryna degişli agzalarynyň girdejilerini paýlamaklyga we gaýtadan paýlamaklyga gönükdirilen hereketlerini aňladýar. Sözüň giň manysynda bolsa ol makroykdysady kadalaşdyrylyşyň jemgyýetde durmuş durnuklylygyny raýatlar üçin mümkin boldugyça birmeňzeş badalga şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen ugurlarynyň biri bolup durýar.

Türkmenistanda döwlet öz durmuş syýasatyny şu maksatlara ýetmek üçin ugrukdyrýar:

- zähmete ukyply ähli raýatlaryň jemgyýetçilik önümçiligine işjeň gatnaşmagy hem-de ýaşaýyş serişdelerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin öz zähmetlerine görä girdeji gazanmagy;
- ilatyň, ylaýta-da az üpjünçilikli maşgalalaryň hal-ýagdaýynyň we ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy üçin durmuş taýdan kepillendirilen şertleriň döredilmegi, bilimiň, saglygy goraýşyň, pensiýa üpjünçiligiň we ş.m. ösdürilmegi;
- jemgyýetiň durmuş toparlarynyň, gatlaklarynyň aralaryndaky we olaryň içindäki gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegi;
- jemgyýetde durmuş adalatlylygyny saklamagy.

Ýurtda alnyp barylýan durmuş syýasatynyň esasy ugurlaryna ozaly bilen şular degişlidir:

- önümçiligiň ösüşiniň we işleýän adamlaryň zähmetine hak tölenişiniň düzgünleşdirilmegi;
- ilatyň durmuş taýdan goralmagy we oňa hemaýat edilmegi;

● durmuş üpjünçiligi we durmuş kömegi;

● girdejileri kadalaşdyrmak boýunça döwlet syýasaty;

● durmuş ätiýaçlandyryş;

● ilatyň durmuş taýdan mätäçlik çekýän gatlaklary (maýyplar, köp çagaly, üpjünçiligi pes maşgalalar, okaýan ýaşlar) barada alada edilmegi;

● döwlet tarapyndan zähmet bazarynyň düzgünleşdirilmegi we ilaty iş bilen üpjün ediş syýasatynyň durmuşa geçirilmegi;

● durmuş ýaýrawy maliýeleşdiriş ulgamynyň kämilleşdirilmegi;

● ýüze çykýan durmuş meseleleriniň çözülmegine ýardam edilmegi.

Türkmenistanda durmuş syýasatynyň dabaralanýandygy barada işgärleriň ortaça aýlyk iş hakynyň 2014-nji ýylda 1152,7 manada ýetendigini belläp geçmegiň özi-de ýeterlikdir. Şonda ykdysadyýetiň gurluşyk pudagynda ortaça aýlyk iş hakynyň derejesi 1011,3 manada, karz bermek, maliýe we ätiýaçlandyryş ýaýrawynda ol 1189,7 manada deň boldy. Ýurt boýunça iş hakynyň iň ýokary derejesi gazyp çykaryjy senagatyň ýaýrawynda emele geldi – 2865,4 manat (23, 275 s.).

Durmuş ýaýrawyny döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegiň möçberi bilen ilata edilýän mugt hyzmatlaryň kepillendirilen möçberiniň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegi aýratyn üns berilýän meseleleriň biridir. Bu meseläniň çözülmegi ýurtdaky bar bolan ykdysady mümkinçiliklerden peýdalanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaklygy talap edýär. Döwlet býujeti ýerine ýetirilýän mahalynda pensiýalary we kömek pullaryny tölemek ýaly we ş.m. durmuş hajatlarynyň maliýeleşdirilmeginiň ýerine ýetirilmezligine ýol berilmeýändigini belläp geçmek gerek.

§2. ILATYŇ NOMINAL WE REAL GIRDEJILERI

Ilatyň girdejileri adamlar tarapyndan alynýan we ýaşaýşyň bellibir derejesini üpjün etmek üçin zerur maddy nygmatlaryň hakyny tölemek üçin harç etmäge niýetlenen maliýe serişdeleriniň jemini aňladýar.

12. Sargyt № 2612

Häzirki döwürde Türkmenistanda ilatyň girdejileriniň esasy çeşmesi zähmet haky bolup durýar. Öý hojalyklarynyň girdejileriniň düzüminde olar takmynan dörtden üç bölegi eýeleýär.

Bazar ykdysadyýeti mahalynda adamlaryň hal-ýagdaýynyň derejesi, ozaly bilen, olaryň alýan girdejileriniň möçberi arkaly kesgitlenýär. Ilatyň girdejilerine dürli jähetlerden baha berilýär. Şonda aşakdaky esasy ölçeglerden ugur alynýar.

1. Nominal girdeji – aýry-aýry fiziki şahslar tarapyndan işiň belli bir wagtynyň dowamynda alynýan puluň mukdary.

Ilatyň nominal pul girdejileri dürli çeşmelerden emele gelýär:

● önümçilik şerti üçin alynýan girdejiler – iş haky, peýda, göterim, renta;

● jemgyýetçilik sarp ediş gaznalaryndan durmuş transfertleri görnüşinde berilýän pullar – tölegler we ýeňillikler;

● maliýe ulgamyndan alynýan girdejiler – banklara goýlan süýşürintgi goýumlary we obligasiýalar boýunça göterimler, paýnama haklary, ätiýaçlandyrylanlara tölenilýän serişdeler, lotoreýa utuşlary we başgalar.

2. Ygtyýarlykdaky girdeji – işgärleriň we olaryň maşgalalarynyň şahsy sarp edişi we şahsy süýşürintgisi üçin peýdalanylýan puluň mukdary. Onuň möçberi nominal girdejiniň mukdaryndan salgytlaryň we hökmany tölegleriň möçberi az bolýar.

3. Hakyky girdeji. Ol ygtyýarlykdaky girdejiniň hasabyna degişli wagtyň dowamynda satyn alyp boljak harytlaryň we hyzmatlaryň mukdary bilen kesgitlenýär. Bu ýerde nominal we ygtyýarlykdaky girdejiniň hakyky girdeji bilen aratapawudy nyrhlaryň üýtgeýiş derejesi arkaly kesgitlenýär. Puluň hümmetsizlenmegi nominal girdeji üýtgewsiz bolan mahalynda hakyky girdejiniň kemelmegine getirýär. Şonuň üçin nyrhlaryň ýokarlanmagy uzak dowam eden halatlarynda wagtal-wagtal iş hakynyň we durmuş tölegleriniň indeksleşdirilmegi geçirilip durulýar.

Ilatyň aglaba böleginiň esasy girdejileriniň çeşmeleri bolup, iş haky we kömek pul tölegleri çykyş edýär. Olaryň arasyndaky mynasybet adamlaryň ykdysady taýdan özlerini alyp baryşlaryna me-

se-mälim täsir edýär. Hususan-da, girdejileriň düzüminde iş hakynyň agdyklyk etmegi adamyň işe bolan yhlasyny güýçlendirýär. Eger berilýän kömekleriň möçberi aşa köp bolsa, onda bellibir derejede ýaltalyk meýilleri ýüze çykyp başlaýar. Şonuň üçin girdejileriň bu görnüşleriniň özara möçber mynasybeti örän esaslandyrylan bolmalydyr.

§3. GIRDEJILERI PAÝLAMAGYŇ ÝÖRELGELERI

Dürli ýurtlarda we dürli döwürlerde girdejileri emele getirmegiň dürli ulgamlary hereket edýär. Girdejileri paýlamagyň aşakdaky ýörelgeleri öz aralarynda tapawutlandyrylýar.

Gyradeňleşdirip paýlaýyş jemgyýetiň ähli agzalarynyň (ýa-da olaryň bir böleginiň) girdejileri we nygmatlary deň möçberde almagyny göz öňünde tutýar.

Bazar paýlaýyşy mahalynda ol ýa-da beýleki bir önümçilik şertiniň (işçi güýjüniň, telekeçilik ukybynyň, maýanyň, ýeriň) eýeleri tarapyndan özüne degişli şertiň hojalyk taýdan peýdalylygyna ýa-da önüm berijiligine görä girdeji alynýar.

Toplanan emläk boýunça paýlaýyş haýsydyr bir eýeçiligi (ýeri, jaýy, gymmatly kagyzlary we ş.m.) toplan we miras hökmünde alan adamlar tarapyndan şol emläk boýunça goşmaça girdeji gazanan mahalynda ýüze çykýar.

Artykmaçlyklar nazara alnyp paýlaýyş, köplenç demokratik däl jemgyýet üçin mahsusdyr, şonda häkimiýet başyndaky adamlar jemgyýetçilik nygmatlaryny özleri üçin ýokarlandyrylan iş haklary we pensiýalar, aýratyn gowulandyrylan ýaşaýyş, zähmet we dynç alyş şertleri we ş.m. ýeňillikler görnüşinde öz peýdalaryna gaýtadan paýlaýarlar.

Emma paýlaýşyň haýsy ulgamy ulanylýan hem bolsa, adamlaryň girdejileriniň arasyndaky deňsizlik gutulgysyzdyr.

§4. GIRDEJILERIŇ DEŇSIZLIK MESELELERI WE ONUŇ KADALAŞDYRYLYŞY

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde girdejileriň deňsizligi obýektiw şertlendirilendir, çünki bazar ulgamy sap ykdysady babatda haýyr-sahawaty bilmeýän, adamlara diňe olaryň işiniň ahyrky netijeliligi esasynda girdeji getirýän berk mehanizmdir. Adamlar bolsa zähmetsöýerlik, işjeňlik, başlangyç goýuş, ukyp, zehin, bilim, emläge eýeçilik ediş we ş.m. babatlarda biri-birlerinden örän tapawutlydyr.

Diýmek, olar birmeňzeş işläp we gazanç edip bilmeýärler. Şonuň bilen baglylykda döwlet jemgyýetiň gatlaklara bölünişiniň hetdenaşa derejä ýetmegine ýol bermezlik üçin adamlaryň girdejilerindäki deňsizlikleri kadalaşdyrmak ugrunda çäreleri görýär. Emma girdejileriň gaýtadan paýlanyşyna we gyradeňleşdirilmegine döwletiň has içgin gatyşmagy önümçiligiň netijeliligini peseldýär.

Şeýlelikde, önümçiligiň netijeliligi bilen girdejileriň deň bolmagynyň arasynda gapma-garşylyk döreýär. Deňlik has adalatly bolup biler, emma ol zähmete bolan höwesi peseldýär. Bu gapma-garşylygy diňe girdejileri döwlet tarapyndan gaýtadan paýlamagyň has netijeli çägini kesgitlemek arkaly çözmek mümkin. Umuman, deňlik barada aýdylanda bolsa, ol girdeji gazanmaga her bir adamyň ukybyna laýyklykda degişli şertleriň döredilmegini göz öňünde tutýar.

Şeýlelik bilen, döwletiň durmuş syýasaty makroykdysady kadalaşdyrylyşyna örän habardar bolmagy we çeýe ulanylmagyny talap edýän inçe gural bolup durýar. Girdejileriň deňsizligi barada aýdylanda, ol herniçik-de bolsa gutulgysyzdyr we adamlaryň zähmet işjeňligini höweslendirmek babatynda hatda bellibir derejede zerurdyr. Meseläniň şol taraplaryny nazara almak bilen ilatyň girdejileriniň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy amala aşyrylýar.

Girdejileri kadalaşdyrmak boýunça döwlet syýasaty şol girdejilere dürli möçberdäki salgytlaryň salynmagy, maliýe çeşmesi kemter bolan ýaýrawlarda işleýänlere döwlet tarapyndan hak tölenmegi ýaly ugurlar boýunça amala aşyrylýar.

Ilatyň hakyky girdejileri, esasan, iş hakynyň we jemgyýetçilik sarp ediş gorlaryndan tölenýän serişdeleriň hasabyna emele gelýär. Iş haky çekilen zähmetiň mukdaryna we hiline, onuň netijeliligine görä tölenýär. Jemgyýetçilik sarp ediş gaznasynyň üsti bilen serişdeler adamlaryň mätäçligi nazara alnyp paýlanýar.

Jemgyýetçilik sarp ediş gaznasynyň üsti bilen serişdeleriň paýlanmagy döwlet tarapyndan şu ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

- durmuş taýdan ätiýaçlandyryş boýunça kömek pullarynyň berilmegi, hak tölenýän zähmet rugsatlary, garrylyk we maýyplyk boýunça kömek pullary we ş.m.;
- maşgalalardaky çagalar üçin kömek pullary, maýyplaryň ýöriteleşdirilen bejergisi, mekdep-internatlary, mekdebe çenli çagalar edaralaryny saklamaga sarp edilen çykdajylar we başgalar;
- durmuş-medeni ýaýrawyň edaralarynyň üsti bilen ilata natural görnüşde berilýän ýeňillikleriň we hyzmatlaryň – lukmançylyk kömeginiň, döwletiň aýratyn bilim hyzmatlarynyň maliýeleşdirilmegi we ş.m.

Soraglar we ýumuşlar:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» okuw gollanmasynyň «Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary» babyny okaň we gürrüň beriň.
2. Durmuş syýasatynyň özeni nämeden ybarat?
3. Türkmenistanyň durmuş syýasatynyň esasy ugurlary haýsylar?
4. Türkmenistanyň durmuş syýasatynyň esasy ugurlary nähili maksatlara gönükdirildi?
5. Türkmenistanda işgärleriň ortaça aýlyk iş hakyny ykdysadyýetiň pudaklary boýunça seljermäge synanyşyň.
6. Girdejiler nämäni aňladýar?
7. Girdejileriň haýsy görnüşleri bar?
8. Iş haky we kömek tölegleriniň arasyndaky mynasybeti düşündiriň.
9. Girdejileri paýlamagyň nähili ýörelgeleri bar?
10. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde näme üçin girdejiler deň paýlanmaýar?
11. Girdejileriň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy nähili amala aşyrylýar?
12. Jemgyýetçilik sarp ediş gaznasynyň üsti bilen serişdeleriň paýlanyşyny düşündiriň.

SÖZLÜK

Aram hümmetsizlenmek – bu ýyllyk depgini bir san bilen ölçenilýän, ýagny 10%-e çenli bolan hümmetsizlenmekdir. Aram hümmetsizlenmekde bahalaryň ýokarlanyşy haýal we öňünden bilip bolýan ýagdaýda bolup geçýär, ýöne bahalar zähmet hakyna garanyňda çalt ýokarlanýar.

Arassa (netto) maýa goýumlar – bu esasy maýanyň ulanyş tutumy (amortizasiýasy) aýrylan jemi maýa goýumlardyr.

Arassa milli önüm (AMÖ) – şu ýurduň ilaty tarapyndan bellibir döwürde (aýda, çärýekde, ýylda) döredilen we satyn alnan harytlaryň we hyzmatlaryň has takyk makroykdysady görkezijisi bolup durýar.

Akselerator – maýa goýumlaryň artmagynyň girdejiniň, sarp ediş isleginiň ýa-da taýýar önümiň, bellibir derejede, artmagyna bolan gatnaşygy bolup durýar.

Akselerator nusgasy (indusirlenen maýa goýumlar) – maýa goýum çykdajylarynyň hereketliligi bilen jemi çykarylan önümdäki (milli girdejidäki) üýtgemeleriniň arasyndaky bellibir baglylygyň bardygyna esaslanýar.

Aýratyn makroykdysady deňagramlylyk – bu ykdysady ulgamyň aýratyn alnan bölegindäki deňagramlylykdyr.

Bahalaryň indeksi – bellibir döwürde harytlaryň giň toparynyň bahalarynyň ortaça derejesiniň bellibir üýtgeýşini görkezýär.

Balans – 1) puluň, harytlaryň hut şol bir mukdarynyň girmegi we çykdajy edilmegi bolup durýanlygy sebäpli biri-birine deň iki sany bölekden durýan mukdar mynasybeti. Girdejiler töleglerden ozýan we agdyk gelýän bolsa, ýagny ondan galyndy galsa, balans aktiw hasap edilýär. Girdejiler töleglerden yza galýan bolsa, oňa passiw balans diýilýär; 2) kärhananyň balans hasabaty beýan edilen resminama.

Bank – köp sanly hyzmatlary, ozaly bilen hem karzlara, süýşürintgilere we töleglere degişli hyzmatlary hödürleýän hem-de ykdysadyýetdäki islendik kärhana babatynda köpdürli maliýe wezipelerini ýerine ýetirýän maliýe instituty.

Banklar – esasy wezipesi pul serişdelerini toplamakdan, karz bermekden, pul hasaplaşyklaryny geçirmekden we ş.m.-den ybarat bolan aýratyn ykdysady edaralar.

Şu banklar tapawutlandyrylýar:

Banklaryň banky – merkezi bank.
Maglumatlar banky – maglumatlaryň toplanan köplügi.
Maýa goýum banky – ýöriteleşdirilen bank.
Innowasion bank.
Ipoteka banky.
Kliring banky.
Ösüş banky we başgalar.

Bank amallary – banklar tarapyndan pul serişdelerini, gymmatly kagyzlary çekmek we ýerleşdirmek, hasaplaşyklary amala aşyrmak boýunça geçirilýän amallar. Şu bank amallary öz aralarynda tapawutlanýarlar:

a) aktiw amallar, olar arkaly banklar özlerinde bar bolan maliýe serişdelerini ýerleýärler, ýagny karz berýärler, gymmatly kagyzlary satyn alýarlar:

b) passiw amallar, olar arkaly banklar maliýe serişdelerini emele getirýärler, ýagny goýumlary çekýärler, aktiw serişdeler hökmünde peýdalanmak üçin gymmatly kagyzlary satýarlar;

ç) komission amallar – hyzmatlaryň edilmegi, tabşyryklaryň ýerine ýetirilmegi, araçylyk amallary.

Bazar – bu haryt önümçiliginiň we dolanyşygynyň kanunlary boýunça guralan alyş-çalyş, haryt alyş-çalşygy babatyndaky gatnaşyklaryň köplügi.

Bazar – satyn alyjylar bilen satyjylaryň özara täsir ediş mehanizmi, başgaça aýdylanda, hyrydarlygyň we hödürlemegiň mynasybeti.

Bazar – munuň özi önüm öndürijileriň we sarp edijileriň ýurtlaryň içinde we olaryň aralaryndaky gatnaşyklaryň derejesinde baglanyşdyrýan alyş-çalyş ýaýrawydyr.

«Bazar» düşünjesine çuňňur göz ýetirilmegi onuň jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň bütin ulgamyndaky ornuny nazara almaklygy talap edýär. Şonuň üçin umumylaşdyrylan görnüşde bazar diýip, üznüksiz önümçiligiň ähli basgançaklarynda, ýagny önümçilikde, paýlaýyşda, alyş-çalyşda we sarp edişde aluw-satuwyň üsti bilen amala aşyrylýan guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna düşünmek bolar.

Bazar infrastrukturasy – bazarda harytlaryň we hyzmatlaryň erkin hereket etmegini üpjün edýän edaralaryň ýa-da kärhanalaryň (banklaryň, biržalaryň, ýarmarkalaryň, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň, marketing kärhanalaryň) ulgamy.

Bazar mehanizmi – bazaryň esasy bölekleriniň, ýagny hödürlemäniň, hyrydarlygyň we nyrhlaryň özara baglanyşmak we özara täsir edişmek mehanizmi.

Bazar nyrhy – 1) bäsleşikli erkin bazarda hyrydarlygyň we hödürlemegiň täsiri astynda emele gelýän nyrh, deňagramly nyrh; 2) harydyň hakyky bazarda bellibir wagtyň dowamynda emele gelýän nyrhy, harydy bazarda satyp boljak nyrh.

Bazar strategiýasy – kärhana tarapyndan öz ýerleýiş işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýän çäreler ulgamy.

Býujet – ykdysady subýektiň bellibir wagt aralygy üçin, adatça bir ýyl üçin girdejileriniň we çykdajylarynyň resmi güýje eýe bolan, ykrar edilen ýa-da kabul edilen ýazgysy, tablisasy, sanawnamasy. Býujet ykdysady resurslaryň girdejisiniň we çykdajysynyň deňleşdirilenligini, özara laýyk gelşini barlamagyň esasy guraly bolup durýar. Pul serişdeleri babatynda düzülýän ykdysady subýekte baglylykda býujetleriň şu görnüşleri tapawutlanýar: döwlet býujeti, sebitleýin, ýerli (munisipal), maşgala (sarp ediş) býujetleri.

Çaklanylýan hümmetsizlenmek – bu ykdysady subýektleriň hümmetsizlenmegiň amala aşmazyndan öňki garaşmalarynda we özlerini alyp baryşlarynda göz öňünde tutulýan hümmetsizlenmekdir. Başgaça aýdylanda – bu adamlaryň ol ýa-da beýleki derejede taýýar bolan hümmetsizlenmesidir.

Çaklanylmaýan hümmetsizlenmek – bu ilat üçin garaşylmadyk ýagdaý bolan hümmetsizlenmedir. Şunuň ýaly hümmetsizlenmede bahalaryň derejesiniň hakyky ösüş depgini garaşylýan derejeden ýokary bolýar.

Çykdajylaryň hümmetsizlenmegi – hümmetsizlenmegiň önümçiligiň çykdajylarynyň ýokarlanmagy sebäpli ýüze çykýan görnüşidir. Çykdajylaryň ýokarlanmagy – bu nominal zähmet hakynyň, çig malyň we energiýanyň bahasynyň galmagydyr.

Daşarky şertler – bu ykdysady hadysalaryň döwürleýin gaýtalanyp durmagyna getirýän we şol ykdysady ulgamyň daşynda bolýan şertlerdir.

Daşary ýurtdan alnan arassa şert girdejileri – bu şu ýurduň raýatlary tarapyndan daşary ýutlarda alnan girdejiler bilen şu ýurduň çäginde daşary ýurt raýatlary tarapyndan alnan girdejileriň arasyndaky tapawutdyr.

Deflýator (bahalaryň indeksi) nominal we hakyky JMÖ-niň arasyndaky tapawudy görkezýär, hümmetsizlenmegiň derejesini kesgitlemek maksady bilen peýdalanylýar.

Denominasiýa – pul dolanyşygyny ýeňilleşdirmek we puly has doly bahaly bolar ýaly etmek maksady bilen adyny üýtgetmezden ýurduň pul birliginiň iri ölçege geçirilmegi.

Dewalwasiýa – milli puluň onuň hümmetiniň peselmeginde ýüze çykýan hümmetsizlenmesi.

Dereje – 1) Hakykatyň has umumy hadysalaryny we häsiýetlerini aňladýan ylmy düşünjedir. 2) Haýsy hem bolsa bellibir alamatlaryň umumylygy bilen birleşen hadysalaryň, predmetleriň, taraplaryň toparydyr.

Diskont syýasaty – ssuda maýasyna bolan hyrydarlygy we onuň hödürlenişini düzgünleşdirmek maksady bilen karz üçin hasaba alyş göterim derejesiniň ýokarlandyrylmagyndan ýa-da aşaklandyrylmagyndan ybarat bolup, merkezi banklar tarapyndan geçirilýän pul-karz syýasaty.

Diwersifikasiýalaşdyrmak – maýanyň we ondan düşýän girdejiniň ýitgileriniň töwekgelçiligini kemeltmek maksady bilen dürli obýektleriň arasynda maýalaşdyrylýan goýumlaryň ýa-da karz pul maýalarynyň paýlanylyşy.

Dolandyryş – subýektler, edaralar tarapyndan adamlara we obýektlere olaryň hereketlerini ugrukdyrmak hem-de islenilýän netijeleri gazanmak üçin paýhas bilen, maksada gönükdirilip täsir edilmegi.

Dolandyryş strategiýasy – dolandyryşyň baş maksatlarynyň we olara ýetmegiň esasy ugurlarynyň kesgitlenmegi.

Dolandyryş taktikasy – dolandyryşyň strategik maksatlaryna ýetmegiň aralyk tapgyrlaryndaky wezipeleri ýerine ýetirmegiň usullarynyň, serişdeleriniň we ugurlarynyň kesgitlenmegi.

Döwlet býujeti – döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň bellibir döwür üçin, köplenç bir ýyl üçin girdejileriniň gelip düşjek çeşmelerini we serişdeleriň harç ediliş ugurlaryny görkezmek bilen düzülen smeta. Döwlet býujeti hökümet tarapyndan düzülýär hem-de ýokary kanun çykaryjy edaralar tarapyndan tassyklanylýar we kabul edilýär. Býujetiň ýerine ýetirilişiniň barşynda oňa bölekleýin gaýtadan seredilmegi-de mümkindir.

Durmuş deňligi – adalatly jemgyýetçilik gurluşynyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Durmuş adalatlylygy bolsa ilatyň durmuş ýagdaýyndaky, onuň dürli

durmuş toparlarynyň arasyndaky durmuş deňliginiň ýa-da deňsizliginiň ölçegidir. Ol ölçeg jemgyýetiň ykdysady we ruhy ösüşiniň derejesi bilen obýektiw halda şertlendirilendir.

Durmuş syýasaty dar manyda hökümetiň jemgyýetiň dürli gatlaklaryna degişli agzalarynyň girdejilerini paýlamaklyga we gaýtadan paýlamaklyga gönükdirilen hereketlerini aňladýar. Sözüň giň manysynda bolsa ol makroykdysady düzgünleşdirişiň jemgyýetde durmuş durnuklylygyny üpjün etmeklige, raýatlar üçin mümkin boldugyça birmeňzeş badalga şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen ugurlarynyň biri bolup durýar.

Durmuş ugra nazarlandyrylan ykdysadyýetde ilatyň (raýatlaryň) bähbitleriniň goralmagyna ugur alynýar, milli ykdysadyýetde döwlete degişli bölek 30%-den hem gowrak uly paýy eýeleýär, döwlet düzgünleşdirişiniň esasy usuly hökmünde uzak möhletleýin maksatnamalaşdyryş ulanylýar.

Durmuş ykdysadyýeti ylym hökmünde isleglerиň ýüze çykyş tebigatyny, sarp ediş isleglerini, sarp edişiň düzümini öwrenýär, adamyň, maşgalanyň, durmuş toparlarynyň, sebitleriň, tutuş jemgyýetiň rejeli isleglerini şol isleglerиň we sarp edijileriň köpdürlüligini nazara almak bilen bölüp çykarýar.

Düzüm – 1) Derňewiň öňde goýlan maksadyna ýetmek üçin gönükdirilen maddy dünýäniň bir bölegi. 2) Bitewi birligi döredýän özara bagly elementleriň jemi.

Eksport – bu harytlary ýa-da maýany beýleki ýurtlara çykarmak.

Ekstensiw ösüş goşmaça serişdeleri peýdalanmak arkaly amala aşyrylýar, şunda ortaça zähmet öndürijiligi üýtgemeýär. Ykdysady ösüşiň ekstensiw tipi önümçilik şertleriniň öňki tehniki esasda ulanylyşyny artdyrmagy göz öňünde tutýar (işgärleriň sanyny artdyrmak, maýa goýumlary, sarp edilýän çig maly we ş.m. köpeltmek).

Emissiýa – kagyz puluň we gymmatly kagyzlaryň taýýarlanylmagy we dolanyşyga goýberilmegi. Paýnamalaryň, obligasiýalaryň, jemagat zaýomlarynyň, bergidarlyk kagyzlarynyň emissiýalary tapawutlandyrylýar. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasy birmeňzeş kagyzlaryň köpçülikleýin goýberilmegini göz öňünde tutýar. Emissiýany diňe kanun tarapyndan muňa rugsat berlen edara amala aşyryp bilýär.

Emission ulgam – dolanyşyga pul nyşanlaryny goýbermegiň tertibi we usullary, şonuň ýaly-da döwletiň pul (maliýe) ulgamynyň emissiýany üpjün edýän edaralary görnüşindäki düzüm bölegi.

Emitent – dolanyşyga puly ýa-da gymmatly kagyzlary goýberýän islendik edara ýa-da gurama (döwlet banky, maliýe-karz edarasy, kärhana, kompaniýa).

Faktoring – bank tarapyndan müşderilerden algylary almak hukugynyň satyn alynmagy (müşderiniň özüne gaýtaryp almak hukugy bolmazdan).

Fiskal syýasat – hökümetiň salgyt salyş, döwletiň çykdajylary, döwlet býujeti babatyndaky ilatyň iş bilen meşgullanmagyny üpjün etmäge we inflýasiýa hadysylarynyň zor salmagynyň öňüni almaga gönükdirilen syýasaty. Döwletiň maliýe syýasatynyň özeni we ykdysady syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýar.

Garyşyk ykdysadyýetde döwlete degişli bölegiň paýy durmuş ugra nazarlandyrylan ykdysadyýetdäkä görä azdyr, emma hojalyk işini döwlet tarapyndan

düzgünleşdirmegiň adatça gytaklaýyn usullaryny ulanmak arkaly telekeçiligiň ösmegi üçin ähli zerur şertler döredilýär.

Göterim möçberi – maýa goýumçylary höweslendirmäge täsir edýän möhüm şertdir; ol baýlygy pul görnüşinde saklamakdan ýüz öwrülendigi üçin tölenýän hak-heşdek bolup durýar.

Gymmat – harytda maddylaşan jemgyýetçilik zähmetiniň, haryt öndürijileriň jemgyýetçilik zähmetiniň zat görnüşindäki aňlatmasy. Gymmat zadyň tebigy häsiýeti däl, eýsem ol harytlary öndürijileriň arasyndaky zat gabygy bilen örtülen jemgyýetçilik gatnaşykdyr.

Gymmatly kagyzlar – degişli resminama görkezilmezden satylmagyna ýa-da başga bir şahsa geçirilmegine ýol berilmeýän haýsydyr bir emläge ýa-da pul möçberine eýeçilik hukugyny tassyklaýan resminamalar. Olara paýnamalar, obligasiýalar, wekseller we ş.m. degişlidir.

Hakyky deňagramlylyk – bu kämil däl bäsdeşlikde we daşarky täsir ediş şertleriniň bolan halatynda ykdysady ulgamyň deňeçerlenen ýagdaýy bolup durýar.

Haryt – adamyň diňe bir islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem ol satmak we alyş-çalyş etmek üçin öndürilýän zatdyr.

Haryt dolanyşygy – 1) Dolanyşyk ulgamynda harytlaryň önümçilikden sarp edişe geçmegi we olaryň pula çalşylmagy bilen bagly harytlaryň hereketi. 2) Bellibir döwür üçin satylan we satyn alnan harytlaryň pul görnüşinde aňladylan möçberi.

Harytlaryň, puluň aýlanyjylygy – harytlaryň we puluň öz aýlanyş ýaýrawynda bir şahsdan beýlekisine geçip, alyş-çalyş edilip, täzelenip, mydama hereketde bolmak hadysasy.

Hödürlemek kanuny – gaýry birmeňzeş şertlerde harydyň nyrhynyň ýokarlanmagy bilen onuň hödürlenişiniň artmagynyň kanuny.

Hyrydarlyk kanuny – gaýry birmeňzeş şertlerde nyrhlaryň ýokarlanmagynyň harytlara bolan hyrydarlygyň peselmegine getirýändiginiň kanuny.

Hyrydarlyk we hödürlemek – haryt önümçiliginiň bazarda, haryt alyş-çalşygy ýaýrawynda ýüze çykýan we işleýän ykdysady düşünjeler, iki sany düzüm böleginiň, ýagny hyrydarlygyň we hödürlemegiň dialektiki bitewüligi hökmünde çykyş edýärler.

Hyrydarlygyň hümmetsizlenmegi – hümmetsizlenmegiň jemi hyrydarlygyň artykmaçlygy sebäpli ýüze çykýan görnüşidir, şeýle ýagdaýda önümçilik onuň yzyndan ýetip bilmeýär, ýagny hyrydarlyk hödürlemekden ýokary gelýär.

Hümmetsizlenmek (latynça *inflatio* – çişirmek) – jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň barşynda dolanyşyk ulgamynyň pul serişdeleri bilen hojalygyň hakyky isleglerinden artyk doldurylmagynda we olaryň gymmatynyň gaçmagynda ýüze çykýan bozulmalardyr.

Import – ýurduň içerki bazaryna harytlary ýa-da maýany beýleki ýurtlardan getirmek.

Inflýasiýa – pul dolanyşygynyň akabalarynyň bildirilýän islege görä, artyk pul massasy bilen onuň hümmetsizlenmegine getirip, aşa dolmagy. Inflýasiýa

harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň ösmeginde ýüze çykýar, bu bolsa, öz gezeginde, ilatyň hakyky girdejileriniň azalmagyna getirýär.

Infrastruktura – işleýän düzümleriň hyzmat etmek bilen meşgul bolýan, ýagny önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk (şol sanda söwda, durmuş we ş.m.) pudaklaryň we kärhanalaryň jemi.

Innowasiya – ylmyň gazananlaryny we öňdebaryjy tejribäni ulanmaklyga, şeýle hem ol täzeçillikleri işiň dürli ugurlarynda we gurşawlarynda ulanmaklyga esaslanýan tehnikadaky, tehnologiýadaky, zähmeti guramakdaky we dolandyrmakdaky täzeçillikler.

Intensiw ösüş – önümçiligiň we tehnologiýanyň has öndürijilikli şertlerini peýdalanmak bilen baglydyr, ýagny serişdeleriň sarp edilýän möçberlerini artdyrmagyň hasabyna däl-de, olaryň netijeliligini ýokarlandyrmagyň hasabyna bolup geçýär. Ykdysady ösüşiň intensiw tipi önümçilik şertleriniň hil taýdan kämilleşdirilmegini, olaryň has netijeli peýdalanylmagyny, ylmyň, tehnikanyň, tehnologiýanyň gazananlarynyň ornaşdyrylmagyny, önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagyny we ş.m. aňladýar.

Işçi güýji – maddy baýlyklary öndürmek üçin adam tarapyndan peýdalanylýan fiziki we ruhy ukyplarynyň jemi. Işçi güýji – önümçiligiň bir bölimidir.

Işsizlik – hemişelik iş haky bolmadyk işe ýaramly ilatyň barlygy bilen baglanyşykly ýüze çykýan durmuş-ykdysady hadysa.

Jemi hödürlemek – jemi içerki önümiň bahalaryň her bir mümkin bolan derejesinde öndürilip bilinjek hakyky möçberiniň derejesidir.

Jemi hyrydarlyk – jemi içerki önümiň sarp edijileriň bahalaryň her bir mümkin bolan derejesinde satyn almaga razy bolýan hakyky möçberidir.

Jemi içerki önüm (JIÖ) – makroykdysady görkeziji, ol belli döwürde (aýda, çärýekde, ýylda) ýurtda ähli öndürijiler tarapyndan öndürilen ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň jemi bazar gymmatyny görkezýär.

Jemi (brutto) maýa goýumlar – bu köne enjamy çalyşmak (amortizasiýa) üçin maýa goýumlar we önümçiligi giňeltmek üçin maýa goýumlary artdyrmak bolup durýar.

Jemi milli önüm (JMÖ) – makroykdysady görkeziji, ol diňe ýurduň içinde däl, eýsem daşary ýurtlarda hem şu ýurduň raýatlarynyň eýeçiligindäki önümçilik şertleri tarapyndan döredilen ahyrky harytlaryň we hyzmatlaryň jemi bazar gymmatyny görkezýär.

Karz – karz beriji tarapyndan karz alyja yzyna gaýtarmak, köplenç hem karz alyjy tarapyndan göterim tölemek şerti bilen pul ýa-da natural görnüşde berilýän karz serişdelerdir. Karzyň şu esasy formalary tapawutlandyrylýar: gysga möhletlik; uzak möhletlik; kepillendirilen; döwlet tarapyndan berilýän; bank tarapyndan berilýän; sarp ediş; täjirçilik; halkara (daşary ýurt karzy); girewine berilýän karz.

Karz syýasaty – Merkezi bank we döwlet tarapyndan karz-pul ýaýrawynda amala aşyrylýan hem-de bellibir ykdysady we syýasy maksatlara ýetmeklige gönükdirilen çäreleriň ulgamy.

Karz ulgamy – karz gatnaşyklarynyň, karzlaşdyrmagyň görnüşleriniň we usullarynyň jemi, şonuň ýaly-da karz edaralarynyň ulgamy.

Kärende – bu hojalygy alyp barmagyň bir görnüşi bolup, kärende berijiniň özüniň bellibir emlägini kärendesine alyja şertnama boýunça töleg esasynda ýa-da başga şertler bilen bermegidir.

Kärhana – kanunçylyga laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerlemek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar boýunça jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýektine aýdylýar.

Kiçi açyk ykdysadyýet – bu uly bolmadyk ýurduň ykdysadyýetidir. Kiçi açyk ykdysadyýet nusgasy maýanyň hereket hasabyny we gündelik amallar hasabyny öz içine alýar. Onuň dünýä bazaryndaky paýy ýokary bolmaýar we göterimiň dünýä möçberine (stawka) iş ýüzünde täsir etmeýär, ol bu möçberi berlen möçber hökmünde kabul edýär, çünki ondaky tygşytlanan serişdeler we maýa goýumlar dünýädäki tygşytlanan serişdeleriň we maýa goýumlaryň ujypsyz bölegini düzýär.

Konsepsiýa – özgertmeleriň, taslamalaryň, meýilnamalaryň, maksatnamalaryň amala aşyrylmagynda işleriň strategiýasyny kesgitleýän baş maksatdyr.

Kliring – banklaryň, öndürijileriň arasyndaky nagt däl hasaplaşyklaryň ulgamy; garşylyklaýyn talaplaryň we bergileriň özara üzlüşilmegi.

Liberal ykdysadyýet – iri biznesiň bähbitleriniň ilkinji nobatda goralmagy, ykdysadyýetde döwlete degişli bölegiň ujypsyz bolmagy we hojalyk işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň baş ýörelgesi hökmünde esasy ileri tutmalaryň döwlet tarapyndan kesgitlenmegi.

Makrohyrydarlyk – haryt toparlaryna ýa-da ähli harytlara tutuşlygyna bildirilýän hyrydarlyk.

Makroykdysady deňagramlylyk – ykdysady ulgamyň deňeçerlenen ýagdaýy, tutuşlygyna ykdysady ulgamyň deňagramlylygy bolup durýar. Ol ykdysady prosesleriň deňölçegliligi bilen beýan edilýär, onuň esasynda umumy, aýratyn we ýeke-täk deňölçeglilikler ulgamynyň özara sazlaşygy ýatýar.

Makroykdysadyýet – ykdysadyýetiň milli toplumyny emele getirýän düzüm bölegi bolup, onda maddy we maddy däl önümçiligiň ähli pudaklary bir bitewi mehanizme organiki halda birigýärler. Ol bitewi ulgam hökmündäki ähli milli hojalygy gurşap alýan ykdysady hadysalary öwrenýär.

Maliýe – emele getirilişinde we hereket etmeginde, paýlanmagynda we gaýtadan paýlanmagynda, peýdalanylmagynda ulanylýan pul serişdelerini, maliýe resurslaryny, şonuň ýaly-da hojalyk subýektleriniň arasyndaky özara hasaplaşyklar, pul serişdeleriniň hereket etmegi, pul dolanyşygy, puluň peýdalanylmagy bilen şertlendirilen ykdysady gatnaşyklary aňladýan umumylaşdyryjy ykdysady adalga.

Maliýeleşdiriş – bütin ýurduň, sebitleriň, kärhanalaryň, raýatlaryň hojalyklarynyň, şonuň ýaly-da dürli ykdysady maksatnamalaryň we ykdysady işiň görnüşleriniň zerur maliýe serişdeleri bilen üpjün edilmegi.

Maliýe syýasaty – döwletiň, hökümetiň ykdysady syýasatynyň bölegi, döwletiň maliýe resurslarynyň peýdalanylmagynda, döwlet býujetiniň emele getirilmeginde we ýerine ýetirilmeginde, salgydyň düzgünleşdirilişinde, pul aýlanyşygynyň dolandyrylmagynda, milli puluň hümmetine täsir etmekde ýüze çykýan ugur.

Maliýe ulgamy – döwletiň maliýe işini we maliýe gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunlarynyň, düzgünleriniň, kadalarynyň jemi (pul ulgamy, maliýe edaralarynyň ulgamy).

Marketing – önümleri öndürmegi we ýerlemegi guramagyň toplumlaýyn ulgamy bolup, ol anyk sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyrmaga hem-de bazary öwrenmek we çaklamak esasynda peýda almaga gönükdirilendir.

Maksatnama – ulgamy özgertmek üçin anyk meseleleri we olary çözmegiň ýollaryny kesgitleýän özara baglanyşykly işleriň jemi.

Maýa – banka onuň eýeleri tarapyndan geçirilen serişdeler bolup, olar, esasan, paýdarçylyk maýasyndan, ätiýaçlyklardan we paýlanmadyk peýdadan ybarat bolup durýar.

Maýa goýumlary – harytlaryň öndürilişini ösdürmek, peýda, göterim ýa-da durmuşy netijeleri gazanmak maksady bilen maýanyň (pul serişdeleriniň) haýsy-da bolsa bir kärhana ýa-da işe (ýurduň içindäki ýa-da onuň çäklerinden daşarky) uzak möhletleýin goýumlar.

Maýanyň aňrybaş netijeliligi – bu ykdysady çaklaýyş kategoriýasydyr, sebäbi hasaplamalaryň esasynda maýa goýum taslamalarynyň hakyky girdejililigi däl-de, üstünden garaşylýan girdejililigi alynýar.

Menejment – 1) Önümçiligi we işgärleri dolandyryş ylmynyň gazananlaryny peýdalanmak bilen dolandyrmaklygyň ýörelgeleriniň, görnüşleriniň, tärleriniň we serişdeleriniň köplügi. Menejmentiň esasy maksady kärhananyň, guramanyň, edaranyň işiniň ýokary netijeliligini, serişde mümkinçiliklerini gowy peýdalanylmagyny gazanmakdyr; 2) Kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçylygy.

Mesele – bolmaly ýagdaý bilen bolan ýagdaýyň arasyndaky üzňelik.

Mikrohyrydarlyk – anyklaşdyrylan haryt sanawyna bildirilýän hyrydarlyk.

Mikroykdysadyýet – ykdysadyýet ylmynyň has aşak derejelerdäki ykdysady hadysalary, subýektleri, esasan hem kärhanalary, telekeçileri, olaryň hojalyk işini we olaryň aralaryndaky ykdysady gatnaşyklary öwrenmek bilen meşgullanýan bölegidir.

Milli baýlyk (MB) – bellibir senedäki ýagdaýa görä, jemgyýetiň ygtyýarynda bar bolan we geçen döwrüň içinde adamlaryň zähmeti bilen döredilen maddy we maddy däl önümleriň jemi.

Milli girdeji (MG) – şu ýurduň ilatynyň bellibir döwürdäki (adatça bir ýyldaky) ähli jemi girdejileriniň makroykdysady görkezijisidir.

Milli hojalyk – zähmetiň hem-de önümçilik pudaklarynyň jemi. Milli hojalyk baradaky düşünje haryt önümçiligi baradaky düşünjeden giňdir. Muňa diňe jemgyýetçilik önümini emele getirýän pudaklar – senagat, oba hojalygy, gurluşyk we beýlekiler degişlidir.

Milli pul – daşary ykdysady aragatnaşyklar we beýleki ýurtlar bilen halkara hasaplaşyklary nukdaýnazaryndan seredilende ýurduň öz pul birligi.

Milli pul ulgamy – pul çykarmagyň we pul dolanyşygyny guramagyň ýurtda taryhy taýdan emele gelen hem-de hukuk kadalary arkaly berkidilen usullary we görnüşleri.

Modernizirlemek, kämilleşdirmek – obýektiň kämilleşdirilmegi, gowulandyrylmagy, täzelenmegi, onuň täze talaplara we kadalara, tehniki şertlere, hil görkezijilerine laýyk getirilmegi.

Monitoring – ykdysady obýektlere bolan üznüksiz gözegçilik, dolandyryş düzümi hökmünde olaryň işiniň seljermesi.

Motiwasiýa – özüňi we beýleki işgärleri, guramanyň indiwidual we umumy maksatlaryna ýetmeklige gönükdirilen işe höweslendirmek.

Multiplikator (latynça *multiplico* – köpeldýän, artdyrýan diýmek, iňlisçe *multiplier*) – bu milli girdejiniň maýa goýumlaryň üýtgemegine baglylygyny görkezýän koeffisiýent ýa-da köpeldijidir.

Multiplikator modelini maýa goýumlaryň ýurduň milli girdejisiniň üýtgemegine edýän täsiriniň kesgitlemesi hökmünde häsiýetlendirip bolar. Bu nusga maýa goýumlarynyň netijeliligini görkezýär we ykdysadyýetdäki hakyky baglanyşyklary häsiýetlendirmek üçin peýdalanylyp bilner.

Nazaryýet – 1) Pikirlenmeleriň, jemgyýetiň, tebigatyň kanunalaýyklyklaryny görkezýän we amaly tejribäni umumylaşdyrýan pikirleriň, ylmy ýörelgeleriň düzümi. 2) Ylmy ýa-da islendik ylmyň bölegini emele getirýän umumylaşdyrylan ýagdaýlaryň jemi, şeýle-de haýsy hem bolsa bir hünär ugrunda kadalaryň jemi. 3) Biriniň islendik bir zat boýunça dörän pikiri, garaýşy, nazary.

Netijelilik – bankyň girdejileriniň we gazanan peýdasynyň ösüş depginleriniň amallar boýunça çykdajylarynyň ösüş depginlerinden agdyk gelmegi.

Nominal – gymmatly kagyzyň onuň blankasynda (sertifikatda) bellenilen hümmeti.

Nyrh – harydyň gymmatynyň pul görnüşindäki aňlatmasy. Binýatlaýyn, dünýä derejesindäki, lomaý, bölek satuw we beýleki nyrhlar tapawutlandyrylýar.

Nyrhyň emele gelşi – harytlara we hyzmatlara nyrhyň döreýiş, emele geliş hadysasy, ol, ozaly bilen, tutuşlygyna nyrhlary bellemegiň ähli harytlara degişli usullary, tärleri bilen häsiýetlendirilýär.

Nyrhlaryň erkine goýberilmegi – bellenilýän döwlet nyrhlaryndan (döwlet nyrh emele getirilişinden) erkin bazar nyrhlaryna (bazar nyrh emele gelşine) geçilmegi.

Nusga – beýan edilýän hadysanyň esasy aýratynlyklaryny görkezýän, abstragirlemek we ideallaşdyrmak düzgünlerini ulanmagy çaklaýan abstrakt görnüş.

Obligasiýa – eýesine kesgitli (aýratyn ýagdaýlardan başga halatlarda) göterimi almaga hukuk berýän hem-de şertleşilen möhletiň dowamynda üzülmäge degişli gymmatly karz kagyzy. Obligasiýalar döwlete degişli jemgyýetçilik ýa-da hususy edara ýa-da kärhana tarapyndan goýberilýär.

Öndürişiň bahasy – harydyň nyrhynyň önümçilik harajatlarynyň we öndürijiniň peýdasynyň jemine deň bolup, önümçilik harajatlary bilen şertlendirilen aýlanyşyk harajatlaryny öz içine almaýan bölegi.

Öndüriji güýçler – jemgyýet tarapyndan döredilen önümçilik serişdeleri, zähmet gurallary, şeýle hem maddy baýlyklary öndürijiler.

Örän gowy deňagramlylyk – bu kämil bäsdeşlikde we töwerekden täsirleriň bolmadyk halatynda ykdysady ulgamyň deňeçerlenen ýagdaýydyr.

Önüm – bellibir wagt aralygynda haýsy hem bolsa bir kärhana, haýsydyr bir senagat pudagy ýa-da ähli halk tarapyndan öndürilýän önümleriň jemi.

Önümçilik – jemgyýetiň ýaşamagy hem-de ösmegi üçin zerur bolan maddy baýlyklar.

Önümçilik serişdesi – maddy baýlyklary öndürmekde adamlar tarapyndan ulanylýan zähmet serişdeleriniň we zähmet gurallarynyň jemi.

Önümiň nyrhy – önümiň gymmatynyň pul görnüşi.

Önümiň hili – jemgyýetiň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen bellenen tehniki şertlere mynasyp önümleriň häsiýetleriniň jemi. Önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy her bir kärhananyň möhüm wezipeleriniň biridir.

Ölçeg (kriteriý) (grekçe «*kriterion*» – oýlanma serişdesi) – haýsy hem bolsa bir zadyň bahasyny, kesgitlemesini ýa-da klassifikasiýasyny taýýarlamaga esas bolýan alamatdyr; oýlanmalaryň, bahalandyrmalaryň ölçegi.

Öý hojalyklary – özleriniň sarp etmegi üçin, şeýle hem bazarda ýerlemek üçin önümleri öndürýän eýeçiligiň ownuk kärhanalarydyr.

Passiw – 1) kärhananyň bergileriniň we borçnamalarynyň köplügi (aktiwiň tersine); 2) buhgalterçilik balansyň şol kärhananyň serişdeleriniň emele gelşiniň onuň maliýeleşdirilişini degişliligi we niýetlenişi (öz atiýaçlyklary, beýleki edaralaryň beren karz serişdeleri) boýunça toparlanan çeşmelerini aňladýan bir bölegi (adatça sag bölegi); 3) çykdajylaryň gelip düşen pul serişdelerinden artyk bolmagy.

Paýnama – paýdarlar jemgyýetiniň maýasyna paý goşulandygyna şaýatlyk edýän, jemgyýetiň peýdasyndan paýnama hakyny (her ýyldaky girdejini) almaga hukuk berýän gymmatly kagyz.

Paýnamalaryň hümmeti – 1) Paýnamanyň bazar, birža bahasy; 2) Paýnamanyň bazar bahasynyň we onuň nominal, narisatel bahasyna gatnaşygy.

Peýda – goşmaça gymmatyň görnüşi. Peýda harytlary ýerlemekden alnan girdejiniň we şol harydy ýerlemekdäki harajatlaryň arasyndaky tapawut hökmünde çykyş edýär.

Peýdalylyk nazaryýeti – ykdysadyýet ylmynda XIX-XX asyrlardaky Awstriýa mekdebiniň wekilleri tarapyndan ösdürilen, önümleriň sarp edilmegi netijesinde adam tarapyndan alynýan lezzet, kanagatlanma hökmünde kabul edilýän «peýdalylyk» diýen binýatlaýyn obýektiw düşünjä esaslanýan nazaryýet ugry. Peýdalylyk nazaýýetiniň esasy ýörelgesine laýyklykda önümiň bir goşulan birliginden alynýan peýdalylygyň artyşy üznüksiz pese gaçýar.

Pul – ählumumy ekwiwalentiň hyzmatyny ýerine ýetirýän, haryt ekwiwalentliginiň we ähli harytlaryň massasynyň alyş-çalşygynda ýüze çykýan tapawutly haryt.

Pul dolanyşygy – puluň dolanyşyk ýaýrawynda dynuwsyz hereket etmegi, onuň dolanyşyk we töleg serişdeleri hökmünde işlemegi.

Pul dolanyşygynyň kanuny – pul dolanyşygynyň umumy kanuny, puluň dolanyşyk üçin zerur mukdarynyň haryt we pul dolanyşyklary bar bolan hemme önümçilik usullary mahalynda hem-de islendik pul ulgamy mahalynda hereket edýän kanuny.

Pul birligi – ähli harytlaryň nyrhlaryny bellemek we olary aňlatmak üçin hyzmat edýän kanunçylyk tertibinde bellenen pul nyşany.

Pul-karz syýasaty – pul dolanyşygy we karz babatynda ykdysadyýetiň durnukly, netijeli işlemeginiň üpjün edilmegine, pul ulgamynyň bolmalysy ýaly ýagdaýda saklanmagyna gönükdirilip, ýurduň hökümeti tarapyndan ýöredilýän ugur we amala aşyrylýan çäreler.

Pul reformasy – pul dolanyşygynyň bozulmalary bilen baglylykda we milli puly pugtalandyrmak, pul birligini durnuklylaşdyrmak maksady bilen, ýurduň pul ulgamynyň döwlet tarapyndan çuňňur özgerdilmegi.

Pul serişdeleri – döwletiň, kärhanalaryň, ilatyň nagt we nagt däl görnüşlerde toplanan pullary hem-de ýeňillik bilen pula öwrülýän beýleki serişdeleri.

Pul ulgamy – ýurtda kanunçylyk tertibinde bellenen pul nyşanlary, pul birlikleri, puluň emissiýasynyň düzgünleri we dolanyşygynyň görnüşleri, pul gatnaşyklary.

Renta – 1) Telekeçilik işi bilen baglanyşygy bolmadyk kapitaldan, ýerden ýa-da emläkden birsyhly alynýan girdeji; 2) Obligasiýalary saklaýan hemişelik girdeji getirýän möhletsiz döwlet zaýomy.

Resurslar – (baýlyklar, çeşmeler, serişdeler) haýsydyr bir zadyň ätiýaçlyklylary, çeşmeleri.

Saldo – 1) Buhgalteriýa hasabynyň hasaplarynyň debeti we krediti boýunça ýazgylaryň jeminiň arasyndaky galyndy, tapawut; 2) Bir döwlete beýleki bir döwletden hasaplaşygyň ähli görnüşi boýunça pul gelmegi we tölegi babatdaky tapawudy.

Salgytlar – döwlet tarapyndan kanun bilen kesgitlenilen tertipde ýuridiki we fiziki şahslardan alynýan hökmany tölegler.

Salgyt mehanizmi – bu salgyt salnyşyny dolandyrmak boýunça ulanylýan guramaçylyk-hukuk kadalarynyň we usullarynyň jemidir.

Salgyt syýasaty – bu salgytlar boýunça döwletiň geçirýän çäreleriniň jemidir. Salgyt syýasaty şu aşakdaky meseleleri, ýagny üznüksiz önümçiligi ösdürmäge, ykdysadyýetiň ösüşine işjeň täsir etmäge, ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna gönükdirilendir.

Salgyt ulgamy – döwlet býujetine we ýerli býujetlere salgytlary we ýygymlary döwletiň maliýe resurslaryny jemlemegiň olara mahsus bolan görnüşlerde we usullarda guralmagy bilen meşgullanýan edaralarynyň köplügidir.

Senagat – çig maly ýa-da ýer astyndan gazylyp alynýan baýlyklary täzeden işleýän milli hojalygyň, kärhananyň pudagy.

Söwda – zähmet önümleriniň satyn alnyşyndaky (dolanyşygyndaky) hem-de alyş-çalyş haryt dolanyşygyna hyzmat edýän hojalygyň pudagy.

Şahsy girdeji (ŞG) – MG-den ilatyň ätiýaçlandyryş durmuş ulgamyna goşandy, korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgytlar we paýlanmadyk peýda aýrylandan soň, ýöne transfert töleglerini goşmak bilen, ilat tarapyndan hakyky alynýan girdejileriň pul möçberidir. ŞG gazanylan girdeji däl-de, alnan girdeji bolup durýar, çünki oňa transfert tölegleri goşulýar.

Şertler – ykdysady prosese we bu prosesiň netijesine täsir edýän sebäpler, parametrler, görkezijiler.

Tehnologiýa – jemgyýetçilik önümçiliginiň bellibir pudagyň iş prosesini we önümçiligi ylmy taýdan teswirlemek (beýan etmek).

Telekeçi – bazar ykdysadyýetiniň täze harytlary döretmek we peýda gazanmak maksady bilen serişdeleriň we önümçilik şertleriniň täze kombinasiýalaryny amala aşyrmak üçin ähli zerur sypatlara eýe bolan, nämälimlik we töwekgelçilik şertlerinde işleýän hem-de özbaşdak çözgütleriň kabul edilmegine jogäpkärçiligi boýnuna alan işjeň subýekti.

Uly açyk ykdysadyýet – bu uly ýurduň (ABŞ, Ýaponiýa, Hytaý, Germaniýa we beýlekiler) ykdysadyýeti bolup, ol halkara söwdasyna hem, dünýäniň maliýe bazarlaryna hem düýpli täsir edýär. Uly ýurtlar dünýädäki tygşytlanan serişdeleriň we maýa goýumlaryň agramly bölegine eýelik edýärler, şonuň üçin hem olar göterimiň dünýä möçberine (stawka) täsir edýärler.

Umumy önüm – (pul görkezijisinde) önümiň umumy möçberi bolup (bellibir döwürde) kärhanalarda, milli hojalygyň pudaklarynda hasaplanmadyk ýitgileri we çykdajylary bolan önümiň goýberilen umumy möçberi.

Umumy ykdysady deňagramlylyk – bu tutuş ykdysady ulgamyň deňagramlylygydyr. Ol ykdysady ulgamyň özboluşly iň amatly gurluşy bolup durýar, ol bolsa umumy, aýratyn we ýeke-täk deňölçeglilikleriň özara sazlaşykly ulgamyny aňladýar. Ýöne şu iň amatly deňölçegliligiň ýokary maksadynyň özüniň üýtgemegi netijesinde hiç wagt amala aşyrylmaýar.

Umumy zähmet bölünişigi – muňa bütin jemgyýetçilik önümçiliginiň derejesinde emele gelýän şäher bilen obanyň, maddy we maddy däl önümçiligiň önümçilik serişdeleriniň arasyndaky zähmet bölünişikleri degişlidir.

Usul – usuly anyklaşdyrma, ony gözükdiriji, barlygyň usulynyň anyk beýanyna ýetirmek. Köplenç «hasaplaşygyň usuly», «baha bermegiň usuly» ulanylýar.

Usulyýet – usullaryň gurluş ýörelgeleri, olaryň ylmy umumylaşdyrylmasy, meselem, «dolandyryş usulyýeti», «hasabyň usulyýeti».

Walýuta – 1) Haýsydyr bir döwletiň ýurduň öz içinde peýdalanylýan pul birligi (milli walýuta); 2) Halkara hasaplaşyklarynda peýdalanylýan daşary döwletleriň pul birlikleri, wekseller, çekler, banknotlar görnüşindäki karz we töleg resminamalary, ýagny daşary ýurt walýutasy.

Walýuta bazary – daşary ýurt walýutasynyň hyrydarlyk we hödürlemek esasynda aluw-satuwynyň geçirilýän ýaýrawy. Biržalaýyn we biržadan daşary (banklar arasyndaky) walýuta bazarlaryna bölünýär. Iň iri dünýä walýuta bazarlary ABŞ-da, Angliýada, Germaniýada, Fransiýada, Şweýsariýada, Ýaponiýada, Singapurda ýerleşýär.

Walýuta düzgünleşdirilişi – walýutanyň aýlanyşygyny dolandyrmak, walýuta amallaryna gözegçilik etmek, milli puluň walýuta hümmetine täsir etmek, daşary ýurt walýutasynyň peýdalanylyşyny çäklendirmek boýunça döwlet edaralarynyň işi.

Walýuta syýasaty – walýuta, walýuta hümmetine, walýuta amallaryna täsir etmek arkaly ýurduň içinde we daşynda döwletiň alyp barýan ugruny beýan edýän, onuň ykdysady we daşary ykdysady syýasatlarynyň bir bölegi. Walýuta syýasatynyň esasy gurallary walýuta interwensiýasy, walýuta çäklendirmeleri, walýuta ätiýaçlyklary, walýuta subsidiýalaşdyrmasy, walýuta deňeçerlikleri bolup durýar.

Walýuta ulgamy – walýutalaryň, olary peýdalanmagyň we özara alyş-çalyş etmegiň, töleg serişdesi hökmünde ulanmagyň düzgünleriniň we kadalarynyň, şonuň ýaly-da walýutanyň ulanylmagy bilen baglanyşykly pul-karz gatnaşyklarynyň jemi. Walýuta ulgamyna walýutanyň goýberilişini we dolanyşygyny düzgünleşdirýän edaralar hem degişli.

Ykdysadyýet – jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ösüş derejesine laýyk gelýän önümçilik gatnaşygynyň jemi.

Ykdysadyýetiň düzümi köpugurly düşünje bolup, oňa hojalyk ulgamynyň dürli düzüm bölekleriniň mynasybetini görkezýän dürli nukdaýnazarlardan garamak mümkin. Adatça durmuş, pudaklaýyn, üznüksiz önümçilik we sebitleýin düzümler bölünip çykarylýar.

Ygtyýardaky şahsy girdeji (YŞG) – öý hojalyklary tarapyndan gönüden-göni sarp etmek üçin peýdalanylyp bilinjek girdeji.

Ykdysady kadalaşdyryjylar – önümçilik döwründe bölmek, sarp etmek, toplamak maksady bilen ulanylýan, dürli elementleriň mukdar we hil derejelerini kesgitleýän, ylmy taýdan esaslandyrylan hasaplaşyk ulgamlary.

Ykdysady ösüş – ykdysadyýetiň bellibir döwürde durnukly ösüşine, ýagny, uzak ýa-da gysga möhletli aralyklarda deňagramlylyk ýagdaýyny bozmazdan, milli girdejiniň we jemi milli önümiň öňegidişlikli ýokarlanmagy.

Ykdysady aýlaw nazaryýeti ykdysady işjeňligiň üýtgäp durmalarynyň wagta görä depginini, olaryň sebäplerini, ýüze çykmagynyň we ösüşiniň mehanizmlerini öwrenýär.

Ykdysady usullar – bu bazar gatnaşyklarynyň talaplaryny ykdysady ölçegler, gymmatlyklar, serişdeler arkaly dolandyryşda ulanmak.

Ykdysady syýasat – döwlet tarapyndan geçirilýän hereketleriň baş ugry, ykdysadyýeti dolandyrmak ugrundaky çäreleriň düzümi, ýurduň maksatlary, meseleleri, bähbitleri boýunça ykdysady proseslere bellibir ugur bermek. Ol düzümleýin, inwestisiýa, maliýe-karz, durmuş, daşary ykdysady, ylmy-tehniki, salgyt, býujet syýasatlaryny öz içine alýar.

Ykdysady düzüm – ykdysady önümiň önümçilik, paýlama, sarp ediş we alyş-çalyş prosesinde ýüze çykýan esasy ykdysady gatnaşyklaryň mazmunyny we görnüşini kesgitleýän, taryhy dörän ýa-da bellenilen, ýurtda hereket edýän kanun bilen berkidilen kadalaryň, ýörelgeleriň jemi.

Ylym – tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşindäki kanunalaýyklyklar hakyndaky bilimleriň ulgamy.

Ylmy-tehniki ösüş – önümçiligiň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak, adamlaryň isleglerini has oňat kanagatlandyrmak maksady bilen hojalykda, önümçilikde ylmyň we tehnikanyň öňdebaryjy gazananlarynyň ulanylmagy. Häzirki zaman ykdysady nazaryýetde ykdysadyýetde we tehnikada ulanylýan ylmyň gazananlaryny, köplenç, innowasiyalar diýip atlandyrýarlar.

Ylmy-tehniki syýasat – ylmyň, tehnikanyň, zähmetiň, önümçiligiň ösmegi üçin esasy ugurlary kesgitlemäge gönükdirilen döwlet syýasaty, nazary pikirleriň jemi, amaly çäreleri durmuşa ornaşdyrmagyň ýollary.

Zähmet – munuň özi adamyň maksadalaýyk işidir, başgaça aýdylanda, zähmet işçi güýjüniň sarp edilmegidir. Zähmetiň netijesinde adam özüniň işi arkaly tebigatyň zatlaryny üýtgedýär we olary öz islegini kanagatlandyrmak üçin uýgunlaşdyrýar. Zähmete bolan ukyplylyk, zähmet çekmek diňe adama mahsusdyr.

Zähmet bazary – bazar ykdysadyýetiniň ykdysady infrastrukturasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Zähmet bazarynda işçi güýjüniň satyn alynmagy we satylmagy oňa bolan islege görä amala aşyrylýar.

Zähmet haky – edilen işe pul görnüşinde berilýän töleg, işçi güýjüniň pul görnüşindäki gymmaty.

Zähmet öndürijiligi – jemgyýetçilik zähmetiň önümçilikdäki netijeliligi, iş wagtynyň birligi we işgär tarapyndan öndürilýän önümiň mukdary arkaly aňladylýar.

Zähmet predmeti – zatlar we olaryň toplumy bolup, adam bolsa bulara önümçilige maddy eşretleri öndürmek maksady bilen zähmet gurallary arkaly täsir edýär. Zerur önüm öndürmek maksady bilen adamlaryň gurşap alan tebigatdan alýan zatlarynyň ählisi tebigatdan alynýan zähmet guralydyr.

Zähmet serişdeleri – ýurtdaky ilatyň ykdysadyýetde işlemek üçin zerur bolan fiziki we akyl ukyplary, bellibir derejedäki bilimi we hünäri bar bolan zähmete ukyply ýaşdaky bölegi. Zähmet serişdeleriniň sany harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin şol pursatda jemgyýetiň garamagynda bar bolan häzirki zähmetiň iň ýokary möçberini häsiýetlendirýär.

Zähmetiň jemgyýetçilik bölünişigi – jemgyýetde zähmetiň dürli görnüşleriniň aýrybaşgalaşmagy, halk hojalygynyň senagat, oba hojalygy we beýleki pudaklara bölünmegi. Zähmetiň jemgyýetçilik bölünişiginiň ösüşi öndüriji güýçleriň bellibir basgançagyny häsiýetlendirýär.

Zähmetiň ylmy taýdan guralyşy – maddy we zähmet baýlyklaryny netijeli peýdalanmak hem-de öndürijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýän tehniki guramaçylyk, ykdysady we arassaçylyk – sagaldyş çäreleriniň toplumy.

Peýdalanylan edebiýatlar

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, I-IX tomlar. Aşgabat, 2008-2016.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

8. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016.

9. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2013-nji ýylyň 15-nji maýy.

10. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

11. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

12. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy». – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

13. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2011.

14. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» milli Maksatnamasy. – Aşgabat, 2003.

15. Türkmenistanda ylmy ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2012.

16. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Üwdiýew T.O.* Bazar ykdysadyýetiniň esaslary: pul, nyrh, hyrydarlyk, hödürleme. Ylmy-önümçilik gollanma. – A.: Ylym, 2009.

17. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Meläýewa M.B.* Türkmenistanda ylmyň we innowasiýanyň ösüşi. Ylmy-amaly gollanma. Ylym, 2012.

18. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Meläýewa M.B.* Halkara ykdysady hyzmatdaşlyk. Ylmy-önümçilik gollanma. – A.: Ylym, 2012.

19. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Meläýewa M.B.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Ylym, 2015.

20. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2005. Aşgabat, 2006.

21. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2008. Aşgabat, 2009.

22. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri: 2010. Aşgabat, 2011.

23. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri: 2014. Aşgabat, 2015.

24. *Агапова Т.А., Серегина С.Ф.* Макроэкономика: Учебник. – 3-е изд.// Под общей ред. проф. А.В.Сидоровича. – М.: «Дело и Сервис», 2000.

25. *Ивашковский С.Н.* Макроэкономика: Учебник. – 2-е изд., – М.: Дело, 2002.

26. Курс экономической теории. Учебное пособие // Под общей ред. проф. Чепурина М.Н., проф. Киселевой Е.А. – Киров: Изд-во «АСА», 1996.

27. *Луссе А.В.* Макроэкономика: краткий курс /Учебное пособие. – СПб: Питер, 2001.

28. *Макконнелл К., Брю С.* Экономикс: принципы, проблемы и политика. В 2-Т. Пер. с англ. – М.: Республика, 1992.

Mazmuny

Sözbaşy 7
I. Makroykdysadyýete giriş
§1. Makroykdysadyýet ylmynyň predmeti 9
§2. Makroykdysadyýet we mikroykdysadyýet 11
§3. Makroykdysadyýet ylmynyň usullary.. 13
§4. Bazar ykdysadyýetiniň modelleri 16
II. Makroykdysady özara baglanyşyklar ulgamy
§1. Esasy makroykdysady görkezijiler 19
§2. Makroykdysady deňagramlylygyň umumy şertleri 22
§3. Milli hasaplar ulgamy 26
III. Milli ykdysadyýet we onuň görkezijileri
§1. Milli ykdysadyýet we onuň ösüşi 28
§2.Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi.. 34
§3. Ykdysadyýetiň milli toplumyny ösdürmek 36
§4. Makroykdysady gőrkezijiler 42
IV. Pul we puluň dolanyşygy
§1. Puluň mazmuny, wezipeleri we görnüşleri 47
§2. Puluň ölçegleri 50
§3. Pul dolanyşygynyň kanuny 53
§4. Denominasiýa we onuň durmuş-ykdysady netijeleri 56
V. Nyrh we nyrhlaryň ulgamy
§1. Nyrh we nyrhyň emele gelşi 61
§2. Gymmat kanuny we nyrh... 65
§3. Bazar nyrhlarynyň ulgamy... 68
§4. Nyrhlaryň görnüşleri... 70
VI. Hyrydarlyk we hödürlemek
§1. Hyrydarlygyň we hödürlemegiň nazaryýeti: düşünjeler we kanunlar 73
§2. Hyrydarlygyň we hödürlemegiň üýtgemegi 76
§3. Hyrydarlyk, hödürlemek we bazar nyrhlary 78
§4. Hyrydarlygyň we hödürlemegiň seljermesiniň ulanylyşy 79
VII. Açyk ykdysadyýetde makroykdysady deňagramlylyk
§1. Makroykdysady deňagramlylyk: düşünje, görnüşler, şert 83
§2. Açyk ykdysadyýetde çykdajylar multiplikatory 85
§3. Açyk ykdysadyýet. Mandella-Flemingiň modeli... 87
VIII. Makroykdysady deňagramlylyk modelleri
§1. Umumy ykdysady deňagramlylyk... 92
§2. Makroykdysady deňagramlylygyň nusgawy modeli 93
§3. Makroykdysady deňagramlylygyň Keýnsian modeli 96
§4. Makroykdysady deňagramlylygyň sintezlenen modeli 100
IX. Makroykdysady deňagramsyzlyk
§1. Ykdysady aýlaw barada düşünje... 103
§2. Ykdysady aýlaw: tapgyrlary we olaryň häsiýetnamalary 105
§3. Samuelson-Hiksiň ykdysady aýlaw modeli.. 108

§4. Kaldoryň ykdysady aýlaw modeli 109
X. Ykdysady ösüş we onuň modelleri
§1. Ykdysady ösüş barada düşünje 112
§2. Ykdysady ösüşiň şertleri 114
§3. Solouwuň ykdysady ösüş modeli 116
§4. Domaryň ykdysady ösüş modeli 119
XI. Maýa goýumlary we maýa goýum hyrydarlygynyň konsepsiýasy
§1. Maýa goýumlary: düşünje, görnüşler, şertler 121
§2. Modeller: multiplikator modeli we akselerator modeli 122
§3. Maýa goýum hyrydarlygynyň täze nusgawy konsepsiýasy 125
§4. Maýa goýum hyrydarlygynyň Keýnsian konsepsiýasy 126
§5. Maýa goýumlaryň mümkinçiligini ulanmak meselesi 128
XII. Zähmet bazary, iş bilen üpjünçilik we işsizlik
§1. Zähmet bazary we adam maýasynyň emele getirilişi 135
§2. Zähmet serişdeleri we ilatyň iş bilen üpjünçiligi 137
§3. Işsizlik, onuň görnüşleri we görkezijileri 138
§4. Işçi güýji, zähmet we onuň öndürijiligi 140
§5. Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy 141
XIII. Hümmetsizlenmek we hümmetsizlenmäge garşy syýasat
§1. Hümmetsizlenmegiň düýp manysy we esasy görnüşleri 143
§2. Hümmetsizlenmegiň durmuş-ykdysady netijeleri 145
§3. Hümmetsizlenmäge garşy syýasat 148
XIV. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşy
§1. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda döwletiň wezipesi 152
§2. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri we görnüşleri 153
§3. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň usullary 155
§4. Döwletiň esasy ileri tutýan maksatlary 158
XV. Maliýe ulgamy we salgyt-býujet syýasaty 160
§1. Maliýe ulgamy we onuň wezipeleri 160
§2. Salgytlar we salgyt salmagyň ýörelgeleri 162
§3. Döwlet býujeti we onuň wezipeleri 164
§4. Döwlet býujeti we onuň ýagdaýlary 166
XVI. Pul-karz ulgamy we pul-karz syýasaty
§1. Pul-karz ulgamy we onuň wezipeleri 168
§2. Karz-bank ulgamy 170
§3. Banklar we olaryň ýerine ýetirýän amallary 172
§4. Pul-karz syýasatynyň gurallary 173
XVII. Döwletiň durmuş syýasaty
§1. Durmuş syýasatynyň maksatlary we esasy ugurlary 176
§2. Ilatyň nominal we real girdejileri 177
§3. Girdejileri paýlamagyň ýörelgeleri 179
§4. Girdejileriň deňsizlik meseleleri we onuň kadalaşdyrylyşy 180
Sözlük 182
Peýdalanylan edebiýatlar 196

Berdi Garajaýewiç Pürliýew, Ejegyz Garajaýewna Rahmanowa,
Maral Berdiýewna Meläýewa

MAKROYKDYSADYÝET

Orta hünär okuw mekdepleri üçin
okuw gollanmasy

Redaktor	*A. Kiçiýew*
Surat redaktory	*G. Orazmyradow*
Teh.redaktor	*O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi	*G. Orazowa*
Neşir üçin jogapkär	*B. Öserow*

Çap etmäge rugsat edildi 29.03.2017. Ölçegi $60x90^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 12,5. Şertli reňkli ottiski 58,25.
Hasap-neşir listi 12,87. Çap listi 12,5. Sargyt № 2612. Sany 830.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.